**T. Goçyýew**

# TÜRKMEN HALKYNYŇ AHLAK KADALARYNYŇ ULGAMY

*Ylmy-köpçülikleýin neşir*

Aşgabat
Ylym
2018

UOK 17
G 50

**Goçyýew T.**
G 50 **Türkmen halkynyň ahlak kadalarynyň ulgamy.** *Ylmy-köpçülikleýin neşir*. – A.: Ylym, 2018. – 264 sah.

Türkmen halkynyň ahlak kadalarynyň ýygyndysynda ýüzýyllyklaryň dowamynda halkymyz tarapyndan birsyhly kämilleşdirilip, şu günlere çenli ýetirilen milli aýratynlyklarymyza esaslanýan ahlak gymmatlyklarymyz döwrebaplaşdyrylyp, ilkinji ýola ulgamlaşdyrylyp, aýratyn baplarda ýazmaça görnüşde gysgaça düşündirişleri bilen beýan edildi. Her bir kadanyň düşündirişinde diýen ýaly onda getirilýän durmuş pursatlaryny okyjylara doly we hemmetaraplaýyn açyp görkezmek üçin türkmen halkynyň nakyllary, atalar sözi, gadymy rowaýatlar, nusgawy şahyrlarymyzyň pähim-paýhasa ýugrulan ajaýyp pikirleri hem-de taryhy-edebi çeşmelerden maglumatlar tassyklaýjy serişdeler hökmünde giňişleýin ulanyldy. Şeýle hem okyjylara ahlak kadalaryny özleşdirmekde ýeňillikleri döretmek üçin ýörite çyzgylar taýýarlanyldy we testler düzüldi. Ahlak kadalarynyň ulgamlaşdyrylmagynyň baş maksady ahlak milli myrasymyzy halka ýaýmak, onuň durmuşda giňden peýdalanylmagyny we wagyz edilmegini gazanmak, netijede, halkyň döwrebap kämil ahlak mentalitetini kemala getirmek bolup durýar. Şu jähtden hem ol giň okyjylar köpçüligi üçin niýetlenilendir.

TDKP №222, 2018 KBK 87. 717. 7

© Goçyýew T., 2018
© “Ylym” neşirýaty, 2018



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Adam ata How enäniň kowumlarynyň zemine ýaýrap başlamagy we örüsiniň giňemegi netijesinde, olaryň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklar, esasan, ahlak kadalary bilen düzgünleşdirilipdir. Bu meselede adatyň we diniň kadalaryna hem aýratyn orun berlipdir we olar jemgyýetde ahlak kadalary bilen utgaşykly hereket edipdirler. Has soňkurak döwürlerde döwletiň döremegi bilen jemgyýetçilik gatnaşyklary hukugyň kadalary bilen hem düzgünleşdirilip ugraýar.

Ata-babalarymyz ir döwürlerde ynsan gatnaşyklarynda hem-de şahsy durmuşynda adamlaryň özlerini nähili alyp barmalydygyny ýa-da barmaly däldigini kesgitleýän ahlak kadalaryny işläp düzüpdirler. Bu kadalar jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde uzak ýyllaryň, asyrlaryň dowamynda gaýtalanyp durany üçin adamlaryň endigine geçipdir, ahyrynda hem olaryň däbine öwrülipdir, wagt geçdigiçe-de sünnälenipdir we biziň günlerimize çenli adaty berjaý ediläýmeli dessurlar hökmünde ýetirilipdir. Şeýlelikde, adamlaryň edim-gylymlary, ýagny anyk hereketleri ýa-da olary amal etmekden saklanmaklary halkyň kada derejesine ýetirilen däp-dessurlaryna, urp-adatlaryna, dinine esaslanypdyr we häzirki günlerde hem milli aýratynlyk hökmünde ykrar edilýär. Danalarymyzyň dürdäne akyl-paýhasy siňen ahlak kadalarynyň şu döwürde sagdyn türkmen jemgyýetini kemala getirmekde örän wajyp ähmiýeti bardyr.

**Ahlak -** şahsyýetiň jemgyýetde özüni nähili alyp barmalydygyny ýa-da barmaly däldigini kesgitleýän köpçülik tarapyndan umumylykda ykrar edilen jemgyýetçilik garaýyşlarydyr. Şundan ugur alyp, ahlak kadalarynyň näme aňladýandygyny kesgitläp bolýar.

**Ahlak kadalary** diýip, esasan, ýagşa-ýamana, harama-halala, adalata we adalatsyzlyga baha bermek netijesinde ynsan gatnaşykla-

rynda ýüze çykýan köpugurly durmuş pursatlarynda, şeýle hem şahsy meselelerde şahsyýetiň özüni nähili alyp barmalydygyny kesgitleýän, özi-de jemgyýetçilik köpçüligi tarapyndan goldanylýan we ýazylmadyk görnüşde hereket edýän düzgünleriň jemine düşünilýär.

Kesgitlemeden görnüşi ýaly, her bir adamyň gündelik durmuşynda ýüze çykyp biläýjek jemgyýetçilik gatnaşyklarynda özüni nähili alyp barmalydygynyň kadalaryny jemgyýet belleýär. Jemgyýet bu gatnaşyklary diňe bir düzgünleşdirmek bilen çäklenmän, eýsem seniň hereketleriňe ýa-da belli bir hereketleri etmekden saklanmagyňa baha-da berýär (goldaýar ýa-da tersine goldamaýar), zerurlyk ýüze çykanda garşyňa temmi çärelerini (oňlamazlyk, ýazgarmak, utandyrmak, duýduryş bermek, tertibe çagyrmak we ş.m.) hem ulanýar.

Umuman, ahlak kadalary şahsyýetiň her bir durmuş ýagdaýynda etmeli (etmesiz) hereketlerini, çäklendirmeleri we gadaganlyklary belleýär. Her şahsyýet ahlak kadalaryny kabul edip-de, etmän-de biler. Bu ýerde döwlet kada-kanunlarynyň talaplarynyň durmuşa geçirilişinden tapawutlylykda hiç hili zorluk ulanylmaýar. Ýöne ahlak kadalaryny berjaý etmeýänligiň sebäpli, jemgyýet senden ýüz öwrüp, daşlaşyp biler. Şonuň üçin hem her bir şahsyýet öz ahlagyny jemgyýetçilik ahlagy bilen bir hörpden gopar ýaly etmäge çalyşmaly, ýagny şahsy we jemgyýetçilik ahlak garaýyşlarynyň sazlaşygyny gazanjak bolmaly.

Şahsyýetiň ahlak kadalaryna laýyklykda, daş-töwereginde bolup geçýän zatlara baha bermegi we şoňa görä hereket etmegi netijesinde adamyň ahlak keşbi kemala gelýär. Ýokary ahlakly adam her hili kyn şertlerde hem ejizlemän, halal ýaşamaga çalyşýar, arassa gazanjynyň hasabyna eklenýär, şol ruhda hem çagalaryny terbiýeleýär, elmydama döwletiň kanunlarynyň öňünde şahsy jogapkärçiligini duýup, olara hormat goýup ýaşaýar hem-de kanunyň talaplaryny gyşarnyksyz berjaý edýär. Şu zeýilli ýokary ahlakly şahsyýetler köp bolanda jemgyýet sagdyn bolýar, döwletde hukuk we kanun bozulmalarynyň sany şonça-da azalýar.

Ynsanyň ahlak terbiýesi maşgala ojagyndan başlanýar, mekdep ýyllarynda dowam etdirilýär, soňra şahsyýet ahlak sapaklaryny

jemgyýetden özbaşdak alyp başlaýar. Häzirki döwürde ahlak terbiýesiniň ähli ugurlarda talabalaýyk güýçlendirilmegini durmuş talap edýär. Türkmen jemgyýetinde ýaşlara edepli bolmany, arassa-halal ýaşamany, zähmeti söýmäni dowamly ýagdaýda öwredilýär we aňyna guýulýar. Şu wezipeler göwnejaý ýerine ýetirilmedik halatynda türkmen jemgyýetiniň geljekki nesilleriniň ykballaryny göz öňüne getirmek-de kyn. Elbetde, bu meselede maşgalanyň we mekdep mugallymlarynyň üstüne aýratyn jogapkärçilik düşýär.

Aýdylanlardan ugur alyp, halkyň ahlak kadalarynyň ulgamlaşdyrylmagy, şoňa görä hem wagyz-ündew işleriniň meýilnamalaýyn esaslarda talabalaýyk guralmagy jemgyýetiň öňünde durýan möhüm wezipe bolup durýar.

Türkmen jemgyýetinde milli gymmatlyklarymyzyň, şol sanda ahlak kadalarynyň öwrenilmegine, wagyz-ündew edilmegine we durmuşda giňden peýdalanylmagyna döwlet syýasatynda aýratyn orun we ähmiýet berilýär. Hormatly Prezidentimiz 2018-nji ýylyň mart aýynda Mejlisiň deputatlary bilen geçiren duşuşygynda ýaş nesillere terbiýe bermek bilen bagly kanunçylyk ulgamy kämilleşdirilende: "Gadymy däp-dessurlarymyzy goldanyp, kanunlarymyzy häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda döwrebap ýagdaýa getirmeli diýip pikir edýärin" diýip aýratyn nygtap geçdi.

Diňe öz geçmiş taryhyny, milli aýratynlyklaryny bilýän halk özüne mahsus ýol bilen ösüp, özgerip, mynasyp durmuşda ýaşap biler. Şeýlelikde, milli miras, ondan öz gözbaşyny alyp gaýdýan jemgyýetiň ahlagy türkmen halkynyň şu gününiň we ertiriniň ykbal kesgitleýji binýady bolup çykyş edýär. Diýmek, milli mirasymyzy bilmegimiz we şoňa laýyklykda ýaşamagymyz, gurmagymyz, döretmegimiz biziň hemmämiz, ilkinji nobatda hem ýaşlarymyz üçin möhümdir.

Şeýle syýasatyň alnyp barylmagy netijesinde halkyň döwrebap ahlak medeniýeti kemala gelýär. **Ahlak medeniýeti** şahsyýetiň ahlak sowatlylygyny, şoňa laýyklykda döreýän onuň ahlak aňyýetini, öz gezeginde şondan gözbaşyny alyp gaýdýan ahlak edebini, ýagny özüni näderejede ahlakly adam hökmünde alyp baryp bilýändigini görkezýär. Bularyň hemmesiniň binýadynda bolsa halkyň ahlak ga-

raýyşlary, ýörelgeleri we kadalary ýatandyr. Munuň özi halkyň ahlak derejesine görä onuň ahlak medeniýetiniň ýüze çykýanlygyny aňladýar.

Şahsyýetiň ahlak-hukuk edebi, giň manyda – medeniýeti, onuň ruhy dünýäsinden gözbaş alýar. **Adamyň ruhy dünýäsi -** akyl, aň ýetiriş aýratynlyklaryna görä onda döreýän içki duýgular, oý-pikirler, filosofik garaýyşlardyr. Şolaryň üsti bilen ol dünýäde bolup-geçýän zatlara göz ýetirýär we özüçe baha berýär, her bir meýilleşdirýän amalyny sazlaýar.

Ahlak kadalarynyň ýygyndysynda hödürlenýän kadalaryň okyjylar tarapyndan içgin we çuňňur özleşdirmegini gazanmak maksady bilen, ýörite çyzgylar taýýarlanyldy we testler düzüldi.

**Çyzgylar** okyjynyň öwrenen maglumatlaryny görüş ýatkeşliginiň hasabyna logiki seljerme geçirmek ýoly bilen töwerekleýin özleşdirmäge we olary berkitmäge, täze meseleleriň üstünde oýlanmaga mümkinçilik döredýär. Çyzgylarda berilýän maglumatlar logiki yzygiderlikde bir bitewi zynjyrjyga düzülýär we ahlak kadalarynyň many-mazmunyna doly we hemmetaraplaýyn düşünmäge ýardam berýär. Ahlak kadalary bilen içgin tanyş bolan okyjy çyzgylary "gepletmäni" hem-de öz pikirlerini ösdürmäni başarmaly.

**Testleriň** üsti bilen okyjylar öwrenen zatlaryny näderejede özleşdirendiklerini barlap bilýärler. Testleriň jogaplary ýörite bir-birine manydaş äheňde, ynandyryjy we özüne çekiji edilip düzülýär. Şonuň üçin hem her bir soragyň jogaplarynyň üstünde logiki seljerme geçirmeklik zerur bolup durýar. Başgaça çemeleşilende okyjylaryň "akyl duzaklaryna" düşmekleri gaty ähtimaldyr. Her babyň soňunda testleriň jogaplary berilýär. Munuň özi okyjylaryň dogry (nädogry) jogaplara anyk göz ýetirmekleri hem-de ýalňyşan halatlarynda, öz bilimlerini artdyrmak boýunça goşmaça işleri geçirmelidigine düşünmekleri üçin möhümdir.

Ahlak meseleleri bilen bagly test düzmegiň özboluşly aýratynlyklary bar. Size hödürlenýän kitapda, esasan, iki usul ulanyldy. Birinjisi, "Dogry jogaplaryň içinde has dogrusyny tapmak". Testleriň soraglarynda hödürlenýän jogaplaryň hemmesi-de dogry, ýöne

wajyplygy, ähmiýeti, şeýle hem döwrebaplygy babatda içinden biri hakykata has laýyk gelýär. Bu ýerde okyjylaryň öňünde deňeşdirme ýoly bilen hakykata doly gabat gelýän jogaby tapmak wezipesi durýar. Okyjylaryň dünýägaraýşyny we gözýetimini giňeltmekde şeýle sorag-jogaplaryň ähmiýeti uly diýip hasaplaýarys.

Ikinjisi, “Wajyp meselä ünsi çekmek”. Bu ýerde jogaplaryň içinden dogrusyny ýa-da nädogrusyny aňsatlyk bilen anyklap bolýar. Şu usuly ulanmagyň maksady okyjynyň ünsüni irili-ownukly möhüm meselelere çekmek bolup durýar. Mysal üçin, IV-nji babyň 6-7-nji testlerine seredip göreliň. 6-njy testde, hatda, nähak ýolnan birje güljagaz üçinem “jogapkärçiligiň” döreýändigini okyjylaryň, esasan-da, ýaşlaryň aňyna salmaga synanyşylýar. 7-nji testde uly ýaşdaky adamlara hiç bir ýagdaýda hem ahlaksyz we bikanun hereketleri görüp, olaryň deňinden sowlup geçmeli däldigi, biparh bolmaly däldigi ýatladyljak bolunýar.

Umuman, çyzgylar we testler okyjylaryň ahlak kadalarynda beýan edilen dürli çylşyrymly durmuş pursatlaryny tejribe nukdaýnazaryndan professional derejede seljermekde, umumylaşdyrmakda, dogry netijelere çykmakda olara ýardam berer diýip tama edýäris. Hödürlenýän usullar okyjylaryň pikirleniş we aň ýetiriş ukyplarynyň ösmegine hem oňyn täsir etmeli.

# I BAP
# MAŞGALA GATNAŞYKLARYNYŇ AHLAK KADALARY

## 1.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän esasy gatnaşyklar

**Maşgalada maşgalabaşynyň esasy ahlak wezipeleri:**

***Erkek adam maşgalabaşy hökmünde maşgala umumy ýolbaşçylygy üpjün etmeli we bütin maşgala agzalarynyň ahlak jogapkärçiligini olar bilen deň derejede çekmeli.***

***Maşgalabaşy maşgala agzalaryna ahlak hukuk kadalarynyň çäklerinde hökmany görkezmeleri berip bilýär we olaryň durmuşa geçirilşine gözegçilik edýär.***

***Maşgalabaşy maşgala agzalaryna bellik etmäge ygtyýarly we olara öz minnetdarlygyny bildirip bilýär.***

***Maşgalabaşy geçirimli bolmaly, aýaly we maşgalanyň beýleki agzalary bilen her bir meselede düşünişmäge hem-de ylalaşykly ýaşamaga çalyşmaly. Aýalynyň säwliklerini düzetmäge oňa kömek bermeli, bilmeýän zatlaryny öwretmeli, gerek bolsa tejribede görkezmeli.***

***Maşgalabaşynyň çözgütleri ahlagyň-kanunyň çäginde we adalatly bolmaly.***

Maşgalada maşgalabaşa aýratyn orun berilýär. Maşgala ýolbaşçylyk etmek, hakykatdan-da, juda mertebeli wezipe. Emma onuň hötdesinden abraýly geläýmek welin örän çylşyrymly mesele. Ýaşlykdan bu ugurda ýörite taýýarlyk işlerini geçmedik, soňra hem ömrüniň dowamynda toplan durmuş tejribesini yzygiderli artdyryp durmadyk adamyň ol wezipäni göwnejaý ýerine ýetirip bilmejegi düşnüklidir. Bu ýerde ýöne bir ahlagyň we hukugyň kadalaryna laýyklykda arassa-halal ýaşanyň, zähmet çekeniň, maşgala guranyň ýeterlik däl.

Durmuşda maşgalabaşynyň adaty bolmadyk jogapkärçiligini duýup ýaşamak üçin kän yhlas çekmeli, köp okamaly, umuman, giň

dünýägaraýşyň we gözýetimiň bolmaly. Has wajyby hem maşgalany dolandyrmakda gündelik durmuşda duş gelýän meseleleri seljermäni, umumylaşdyrmany we olardan degerli netijeleri çykarmany başarmaly. Munuň üçin bolsa erkek kişi irginsiz zähmet çekmeli, kynçylyklar bilen gaýduwsyz göreşmeli, synmajak erke eýe bolmaly.

Maşgala baş onuň uly ýaşly erkek kişisi, adatça, ata bolýar. Erkek kişiniň maşgaladaky orny we ähmiýeti danalarymyzyň şu deňeşdirme äheňindäki pähiminden hem aýdyň görünýär: “Äri är bolanyň aýaly şir bolar, äri är bolmadygyň aýaly gara ýer bolar”. Aýalyň “şir” bolmagy onuň çagalary bilen lezzetli durmuşda ýaşamaklyklaryny aňladýar.

Maşgala baş bolmaklyk aslynda artykmaç hukuklardan däl-de, ummasyz jogapkärçilikden habar berýär. Maşgala agzalarynyň her biriniň aladasy onuň boýnuna düşýär. Maşgalabaşy ýol görkeziji, ugrukdyryjy, maslahatçy bolup durýar. Maşgala agzalarynyň her biriniň eden ýaramaz işi, gylyksyz hereketleri üçin-de, ilkinji nobatda, şondan hasap soralýar. Görşümiz ýaly, maşgala ýolbaşçylyk etmek köpugurly dünýägaraýşyň, giň gözýetimiň, çuňňur akyl-paýhasyň, baý tejribäniň, egsilmez guramaçylyk ukybynyň bolmagyny talap edýär. Şonuň üçin hem türkmen maşgalasynda erkek oglanlary maşgalabaşynyň “wezipesine” ýaşlykdan taýýarlap başlaýarýar we ýetginjeklik döwründen bu ýeňil bolmadyk işiň jogapkärçiligine düşüner ýaly edýärler.

Ýaş ýigit öýlenen pursatyndan “kiçi maşgalabaşy” hasaplanýar we bu ýagdaý atasy (baş maşgalabaşy) garrap, indi köşegine eýermeli boldy diýen döwrüne çenli dowam edýär. Elbetde, aksakgalyň sarpasy islendik ýagdaýda saklanyp galýar. Baş maşgalabaşynyň görkezmeleri kiçi maşgalabaşylar üçin hökmanydyr. Düýpli meselelerde kiçi maşgalabaşy öz hereketlerini baş maşgalabaşy bilen ylalaşyp, soňra durmuşa geçirýär. Türkmeniň maşgala agzybirliginiň inçe syrlary we mäkämligi şunda bolmaly.

Elbetde, maşgalabaşy arassa, halal, adalatly hem-de elmydama kanunyň çäginde hereket edýän adam bolmaly. Ähli derejedäki maşgalabaşylar tarapyndan jedelsiz kabul edilmeli bir hakykat bar. Erkek

kişi maşgala ýolbaşçylyk edýän adam hökmünde her bir meselede çagalarynyň, gelinleriniň, agtyklarynyň we maşgalanyň beýleki agzalarynyň hereketlerine dogry hem-de adyl baha bermäni başarmaly. Şonda onuň “hökümleriniň” aglabasy jedelsiz we meýletin ýerine ýetirilýär, maşgala agzybir hem jebis bolýar.

Gündogaryň medeniýetinde hem maşgalada erkek kişiniň ýolbaşçylygynyň ähmiýeti, jogapkärçiligi, şahsy göreldesi barada giňişleýin bellenip geçilýär we her bir döwürde beýan edilenler bilen bagly wagyz-ündew işleriniň geçirilip durulmagy möhüm hasaplanylýar.

**Maşgalada aýalyň esasy ahlak wezipeleri:**

***Maşgalany talabalaýyk dolandyrmakda ärine ýardam bermeli.***

***Hojalygy ýöretmeli hem-de mümkinçiligi we islegi bolan ýagdaýynda, özbaşdak gazançly işde işlemeli.***

***Çagalaryna edep-terbiýe bermeli, olaryň tertip-düzgünine gözegçilik etmeli.***

***Cagalaryny, ilkinji nobatda gyzlaryny ýaşlykdan maşgala durmuşyna taýýarlamaly.***

Türkmençilikde girimi-çykymy bilýän aýal kän bir başgalaryň gözüne ilmezden, maşgalany agzybir saklamakda we ony adalatly dolandyrmakda adamsyna uly ýardam berýär. Şeýle etmek bilen öý bikesi atalarynyň at-abraýyna şek ýetirmezden, onuň mertebesini saklap, maşgalanyň jebisligini gazanýar. Danalarymyzam: “Är ýagşysy ile geňeşer, aýal ýagşysy - äre” ýa-da “Akylly aýal ärine akyl öwretmez” diýipdirler.

Maşgalada ata-ene öz hakyky orunlarynda bolup, şahsy wezipe -borçlaryny bolmalysy ýaly ýerine ýetirenlerinde, ol maşgala agzybir bolýar, olaryň çagalary hem talabalaýyk terbiýe alýar. Hakykatdanam, är-aýal maşgalada dogry “häkimlik-tabynlyk” gatnaşygynda bolanlarynda, erkek adama maşgala otlusyna sözüň doly manysynda mynasyp “lokomatiw” bolmak başardýar. Şu şertlerde maşgala diýseň sazlaşykly ösýär, beýleki maşgalalara nusgalyk bolýar. Jemgyýet şu zeýilli maşgalalardan düzülende, ol hakyky sagdyn jemgyýeti emele getirýär we döwletiň ähli babatda gülläp özgermegine ýardam

edýär. Awtoulagy iki bolup dolandyryp bolmaýşy ýaly, maşgalany hem är-aýalyň ikisiniň deň hukukly halda dolandyrmaklarynyň özi agyr “durmuş hadysalaryna” getirjegi gümansyzdyr.

Türkmen maşgalasynda her döwürde hem aýala aýratyn orun berlipdir. Muny ata-babalarymyzyň şu dana pähimlerinden hem görmek bolýar: “Öý öwlüýä, aýal müjewür” ýa-da “Ömrüňden iki gün galsa at al, bir gün galsa – aýal”. Häzirki wagtda hem şu tejribe dowam etdirilýär. Aýal maşgalanyň gönezligi bolup durýar. Maşgala Ýer şary bolsa, aýal onuň okudyr. Türkmen maşgalasynyň jebisligi, agzybirligi, abraýy, edebi köp derejede şolara baglydyr. Erkek adamlar ýene-de bir hakykata uýsalar ýagşy, aýal maşgalada çagalaryň iň “ulusy” hatarynda görülmelidir. Şonuň üçin hem erkek kişiler gyz-gelinleriň ahlak terbiýesine durmuşda aýratyn üns bermeli, olar üçin ähli zerur maddy şertleri we mümkinçilikleri döretmäni, zenanlaryň at-abraýyny we mertebesini mynasyp halda goramany başarmaly. Ene-atasynyň ojagynda talabalaýyk terbiýe almadyk gyzlar, soňra-da gelin bolup baran ýerinde dogry ýola salynmadyk aýallar maşgalany tükeniksiz betbagtçylyklara sezewar edýärler.

Gündogaryň medenýetinde aýala Alladan soň ärine ilki hormat goýmaklyk ündelýär. Aýal çagalaryna talabalaýyk terbiýe bermekde, maşgala agzalarynyň arasyndaky sazlaşygy saklamakda, hojalygy ygtybarly ýöretmekde maşgalabaşynyň uly ýardamçysy bolup durýar, maşgalanyň garyndaşlary, goňşylar bilen mähirli gatnaşyklary üpjün edýär.

**Ata-eneleriň çagalarynyň öňündäki ahlak borçlary:**

***Ata-ene çagalarynyň öňündäki ahlak jogapkärçiligine aýdyň düşünip ýaşamaly.***

***Durmuşda ata-ene şulary üpjün etmeli, ýagny çagalarynyň:***

*– kämil ahlakly şahsyýet bolup ýetişmeklerini;*

*– talabalaýyk bilim almaklaryny;*

*– sagdyn durmuş ýörelgesine eýermeklerini;*

*– halal zähmete ugrukmaklaryny;*

*– berk maşgala gurmaklaryny;*

*– Watanyna, il-gününe, jemgyýete wepaly hem peýdaly adamlar bolup kemala gelmeklerini;*

*– ahlak-hukuk kadalaryna hormat goýmaklaryny we olary gyşarnyksyz berjaý etmeklerini.*

Çaga dünýä inenden soňra onuň ilkinji terbiýeçisi we adatça, iň ygtybarly maslahatçysy ata-enesi bolýar. Çaganyň edep-ekramly we ýokary ahlakly bolmagynda, dünýägaraýşynyň taplanmagynda, umuman, onuň şahsyýet hökmünde kemala gelmeginde, jemgyýete peýdaly adam bolup ýetişmeginde ata-enäniň orny aýratyndyr. Çaga ata-enäniň elinde plastelin kimin bir serişde, ondan islendik häsiýetli şahsyýetiňi, döwrüň dili bilen aýdanyňda mentalitetiňi ýasap bolýar. Adatça, çaga ata-enesiniň aýdanlaryny hakykatyň we adalatyň soňky derejesi diýip düşünýär we olary gyşarnyksyz ýerine ýetirmäge hemişe taýýar bolup durýar. Çaga ata-enesiniň ahlaksyz hereketlerini-de adaty bolmaly zat hökmünde kabul edýär we geljekki durmuş tejribesinde peýdalanmaga çalyşýar.

Görşümiz ýaly, çagasynyň geljekde Watanyna wepaly, il-gününe mynasyp adam bolup ýetişmeginde ata-enäniň oňa edýän täsiri diýseň güýçli. Ata-enesiniň beren ahlak terbiýesi, soňra jemgyýetden şahsyýetiň öz alan ahlak sapaklary geljekde onuň näderejede jemgyýete peýdaly adam boljakdygyny kesgitleýär. Diňe kämil ahlakly adam nusgawy maşgalany döredip biler, jemgyýete hem ähli babatda hemişe peýda getirer. Şoňa görä-de, her bir ata-ene çagasynyň ykbalynyň öňündäki ahlak borçlaryna we jogapkärçiligine aýdyň düşünip ýaşamaly.

Eždatlarymyz: “Gyz eneden görelde almasa, öwüt almaz. Ogul atadan görelde almasa, saçak ýazmaz” diýipdirler. Şu pähimden görnüşi ýaly, her bir ata-ene öz perzendini şahsy göreldesi bilen terbiýelemeli, olaryň aýdýan zatlary bilen edýän hereketleri deň gelmeli. Başgaça aýdylanda, ata-ene çagasynyň terbiýesini öz terbiýesinden başlamaly. Ata-ene arassa-halal zähmet çekmeli, dogry geplemeli, mätäçlere kömek bermeli we ähli beýleki durmuş pursatlarynda çagalaryna görelde bolmaly. Elbetde, çaganyň terbiýesini güýç, zorluk bilen hem saklap bolar, ýöne haçan-da ol mynasyp göreldä we hakyky öwüt-ündewe daýananda kämil ahlak döreýär. Bu wezipäni

ýerine ýetirmek bolsa islendik jemgyýetde, ilkinji nobatda, ata-enäniň borjy bolup durýar.

Atalar pähiminde: “Terbiýesiz çaga – baş öwredilmedik at” – diýip aýdylýar. Talabalaýyk ahlak terbiýesini almadyk çagalaram edil baş öwredilmedik atyň özüni alyp barşy ýaly, diňe bir öz ata-enesine däl, eýsem jemgyýete-de gönençlik görkezenoklar. Galybersede, jemgyýet şu zeýilli çagalardan “goranyp” gezmeli bolýar, sebäbi durmuşda hukuk-kanun bozulmalarynyň agramly bölegi şularyň paýyna düşýär. Terbiýesiz çagalary dogry ýola salmak üçin döwlet bir giden işleri geçirmeli we çykdajylary çekmeli bolýar. Wagtynda edep-görelde görmedik ýaşlar soňra özleri maşgala guranlarynda hem uly şowsuzlyklara uçraýarlar. Aýdylanlardan ugur alyp, ata-eneler danalarymyzyň şu aýdan pendine hemişe goldanyp gezseler dogry bolardy: “Çaga eziz, edebi ondanam eziz”.

**Çagalaryň ata-eneleriniň öňündäki ahlak borçlary:**

***Perzent ata-enesiniň durmuş-ýaşaýyş zerurlyklary we saglygy barada gündelik alada etmeli.***

***Perzent ata-enesiniň tabşyryklaryny wagtynda dogry we doly ýerine ýetirmeli.***

***Perzent şahsy durmuşynda ata-enesiniň abraý-mertebesine zeper ýetirmeli däl.***

Musulman dünýäsinde Beýik Biribardan soň ata-enäniň gullugynda bolmaklyk her bir şahsyýetiň parz işi hasaplanýar. Öz ata-eneleri barada gündelik alada etmek, ilkinji nobatda, olara maddy kömegini berip durmak kämillik ýaşyna ýeten her bir adamyň mukaddes ahlak borjudyr. Türkmenlerde köp çagaly maşgalalarda ata-enesine körpe ogullary seretmeli diýen köneden gelýän garaýyş bar. Şeýle-de bolsa, durmuşda ata-ene öz iň rakyp oglunyň, has anygy iň rakyp gelniniň ýanynda bolanlaryny kem görenoklar. Şu ýagdaýda ata-enäniň beýleki çagalary, esasan-da, ogullary olaryň hal-ýagdaýyndan habar alyp duranlarynda, onda bu ata-ene iň bagtly ata-enedir, maşgala bolsa, iň berk we agzybir, ýagny ýüzüňe sylynmaly maşgaladyr.

Ataň-eneň barada alada etmezlik, olardan ýüzüňi öwürmek ynsapsyzlykdan we nadanlykdan nyşandyr. Danalarymyz şu babatda

şeýle pähimleri döredipdirler: “Ajalsyza ölüm ýok, ata-enä dözüm ýok” ýa “Ata-enäniň bahasy bolmaz, altyn-kümşüň könesi”. Elbetde, her hili ata-ene bolup biler, içinde çagalaryna ýeterlik derejede terbiýe bermedikleri-de, ideg etmedikleri-de tapylar. Her halatda ýokary ahlakly ogul ýa gyz ata-enesiniň kyn gününde özlerini keseki ýaly alyp barmaly däldirler. Bilşimiz ýaly, her kim öz eden etmişi üçin diňe täk özi jogap berýär. Şu ýerde Magtymguly akyldaryň şu şahyrana setirlerini ýatlamak ýerliklidir: “Ynjytsa ogul-gyz ene-atasyn, toba kylmaý, Hak geçirmez hatasyn” (Düýşüne degmez). Başga bir goşgusynda Magtymguly Pyragy atasyna ideg etmeýän perzende şeýle baha berýär: “Nadan ogul atasyna seretmez” (Mala seretmez).

Durmuşda ata-enesi dünýäden gaýdan halatynda olar barada gerek wagtynda alada etmedik ogul-gyzlary, şeýle hem beýleki käbir ýakyn garyndaşlary il ýüzüne özleri “ölene” dönýärler. Şu aýdyljak hakykata berk uýmagymyz wajyp, ata-enäniň belli günlerini bellemek, aşyny bermek sogapdyr, ýöne olara dirikä “aş” bermek has-da parzdyr. “Atam-enem yzyna dolanaýsa, menem olara täzeden yhlasly hyzmat edäýsem” diýip, öz ýanynýdan ah çekýänler ilçilikde köp duş gelýär.

Özleri barada çagalary tarapyndan alada edilmeýän ata-eneler, adatça, durmuşda kösenip dünýeden ötüp gidýärler. Ata-enesine seretmeýän ogul-gyzlaryň jemgyýetde abraýy pes, dili hem gysga bolýar. Öz çagalaryna görkezýän ýaramaz göreldesi bilen soňlugynda bu adamlaryň özlerine-de şu ykbalyň miýesser bolmagy gaty ähtimaldyr. Eždatlarymyz: “Ataňa görkezeniňi ogluňdan görersiň” diýipdirler. Ataň-eneň barada edýän aladalaryň çyn ýürekdenmi ýa-da göz üçinmi, ony il-gün dessine kesgitleýär. Ýüzüňe hakykaty aýtjaklaram tapylýar, bolmanda kesäňden-ä gürrüňiňi edýärler.

**Doganlaryň arasynda döreýän ahlak gatnaşyklary:**

***Doganlar biri-birini hormatlap, goldap, gorap ýaşamaly.***

***Doganlar islendik jedelli meselede özara düşünişmek ýoly bilen ylalaşyk gözlemeli.***

***Kiçi doganlar uly doganyny diňlemeli. Atasy ýok ýerinde ýa-da ol ýogalan ýagdaýynda uly dogan maşgalabaşynyň ornuny tutmaly.***

Ata-enesinden soň adamynyň iň ýakyn garyndaşy doganydyr. Durmuşda üstünlikleriňe begenip, gynanan ýeriňde seniň üçin tükeniksiz ahmyr çekýän doganyňdyr. Ýöne ýerden “Aglaşmaga dogan ýagşy” diýilmeýär. Magtymguly Pyragy dogan gatnaşyklarynyň wajyplygyna uly ähmiýet berip, şeýle diýýär: “Gamly günüň, galmagalyň üstünde gardaş ýagşy, dogan ýagşy, zat ýagşy” (Ýat ýagşy). Doganlary sübse kimin bir ýere çugdamlaýan güýç olaryň agzybirligidir. Doganlaryň agzybirligi rowaçlykdan, bagtyýarlykdan, rysgal-döwletden nyşandyr.

Doganlaryň agzybir ýaşamaklary köp babatda olaryň aýallaryna hem baglydyr. Aýalynyň görkezen ýoly bilen ýöreýän ärler barada Seýdi şahyr ýazgaryjy äheňde şeýle seslenýär: “Hergiz öte bilmez öz aýalyndan, dogan habar almaz dogan halyndan” (Käri-sogaba). Dogany dogandan çetleşdirýän aýallar, olaryň gepine gidýän ärleri ahyrynda özleri kyn günde galýarlar, maşgalada we il içinde abraýdan düşýärler. Şu ýagdaýda doganlar maşgala agzybirligini saklamak üçin “Dogana toba ýok, ýamana - oba” diýen pähimden ugur almalydyrlar, zenanlarynam tertibe çagyrmany başarmalydyrlar. Başgaça bolanda, doganlaryň bir özler-ä däl, hatda, olaryň çagalaram üýşmeleňlerde, ýolda-yzda bir-birlerinden ýüzlerini öwürýärler, olaryň beýleki garyndaşlary bilenem gatnaşyklary çylşyrymlaşýar. Şahyr K. Gurbannepesowiň “Doganlyk kadadan çykýar” atly şahyrana setirlerinde ýokarda beýan edilen ýagdaýlar kämil professional derejede ussatlyk bilen subut edilýär.

Eždatlarymyz: “Ata barka ogul ýaş, aga barka – ini” diýipdirler. Atasynyň ýok ýerinde ýa-da ol dünýeden gaýdan halatynda uly dogan maşgalabaşynyň ornuna geçýär. Ol bütin maşgalanyň jogapkärçiligini, tőwekgelçiligini öz üstüne alýar, inileri-uýalary üçin görelde mekdebi bolýar. Kiçi doganlary uly doganyna hormat goýmaly we onuň aýdanlaryny gaýtalatmazdan ýerine ýetirmeli. Iki taraplaýyn gatnaşyklar elmydama özara sylanyşyga esaslanmalydyr. Durmuşa çykan aýal doganlary üçin olaryň erkek doganlary kişiň maşgalasynyň içki düzgünlerine goşulmazdan, adalatyň hatyrasyna “tiz kömegiň” wezipesini ýerine ýetirmelidirler.

**Oglanyň öýlenmegi we gyzyň durmuşa çykmagy bilen bagly döreýän ahlak gatnaşyklary:**

***Ata-ene ogluna we gyzyna mynasyp ýanýoldaş tapmakda kömek bermeli.***

***Oglan we gyz özüne mynasyp ýanýoldaş saýlamak ugrunda ýaşlykdan alada etmeli.***

***Ata-ene ogluny öýermegi we gyzyny durmuşa çykarmagy başardygyndan dabaraly ýagdaýda amala aşyrmaly.***

***Ata-ene ýaş çatynjalary durmuşa ugrukdyrmaly we kyn günlerinde olara ýardam bermeli.***

Ogul öýermek, gyz çykarmak ata-enäniň mukaddes ahlak borjy bolup durýar. Ogly-gyzy üçin ömür taýyny saýlamakda ata-ene diňe maslahatçy bolup biler. Bu meselede gutarnykly netijä gelmek ýaşlaryň özlerine bagly bolmaly. Çünki, hakyky maşgala diňe garşylyklaýyn söýgi esasynda döräp bilýär. Bu pikiriň dogrulygyny Magtymguly atamyzyň şu setirleri hem tassyklaýar: “Köňül joşa gelmez, dil hem sözlemez, her ýürekde yşkdan köz hem bolmasa” (Duz hem bolmasa).

Türkmençilikde söýgi duýgusynyň käbir daşary ýurt filmlerindäki ýa-da çeper eserlerindäki ýaly aç-açan görnüşde ýüze çykmagy kän bir dogry hasaplanmaýar. Halkymyzda gadym döwürlerden bäri ýaşlar arasyndaky söýgi duýgusy pynhan hasaplanypdyr. Söýginiň öz aýratyn gizlin häsiýetli ahlagy bolupdyr. Atalar pähiminde: “Gizlin söýgi – görkli, äşgär söýgi – merkli” – diýip aýdylýar. Halkyň şu milli özboluşlylygy häzirki döwürde-de hormatlanmaga hem-de wagyz -ündew edilmäge mynasypdyr. Biz türkmeniň aňyrdan gelýän “söýgi nusgasyny” milli aýratynlygymyz hökmünde abraýly saklamaga we geljekki nesillere miras galdyrmaga borçludyrys.

Her halda ynsanyň-ynsana söýgi duýgulary, ilkinji nobatda, olaryň hüý-häsiýetine, olam öz gezeginde adamyň ahlak dünýäsine esaslanyp döreýän bolmaly. Eždatlarymyzyň şu babatda örän jaýdar aýdan pähimleri bar: “Gyz gylygyndan söýdürer” ýa “Jemala bakma, kemala bak”. Bilşimiz ýaly, mekdep ýyllarynda, soňkurak döwürlerde-de oglanam, gyzam, esasan, bir-biriniň keşbine aşyk bolýar-

lar. Şeýle ýagdaýda dörän söýginiň paýhas diregi ýok diýen ýalydyr. Adam her bir işe, şol sanda söýgi meselesine-de akylly-başly çemeleşmeli. Diňe bir şahsy däl, eýsem, başgalaryň hem durmuş säwliklerinden her bir ynsan özi üçin peýdaly sapaklary aljak bolmaly.

Umuman, maşgala gurjak bolýanlar bir-biriniň hüý-häsiýetini, ahlak garaýyşlaryny doly we hemmetaraplaýyn bilmelidirler. Bu meselede olara ata-eneleri, ýakynlary, dost-ýarlary ýardam berip bilerler. Şeýle-de bolsa, "Gören göz deň bolmaz eşiden gulak bilen" ýa-da "Gulakdan göz hak" diýilýär. Elbetde, sorag-idegden daşgyn geljekki ýanýoldaşyň gylyk-häsiýetine hut özüň açyk göz ýetirip bilseň, oňa ýetesi zat ýok.

Her bir ýigit çykan oglan häsiýeti, edep-ekramy boýunça özüne kybapdaş abraý-mertebeli gyzyň gözleginde parasatly hereket etmeli, ýagny diňe bir duýgusyna esaslanyp maşgala gurmaly däl-de, bu ykbal kesgitleýji meselede müň kerem ölçerip-döküp gutarnykly netije çykarmaly. Abraýly ýerden çykan zenan maşgalanyň ahlagy, edep-ekramy, hyzmaty, umuman, medeniýeti erkek kişini öz maşgalasyna bakna edýär. Şeýle zenany bolan erkekler durmuşyndan göwünleri hoş bolup agzybir döwran sürýärler, olardan dünýä inýän çagalar hem mynasyp terbiýe alýarlar, göreldeli ýaşlar bolup ýetişýärler, geljekki berk maşgalalaryň dowamaty bolup durýarlar. Elbetde, gyz maşgala hem mynasyp ýanýoldaşynyň bolmagynyň arzuwynda bolmaly. Ýöne gyzyň sözüň doly manysynda ýigidi saýlamaga haky ýok-da, ýigit tarapyndan saýlanmaga haky bardyr. Şoňa görä-de, ýetişen gyzyň "saýlanyşykda" ýeňiji bolmagy üçin, onuň gözel keşpden-de ötri gözel ahlaga eýe bolmagy wajypdyr.

Gyz maşgalanyň owadanlygyna ýa-da ata-enesiniň, ýakynlarynyň wezipesine, ýa baýlygyna aldanyp, maşgala gurýan ýigitlerem ilçilikde duş gelýär. Herki maşgala gurjak bolýan jahyl kynçylyksyz bagtyýar durmuşa ýetilmeýändigine düşünmeli, azapsyz ýetilen lezzetiň ýalan toruna çolaşmaly däl, erkini ýitirmejek bolsa minnetli aşdan gaça durmaly.

**Gelin bilen maşgala agzalarynyň arasynda döreýän ahlak gatnaşyklary:**

***Gelin durmuşa çykyp baran ýeriniň tertip-düzgünlerini gyşarnyksyz berjaý etmeli.***

***Gelin maşgala agzalaryna, ilkinji nobatda, gaýynlaryna hormat-sylag goýmaly, bir bitewi "göwräň" agzasyna öwrülendigine düşünmeli. Ulularyň aýdanlaryny wagtynda doly we dogry berjaý etmeli.***

***Gaýynata, gaýynene gelinlerini öz gyzlaryndan aýry görmeli däl. Onuň ýetmezçiliklerini we säwliklerini düzetmek üçin maslahat berip durmaly, öwüt-ündew etmeli.***

***Maşgala agzalary we gelin özara geçirimlilik etmäni başarmaly, jedelli durmuş pursatlaryny dawa ýol bermän çözjek bolmaly.***

Gelin toýundan soň, maşgala täze bir agza gelip goşulýar. Durmuşyň kadalaryna laýyklykda, maşgalanyň täze agzasy bilen dürli maşgala gatnaşyklary dowamly ýagdaýda ýüze çykyp durýar. Islendik ahlak gatnaşygynda bolşy ýaly, bu ýerde hem taraplaryň arasynda ikitaraplaýyn sylanyşyga esaslanýan ahlak hukuklary hem-de borçlary döreýär. Ata-ene ýa-da maşgalanyň beýleki agzalary diňe hukuklaryny bilip, borçlaryny unutsalar, ol ojakda agzybirlik ýitýär. Maşgala agzybirligini diňe maşgala agzalarynyň ählisiniň bir hörpden gopýan taýsyz tagallalary bilen gazanyp bolýar. Şonuň üçin hem maşgalanyň her bir agzasy täze gelen gelin bilen gatnaşyklarynda öz ahlak borçlary barada çynlakaý oýlanmaly. Şol gatnaşyklarda maşgala agzalarynyň ahlak sypatlary, esasan, şulara gabat gelmeli:

– Maşgala agzalary gelen gelni sözüň doly manysynda "özlerinden biri" hökmünde kabul etmeli. Gelin maşgalanyň dowamatynyň çeşmesidigini, onuň abraý-mertebesiniň görkezijisidigini unutmaly däl.

– Maşgalanyň uly-kiçi ähli agzalary, ilkinji nobatda hem gaýynene we gaýynata gelin gelen gününden başlap onuň bilen "dost" bolmaga çalyşmaly, ýagşy-ýamany bileje paýlaşyp, bitewi berk maşgalany emele getirmeli. Gaýynene bilen gelin eždatlarymyzyň: "Gaýyn-gelin gapakly gazan" diýen pähimini özlerine ýörelge edinmeli.

– Maşgala agzalary gelniň özüni erkin hem ynamly alyp barmagyny gazanjak bolmaly. Çünki, gelin daşyndan gelen adam hökmünde öz hereketlerinden hem gepinden nädogry many alnar öýdüp çekinip gezýär, adatça, gorkuly hereket edýär.

– Maşgalabaşy maşgalanyň içki gatnaşyklaryna hiç kimiň, şol sanda ýakyn garyndaşlarynyň hem goşulmagyna ýol bermeli däl.

– Maşgala agzalary gandüşer garyndaşlyk esasynda öz ýakynlaryny ilki goramaly diýen pikire uýman, gelniň hereketlerine dogry hem adalatly baha bermäni başarmaly. Gelin barada aýdylýan gep-gürrüňleriň doly anygyna ýetip, olary akylly-başly seljerip, gutarnykly netijä gelmäniň hötdesinden gelmeli. Gündogaryň medeniýetinde: “Nähak işiň dawasynda, garyndaşyň tarapyny tutmak, guýa gaçan düýäni guýrugyndan çekip çykarjak bolan ýalydyr” diýilýär. Şu ýagdaýda düýäň heläk boljagy hemmä aýandyr. Diýmek, seniňem tarapgöýlügiň zerarly günäli halda jogap bermeli boljagyň ujy ýekedir.

**Maşgala bütewüligini saklamak**

***Maşgala agzalary, ilkinji nobatda hem är-aýal maşgalanyň düýpli sebäp bolmazdan dargamagyna ýol bermeli däl.***

Durmuşda agzybirligi we bütewüligi saklamak üçin maşgala agzalarynyň ählisiniň taýsyz tagallalary gerek. Maşgala agzybirliginiň açary düşünişmekde, geçirimlilikde we ylalaşykdadyr. Diňe gepleşmek we düşünişmek ýoly bilen hakykaty anyklap, dogry we adalatly çözgüdi çykaryp hem-de özara ylalaşyga gelip bolýar.

Şeýle çemeleşme maşgala ylalaşygyny gazanmagyň we ony agzybir saklamagyň iň amatly hem täsirli usulydyr. Biziň pikirimizçe, gaýynlary gelniň goýberýän säwliklerini gönüden-göni oňa ýumşaklyk bilen yzygiderli düşündirip, gelni özara sylaşyga hem agzybirlige çagyryp duranlarynda, gaýyn-gelin gatnaşyklaryndaky birnäçe näsazlyklar öz-özünden ýok bolup gidäýjek ýaly. Gelniň gaýynlaryna bolan hormatynyň, esasan, wyždan päkliginiň hem kalp arassalygynyň netijesinde ýüze çykmagy has wajypdyr.

Ata-enä, şonuň ýaly-da ýaş çatynjalara umumy özara geçirimlilik häsiýetli bolmaly. Elbetde, düşünişmek, kyn günüňde bir-biriňe ýardam bermek, dogry ýola gönükdirmek, degerli maslahat bermek agzybir maşgala gurmagyň ýörelgeleridir.

Gaýynata, gaýynene bilen gelniň ýa-da ýaş çatynjalaryň arasyndaky dawa ýaşlaryň nikalarynyň bozulmagyna we maşgalanyň dargamagyna getirip biler. Bu nikadan doglan çagalar “ýarym ýetim” galýarlar, sebäbi atasynyň (seýrek ýagdaýda enesiniň) gündelik ala-

dasyndan we mährinden mahrum bolýarlar. Ýaşlar täze maşgala guraýanlarynda-da, olaryň soňraky durmuşynyň we öňki nikadan galan çagalarynyň ykballarynyň nähili boljakdygy uly sorag bolup galýar. Ýaşlar oňuşmanlarynda gelniň ata-enesi üçin hem gyzlarynyň durmuşa çykyp baran ýerindäki ykbaly gündelik ünji-alada öwrülýär.

Her halatda aýal öz mertebesini goramagy başarmaly. Munuň üçin bolsa gyz maşgala entäk durmuşa çykmanka, onuň ata-enesi gyzlaryny maşgala durmuşyna taýýarlap başlamaly. Şu ýerde esasy mesele hem ata-enesiniň gyzlarynyň islendik ýagdaýda özbaşdak eklenç çeşmesiniň bolmagyny üpjün etmekleridir. Başgaça aýdylanda, ata-ene gyzlarynyň orta ýa ýokary hünär bilimini almagyna, biçimçi-tikinçi ýa-da başga bir zerur hünäre eýe bolmagyna ýardam bermeli. Hünärsiz aýal maşgala durmuşynda ejiz gelýär, öz hukuklaryny we bähbitlerini gorap bilmeýär.

**Maşgala bilen garyndaşlaryň arasynda döreýän ahlak gatnaşyklary:**

***Maşgala garyndaşlary bilen hemişe ýakyn we mähirli gatnaşyk saklamaly.***

***Olar märekelerde, içde-daşda bir-birine hormat-sylag goýmaly hem-de ajy-süýji durmuş pursatlaryny bile paýlaşmaly.***

Maşgalanyň garyndaşlary bilen özara gatnaşyklary kiçiräk bir jemgyýeti ýada salýar. Maşgalada geçirilýän dürli şatlykly dabaralaryň iň gadyrly myhmany garyndaşlaryň bolýar. Gamgyn pursatlaryňda hem saňa ilki ýürekden duýgudaşlyk bildirýänem ýene-de şolardyr. Eždatlarymyz: “Ýagly günüň ýat ýagşy, gamly günüň – garyndaş” diýip, juda ýerlikli belläpdirler.

Maşgala agzalary garyndaşlaryň hal-ahwallaryndan yzygiderli habar almaly, zerurlyk ýüze çykanda olara maddy kömek we ruhy goldaw bermeli, hyzmatynda bolmaly, märekelerine gatnaşmaly, syrkawlaryny sorap durmaly, olardan çetleşmeli däl, garyndaşlyk gatnaşyklaryny hemişe saklamaly. Şerigatyň kadalaryna görä, ilki bilen öz garyndaşlaryňa kömek, goldaw bermek ündelýär. Onsoňam Gündogaryň medenýetinde garyndaşlary bilen gatnaşman, kine saklap, olar bilen arasyny kesen adam biçak agyr günäli hasaplanylýar.

Bu ýerde garyndaşlyk gatnaşyklarynyň bes edilmeginiň sebäplerine kän bir ähmiýet hem berilmeýär.

**Maşgalanyň döwletiň we jemgyýetiň arasyndaky esasy ahlak borçlary:**

***Maşgala döwlet we jemgyýet üçin kämil ahlakly, bilimli-sowatly, sagdyn durmuş ýörelgesine eýerýän, zähmeti söýýän, ýaramaz endiklerden azat, ahlak-hukuk borçlaryny gyşarnyksyz berjaý edýän, halkyň däp-dessurlaryna we urp-adatlaryna hormat goýýan ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmeli.***

***Maşgala agzybir ýaşamaly we jemgyýete ähli babatda diňe peýda getirmeli.***

***Döwlet we jemgyýet maşgalanyň öňünde durýan wezipeleri talabalaýyk ýerine ýetirer ýaly ähli zerur mümkinçilikleri döredýär.***

Islendik jemgyýetiň düzüm gurluşynyň esasy birligi hökmünde maşgala ykrar edilýär. Jemgyýetiň agzybirligi, berkligi, asudalygy we özara sazlaşykly ýaşaýşy maşgaladan başlanýar. Ata-babalarymyz: “Maşgalada agzybirlik bolsa, başga hazyna gerek däl” diýip dogry belläpdirler. Maşgalanyň ahlak keşbi onuň jebisliginiň, abraý-mertebesiniň görkezijileri bolup durýar. Sagdyn maşgalalar jem bolup kämil jemgyýeti emele getirýärler. Şu zeýilli jemgyýetde erkana durmuş höküm sürýär. Maşgalanyň baş wezipesi jemgyýet üçin mynasyp çagalary terbiýeläp ýetişdirmek hem-de olaryň jemgyýetçilik bähbitli haýyrly işlere işjeň gatnaşmaklaryny gazanmakdyr. Şeýlelikde, sagdyn maşgala jemgyýetiň ösüşine, döwletiň berkararlygyna gönüden -göni oňyn täsir edýän kuwwatly güýç bolup durýar.

Bilşimiz ýaly, ýurduň Konstitusiýasynda Türkmenistan her bir adamyň durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirýän döwletdir diýip berkidilendir (madda 5). Şonuň üçin hem döwlet syýasatyna laýyklykda, maşgalanyň sagdyn hem berk bolmagy hakynda dowamly alada edilýär. Maşgalanyň maddy üpjünçiligi, çagalaryň bilimi, ahlak terbiýesi, saglygy we olaryň ähli beýleki ugurlar boýunça geljegi barada türkmen jemgyýetinde meýilnamalaýyn esaslarda anyk çäreler işlenip düzülýär hem-de bu meseleler hemişelik gözegçilikde saklanylýar.

## 1.2. Maşgala gatnaşyklarynyň ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar




**1-nji çyzgy**




**2-nji çyzgy**


Her bir ýetginjegiň maşgalabaşy bolmazyndan öňinçä esasy bilmeli zatlary we üns merkezinde saklamaly meseleleri
1
Maşgala agzalarynyň ahlak hukuklaryny we borçlaryny anyk bilmek
2
Maşgalabaşynyň hereketleriniň we çözgütleriniň adyllygyna hem kanunlygyna dogry baha bermäge çalyşmak
3
Maşgalabaşynyň hereketlerinden we çözgütlerinden nägile maşgala agzalarynyň garaýyşlarynyň hem-de delilleriniň adyllygyna we kanun-lygyna doly göz ýetirmäge çalyşmak
4
Gaýry maşgalabaşylaryň tejribesini öwrenmek
5
Jemgyýetde bolup geçýän ahlak özgerişliklerine düşünjek bolmak
6
Maşgala bilen bagly hukuk, ahlak, lukmançylyk, psihologik bilimlerini artdyryp durmak

**3-nji çyzgy**


Maşgalada aýala aýratyn mahsus ahlak häsiýetleri we wezipeleri
1
Abraý-mertebesini saklamak we goramak
2
Köpçülikde äriniň aýbyny ýapmak we abraýyny galdyrmak
3
Her bir meselede maşgalabaşy bilen maslahatda bolmak
4
Maşgalada ornuny bilmek
5
Gep-gürrüňden daşda durmak
6
Adamsynyň göwnünden turmak üçin özüne serenjam bermek
7
Az geplemek we köp diňlemek
8
Utanç-haýaly bolmak
9
Mähirli-mylakatly bolmak
10
Gyzlaryny özbaşdak durmuşa taýýarlamak
11
Maşgala agzalarynyň üst-başynyň tämizligini üpjün etmek
12
Öýi we howlyny arassa saklamak
13
Hojalygy ýöretmek

**4-nji çyzgy**


Ata-enäniň cagalarynyň öňündäki esasy ahlak borçlary
1
Watanyna, il-gününe, jemgyýete wepaly hem peýdaly ogul-gyzlary ýetişdirmek
2
Ahlak-hukuk kadalaryna hormat goýmany we olary gyşarnyksyz ýerine ýetirmäni öwretmek
3
Türkmenistanyň Prezidentine, Türkmenistanyň Döwlet nyşanlaryna, Mukaddes Kasama wepaly bolmany we olara hormat goýmany öwretmek
4
Çagalaryna mynasyp edep-terbiýe bermek
5
Çagalaryna talabalaýyk bilim bermek
6
Çagalarynyň saglygy barada alada etmek
7
Çagalaryny bedenterbiýä we sporta ugrukdyrmak
8
Çagalaryna arassaçylyk kadalaryny öwretmek
9
Çagalaryny arassa-halal zähmete gönükdirmek
10
Çagalaryna ruhubelent halda kynçylyklar bilen göreşmäni öwretmek
11
Çagalaryna şahsy görelde bolmak
12
Çagalarynyň ygtybarly maslahatçysy bolmak

**5-nji çyzgy**


Çagalaryň ata-enesiniň öňündäki esasy ahlak borçlary
1 Hormat-sylag goýmak
2 Tabşyryklaryny doly we dogry berjaý etmek
3 Abraýlaryna şikes ýetirmezlik
4 Hemişe hyzmatynda bolmak
5 Maddy kömek bermek
6 Ruhy goldaw bermek
7 Saglyklary barada alada etmek
8 Maslahat soramak, öwüt-ündewlerini diňlemek
9 Dumuş zerurlyklaryny bitirmek
10 Aýry ýaşaýan halatynda hal-ahwal soraşyp durmak
11 Doga-dileg, aýat-töwir etmek
12 Sadaka berip ýatlap durmak

**6-njy çyzgy**


Arkadagdyr, kyn günüňde daýanjyňdyr
1
Goragçyňdyr, ýetiş diýip çagyrmak gerek däldir
2
Maslahatçyňdyr, seni dogry ýola gönükdirer
3
Agaň aýdany “kanundyr”, onuň adalatly görkezmekleri hökman ýerine ýetirilmelidir
4
Geçirimli bolmalydyrlar, doganyň säwligini öz ýalňyşyň diýip kabul etmeli
5
Agzybir bolmalydyrlar, herki dawa özara ylalaşyk bilen tamamlanmalydyr
6
Maşgalalarynyň arasyndaky özara sylaşygy üpjün etmelidirler
7
Birek-biregiň ýagdaýyndan elmydama habar alyp durmalydyrlar
8
Dogan gatnaşyklarynyň esasy ahlak sypatlary. Dogan (lar)

**7-nji çyzgy**


Durmuş gurjak bolýan oglan-gyz
1
Ikisi hak aşyk bolmaly
2
Söýginiň pynhanlyk edebini saklamaly
3
Kim bilen durmuş gurjak bolýandygyny gutarnykly özi çözmeli
4
Söýgüde ýürek duýgusy bilen akylyň sazlaşygyny gazanmaly, artykmaçlyk paýhasa berilmeli
Bir-biriniň gylyk-häsiýetlerine belet bolmaly
5
6
Gylyk-häsiýetlerini biriniň üsti bilen däl-de, gönüden-göni özleri biljek bolmaly
7
Bir-biriniň saglyk ýagdaýyndan habarly bolmaly
8
Bir-biriniň maşgala näsazlyklaryndan habarly bolmaly
9
Erkini gidermezlik üçin öz deňine öýlenjek (barjak) bolmaly
10
Çykdajy babatda hiç kime agram salmazdan toý toýlamaly
11
Başgalaryň keç söýgi ykballaryndan özlerine sapak almaly

**8-nji çyzgy**




**9-njy çyzgy**




**10-njy çyzgy**




**11-nji çyzgy**




**12-nji çyzgy**




**13-nji çyzgy**

## 1.3. Maşgala gatnaşyklarynyň ahlak kadalary bilen bagly testler

**1. Maşgala ýolbaşçylyk etmek babatda aşakda aýdylan pikirleriň haýsysy ýalňyş?:**

a) maşgala erkek adam – ata ýa kaka ýolbaşçylyk edýär;

b) ata-kaka bolmadyk mahalynda maşgala erkek doganlaryň ulusy ýolbaşçylyk edýär;

ç) ene ýa eje maşgala ýolbaşçylyk etmekde erkek adama ýardam berýär;

d) maşgala kimiň ýolbaşçylyk etmelidigi maşgala maslahatynda çözülýär.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**2. Maşgalabaşy maşgala ýolbaşçylyk etmekde haýsy kadalara goldanmaly?:**

a) ahlak kadalaryna;

b) hukuk kadalaryna;

ç) ahlak we hukuk kadalaryna;

d) ahlak ýa-da hukuk kadalaryna.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**3. Maşgalabaşynyň ahlak edebini kemala getirmekde aşakda görkezilenleriň haýsysynyň täsiri has uly?:**

a) dünýä derejesinde ykrar edilen sungat eserleriniň;

b) global häsiýete eýe bolup barýan ahlak kadalarynyň;

ç) Internet maglumatlarynyň;

d) milli aýratynlyklarymyzyň hem medeniýetimiziň.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**4. Maşgala erkek kişiniň baş bolmaklygy:**

a) esasan, Günbataryň medeniýetine mahsus;

b) esasan, Gündogaryň medeniýetine mahsus;

ç) olaryň ikisine-de mahsus;

d) ähli medeniýetlere mahsus.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**5. Adatça**, **aýal maşgala degişli bolmadyk wezipäni görkeziň:**

a) öý hojalygyny ýöretmek;

b) çagalarynyň eklenjini üpjün etmek;

ç) goňşulary bilen mähirli gatnaşyklary ýola goýmak;

d) mal-gara göz-gulak bolmak.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**6. Adatça**, **maşgalabaşynyň wezipe-borçlaryna girmeýär:**

a) çagalaryna bilim öwretmek;

b) çagalarynyň arasyndaky dawalary çözmek;

ç) gyzyna edep öwretmek;

d) ogluna edep öwretmek.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**7. Maşgalada her bir işde "ýardamçy" bolmaklyk, esasan:**

a) erkege mahsus;

b) aýala mahsus;

ç) ikisine-de mahsus;

d) erkege we (ýa-da) aýala mahsus.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**8. Zenan maşgalanyň ahlak edebiniň düýbüni tutmakda, esasan, kim jogapkär?:**

a) ata-ene;

b) adamsy;
ç) gaýynenesi we gaýynatasy;
d) jemgyýet.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**9. Çaganyň ahlak terbiýesinde goýberilen kemçilikler üçin, esasan, kim jogapkär?:**
a) diňe ata;
b) ata-ene;
ç) mekdep;
d) jemgyýet.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**10. Gyzy durmuşa, esasan, enesi taýýarlamaly, oglany – atasy:**
a) dogry;
b) ikisinem atasy taýýarlamaly;
ç) ikisinem mekdep taýýarlamaly;
d) ikisinem jemgyýet taýýarlamaly.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**11. Çaga üçin iň esasy görelde mekdebi:**
a) deň-duşlary;
b) mekdep mugallymlary;
ç) ata-enesi;
d) jemgyýet.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**12. Iň ygtybarly we nusgalyk terbiýe nädip döreýär?:**
a) öwüt-ündew bilen;
b) görelde bilen;
ç) görelde ýa-da zorluk ulanmak bilen;
d) görelde we (ýa-da) zorluk ulanmak bilen.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**13. Çaga ata-enesiniň haýsy tabşyrygyny ýerine ýetirmeli?:**
a) ählisini;
b) islänini;
ç) ählisini ýa-da islänini;

d) kanunyň we ahlagyň çägindäkisini.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**14. Kyn gününde ata-enesine haýsy çagasy ideg etmeli?:**

a) ogly;

b) gyzy;

ç) ähli çagalary;

d) atasyna-ogly, enesine-gyzy.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**15. Ata-enesine maddy kömek bermek çagalarynyň:**

a) ynsan borjy;

b) ahlak borjy;

ç) hukuk borjy;

d) ahlak-hukuk borjy.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**16. Doganlar we olaryň aýallary kimiň bähbitlerini has ileri tutmaly?:**

a) beýleki doganlarynyň maşgalasynyň;

b) öz maşgalasynyň;

ç) agasynyň maşgalasynyň;

d) inisiniň maşgalasynyň.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**17. Aýal doganyna çykyp baran ýerinde azar berýän bolsalar, onuň erkek doganlary näme etmeli?:**

a) doganyna baran ýeriniň maşgala agzalary bilen oňşukly bolmaklygy masalahat bermeli;

b) doganyna we onuň maşgala agzalaryna oňşukly bolmaklygy maslahat bermeli;

ç) degişli döwlet edaralaryna we jemgyýetçilik guramalaryna kömek sorap ýüz tutmaly;

d) doganyny we onuň maşgala agzalaryny agzybirlige çagyrmaly, ýöne doganyna nähak azar berdirmeli däl.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**18. Oglanyň kime öýlenmelidigini, gyzyň kime durmuşa çykmalydygyny:**

a) ata-enesi çözýär;

b) ata-enesi we dost-ýarlary bilelikde çözýärler;

ç) maşgala maslahatynda çözülýär;

d) maslahatlaşyp çözülýär, ýöne soňky söz ýaşlaryňkydyr.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**19. Bagtyýar maşgala döretmek üçin:**

a) ýaşlaryň owadan-gelşikli bolmaklary gerek;

b) hüý-häsiýetleriniň meňzeş bolmaklary möhüm;

ç) özlerini oňarýan maşgalalardan bolmaklary zerur;

d) ata-eneleriniň abraýly wezipelerde işlemekleri wajyp.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**20. Has berk we ygtybarly maşgala emele getirmek üçin:**

a) ýaşlaryň birek-biregi sulhlarynyň alyşmaklary, olaryň ata-eneleriniň birek-biregi bilen sylanyşykda bolmaklary wajyp;

b) oglanyň gyzy, gyzyň ata-enesiniň oglany sulhy almagy möhüm;

ç) gyzyň oglany, oglanyň ata-enesiniň gyzy sulhy almagy gerek;

d) ýaşlaryň birek-biregi sulhlarynyň alyşmaklary zerur.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**21. Ömürlik maşgala döretmek üçin nämäniň bolmagy has wajyp?:**

a) söýgi duýgusynyň;

b) maşgala gurmaga akylly-başly çemeleşmäniň;

ç) ikisinden biriniň;

d) ikisiniňem.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**22. Hakyky söýgi bolanda:**

a) oglan söýmeli, gyz ikirjiňlenmeli;

b) oglan söýmeli, gyz söýdürmeli;

ç) gyz söýmeli, oglan söýdürmeli;

d) bu duýgy hökman ikitaraplaýyn bolmaly.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**23. Durmuşda gaýyn-gelin gatnaşyklarynda ahlak hukuklary we borçlary nähili paýlanylýar?:**

a) gelinde diňe borçlar;

b) gaýynda diňe hukuklar;

ç) gelinde borçlar, gaýynda hukuklar agdyklyk edýär;

d) ikisindede hukuk-borçlar deň derejede ýüze çykýar.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**24. Gelin haýsy öýüň maşgala agzasy hasaplanýar?:**

a) atasy öýüniň;

b) çykyp baran ýeriniň;

ç) ikisiniňem;

d) hiç bir öýüň, birinden çykyp gitdi, beýlekisinde - gandüşer garyndaş däl.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**25. Maşgala agzybirligi kime bagly?:**

a) gelne;

b) Maşgalabaşa;

ç) maşgalaň aýal-ebtatlaryna;

d) maşgalaň ähli agzalaryna.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**26. Är-aýalyň nikalary bozulandan soňra, adatça, olaryň çagalary ejeleri bilen galdyrylýar. Şu ýagdaýda çagalaryň kakasy olara edep-terbiýe we maddy kömek bermäge borçlumy?:**

a) bu onuň ahlak borjy;

b) bu onuň hukuk borjy;

ç) bu onuň ahlak hem hukuk borjy;

d) çagalaryna maddy kömek bermeklik onuň ahlak hem hukuk borjy.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**27. Nika bozulan halatynda aýal maşgala üçin eklenç babatda iň esasy zat näme?:**

a) äriniň çagalaryna maddy kömek berip durmagy;

b) öz ata-enesiniň we doganlarynyň maddy kömek berip durmagy;

ç) döwletiň maddy kömek berip durmagy;

d) özbaşdak eklenç çeşmesiniň bolmagy.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**28. Nikasynyň şowsuzlygy sebäpli uzak döwrüň dowamynda kösenýän aýal maşgala näme etmeli?:**

a) özüne ynamy we gaýraty bolan halatynda adalatsyzlyk bilen çaknyşykda oňyn netijelere ýetýänçä göreşip gezmeli;

b) ýagdaýy bolsa çagalar üçin çydamaly, wagt hemme kynçylyklardan üstün çykýandyr;

ç) özbaşdak ygtybarly eklenç çeşmesi bar bolanda, gowusy nikasyny bozmaly. Geljekde öňki äri ýa-da başga biri bilen durmuş gurup biler;

d) adamsynyň dogry ýola düşmeginde umydy bar bolanda, ýagdaýlar üýtgeýänçä garaşmaly.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**29. Aşakda görkezilen durmuş pursatlarynyň haýsysynda garyndaşlyk gatnaşyklary bes edilip bilner?:**

a) düýpli öýke-kine emele gelen bolsa;

b) çözülmez algy-bergi meselesi dörän bolsa;

ç) özara gyz alyp-berişmekde nägilelik ýüze çykan bolsa;

d) ar-namys meselesi ara düşen bolsa.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**30. Durmuşda maddy-ruhy goldaw ilkinji nobatda kime berilmeli?:**

a) garyndaşlaryňa;

b) ýakyn dost-ýarlaryňa;

ç) kömek sorana;

d) islendik adama.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**31. Jemgyýetde tertip-düzgüniň berkemegi üçin amatly şertler döreýär, eger-de ýaşlar:**

a) ahlak-hukuk kadalaryny düýpli öwrenseler;

b) ahlak-hukuk kadalaryny giňişleýin wagyz-ündew etseler;

ç) ahlak hukuk kadalaryny ýerine ýetirseler;

d) ahlak-hukuk kadalaryna çuňňur hormat goýsalar.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**32. Döwlet öz serişdeleriniň hasabyna ýaşlara ýardam berip biler:**

a) okuwa ýollamakda;

b) hünär saýlamakda;

ç) medeniýetli dynç almakda;

d) toý toýlamakda.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**Testleriň jogaplary:** 1-d; 2-ç; 3-d; 4-b; 5-b; 6-ç; 7-b; 8-a; 9-b; 10-a; 11-ç; 12-b; 13d-; 14-ç; 15-d; 16-a; 17-d; 18-d; 19-b; 20-a; 21-d; 22-d; 23-ç; 24-b; 25-d; 26-ç; 27-d; 28-ç; 29-d; 30-a; 31-ç; 32-d.

# II BAP
# MEKDEP DÖWRÜNIŇ AHLAK KADALARY

## 2.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän esasy gatnaşyklar

**Kämil ahlak terbiýesini almak**

***Mekdep okuwçylary kämil ahlak terbiýesini almak ugrunda üznüksiz alada etmeli.***

***Döwlet ýaşlaryň ýokary ahlakly adamlar bolup ýetişmekleri ugrunda zerur çäreleri yzygiderli durmuşa geçirýär.***

Gadymy rowaýatlaryň birinde ilki edep öwreniň, ondan soň ylym okaň, edep ylymdan belentdir, edepsiz halda ylym okasaňyz, ol ylymdan peýda bolmaz diýip aýdylýar (Ajaýyplyklaryň düri. sah.34). Eger-de ýaşlar edepli bolmasalar, aýratyn-da bilim almagyň edebini bilmeseler, bu ugurda garaşýan netijelerine ýetip bilmezler.

Mekdep okuwçylaryna ahlak terbiýesi, esasan, maşgalada we mekdepde berilýär. Ýetginjekler durmuş ýolunyň soňky döwürlerinde ahlak häsiýetlerini jemgyýetden tejribe ýoly bilen özleri alyp başlaýarlar. Belli bolşy ýaly, kämil bilim almak üçin saňa belli bir derejede tebigatyň ýardamy gerek, emma kämil ahlakly bolmak welin her kese başardýar, onuň üçin diňe şahsyýetiň islegi we irginsiz tagallalary gerek. Şu ýerde Zelili şahyryň juda jaýdar aýdan şeýle setirlerini ýatlasymyz gelýär:

Hünärmentler ussady köp görmese,
Zen – görelde, gyzlar edep görmese,
Ýigit oglanlykda mekdep görmese,
Sözlän sözi, eden işi leň bolar (Deň bolar).

Kämil ahlakly şahsyýet diýip kalbynda ahlak kadalaryna doly uýýan, şeýle hem durmuşynda ahlaksyz hereketlerden saklanýan adama aýdylýar. Adam il ýüzüne ahlakly görnüp, onuň ruhy dünýäsi çüýrük bolup biler. Şonuň üçin hem her bir şahsyýet özüniň ahlak we ruhy dünýäleriniň sazlaşygyny gazanjak bolmaly. Bu gatnaşykda esasy görkeziji hem adamyň kalbynyň arassa bolmagydyr.

Ata-babalarymyzyň: “Edepli ile ýarar”, “Adam bir ýaşar, edebi – iki” diýen ýaly pähimlerinden ugur alyp, kämil ahlakly şahsyýeti kemala getirmek maksady bilen bu ugurda türkmen jemgyýetinde, esasan, şu wezipeler hökmany ýagdaýda göz öňünde tutulýar: halkyň däp-dessurlaryny, urp-adatlaryny, edim-gylymlaryny, ýagny mentalitetini ösüp gelýän ýaş nesilleriň arasynda wagyz-ündew etmek; ahlak-hukuk kadalaryna sarpa goýmany hem-de olary gyşarnyksyz berjaý etmäni mekdep okuwçylarynyň aňyna guýmak; ata-eneňe, ýakynlaryňa hem-de jemgyýetiň islendik agzasyna we bütin jemgyýete her bir meselede ýardam bermäni geljekki nesillere öwretmek; hiç bir ýagdaýda durmuşda sussupeslige we göwnüçökgünlige ýol bermezlik häsiýetini ýaşlarda terbiýelemek.

Agzalan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek üçin mekdep okuwçylarynyň arasynda umumylaşdyrylan görnüşde, ilkinji nobatda, şu işler yzygiderli amala aşyrylýar: türkmen halkynyň mentaliteti ýaş nesle onuň taryhy köklerini inçeden yzarlamak bilen beýan edilýär; türkmen halkynyň mentaliteti beýleki halklaryň mentaliteti bilen deňeşdirilip, onuň tapawutly aýratynlyklary mekdep okuwçylaryna açylyp görkezilýär; öz halkyň mentalitetine sarpa goýmak, ony gorap saklamak we geljekki nesillere ýetirmek ýaşlara nesihat edilýär; ahlak-hukuk kadalarynyň berjaý edilmeginiň her bir şahsyýet hem-de bütin jemgyýet üçin bähbitlidigi ýaşlara düşündirilýär; ahlak-hukuk kadalaryny berjaý etmezden ösen döwleti, raýat jemgyýetini gurup bolmaýandygyny anyk mysallaryň üsti bilen ýaş nesliň aňyna guýulýar; ata-eneňe hem-de ýakyn garyndaşlaryňa ýardam etmegiň, esasan-da, maddy taýdan kömek bermegiň raýatlaryň ahlak we käbir halatlarda şol bir wagtda hukuk borjudygy mekdep okuwçylaryna öwredilýär; jemgyýetçilik bähbitleriniň şahsy bähbitlerden ileri tutulmagynyň soňlugynda her bir şahsyýetiň öz maksatlaryna ýetmegine getirýändigini ösüp gelýän ýaş nesle aýdyň görnüşde aýan edilýär; mekdep okuwçylaryna her bir işde ruhubelent, tutanýerli, başarjaň, gaýduwsyz bolmalydyklary ündelýär.

**Göreldeli okamak**

***Mekdep okuwçylary kämil bilim almak üçin göreldeli okamaly.***

***Döwlet mekdep okuwçylarynyň göreldeli okamaklary üçin ähli zerur şertleri döredýär*.**

Şahyr K. Gurbannepesowyň dogry nygtaýşy ýaly: “Öwretmek beýle bir agyr iş däldir, öwrenmek – şol juda uly wezipe” (Kynçylyk hakynda). Ýöne ýerden ata-babalarymyzyň döreden nakylynda: “Okadym diýme, bildim diý” diýilmeýär. Onsoňam şu hakykata hem anyk göz ýetirmegimiz gerek: “Bilýändirin öýtmeklik bilmegiň iň ganym duşmanydyr”.

Bilim almak, hakykatdan hem, ýaşlardan agyr zähmeti talap edýär. Her bir ýaş oglandyr gyz öz ukyplarynyň we başarnyklarynyň çäginde döwrebap bilim almaga çalyşmaly. Mekdep okuwçylary bilim almakda irginsiz tutanýerlilik görkezmeli. Ýöne ýaşlaryň hemmesi bu ugurda deň görkezijilere çykyp bilmezler, çünki tebigatyň biziň her birimize aýratynlykda beren mümkinçilikleriniň çägi bardyr. Şonuň üçin hem bilim almakda diňe gara zähmetiň hemişe ýeterlik bolmaýar, şeýle-de bolsa, mekdep okuwçylary gujurly zähmetiniň hasabyna köp üstünliklere ýetip bilerler. Bu ýerde esasy mesele hem seniň öz höwesiňe we başarnyklaryňa görä bilim almaly ugruňy deslapdan dogry saýlap bilmegiňdedir. Aýdylanlar bilen bagly Zelili şahyryň şeýle setirlerini ýatlamak jüpüne düşse gerek:

Her kim özünden bilmese,
Bilenden bilgi almasa,
Öwüt gulakda galmasa,
Miwesiz nahala meňzär (Ýele meňzär).

Eždatlarymyz: “Bilimli – ölmez, bilimsiz – gülmez”, “Bilegi zor birini ýykar, bilimi zor – müňüni” diýen ýaly dana pähimleri köp döredipdirler. Aýdylanlardan ugur alyp, innowasion häsiýetli pikir ýöretmäge ukyply, häzirki zaman tehnologiýalaryndan oňat baş çykarýan, kämil bilimli şahsyýeti kemala getirmek maksady bilen döwlet syýasatynda, esasan, şu wezipeleriň amala aşyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýär: ýurtda bilim bermegiň ýokary hilini we derejesini üpjün etmek; bilim bermegi halkara standartlarynyň talaplaryna laýyk getirmek; adam ömründe bilimiň ykbal kesgitleýji güýçdügini ýaş nesillere düşündirmek.

Bellenilip geçilen wezipeleri durmuşa geçirmek üçin şu ugurdaş işler häzirki döwürde degişli döwlet edaralary tarapyndan netijeli ýerine ýetirilýär: orta mekdebiň, şol sanda çagalar bagynyň okuw meýilnamalary, kitaplary, gollanmalary döwrüň talaplaryna doly gabat getirilip taýýarlanylýar; çagalar baglary we mekdepler işiniň ussady bolan pedagoglar bilen üpjün edilýär hem-de olaryň hünär derejeleri yzygiderli ýokarlandyrylýar; daşary ýurtlaryň bilim ulgamynyň baý tejribesi önümçilige üznüksiz ornaşdyrylyp durulýar; ýaşlaryň ýer ýüzüniň maglumat giňişliginden erkin peýdalanmaklary üçin zerur şertler döredilýär; ýaş nesliň bilim almaga bolan hyjuw -höwesini, işjeňligini, jogapkärçiligini artdyrýan çäreler durmuşa geçirilýär; mekdep okuwçylarynyň dünýägaraýşynyň we gözýetiminiň giňelmegine täsir edýän okuwdan daşary çäreler işlenip düzülýär; ýaşlara daşary ýurt dillerini öwrenmekleri üçin ähli mümkinçilikler döredilýär we beýlekiler.

Bilimli nesil – akylly nesildir. Akyl bolsa, şahsyýetiň geljekki üstünlikleriniň, bagtyýar durmuşynyň gözbaşydyr. Gymmatly ahlak çeşmesi hasaplanylýan “Kowusnama” eserinde akyl bilen mal-baýlyk toplap bolar, ýöne baýlyk bilen akyl toplap, ýagny ony satyn alyp bolmaz – diýip örän dogry aýdylýar (“Kowusnama”, sah. 26).

**Ýaşlykdan zähmete bekemek**

***Maşgala agzalary we mekdep mugallymlary mekdep okuwçylaryna durmuşda olaryň ähli geljekki üstünlikleriniň arassa-halal zähmetdedigini düşündirip, ýaşlaryň jemgyýetçilik çärelerinde, maşgala agzalary bilen bilelikde mellek we (ýa-da) kärende ýerlerinde, dürli öý-hojalyk işlerinde zähmet çekmekligi gündelik endigine öwürmeklerini gazanjak bolmaly, olara islendik halatda kyn işlerden gaçmaly däldigini öwretmeli.***

Bagtyýar zamanamyzda ata-eneleriniň hasabyna bol-elinlikde ýaşamaga öwrenen käbir ýaşlar hemişe şeýle bolmalydyr diýip düşünýärler, şol sebäpli-de geljekde durmuşyny özbaşdak guramaly boljakdyklary barada asla alada etmelidir hem öýtmeýärler. Umuman, bu ýagdaý çaga psihologiýasyna mahsus bolmaly. Şonuň üçin hem ata-eneler, jemgyýet ýaşlary arassa-halal zähmete çekmek, özbaşdak

ýaşaýşa ugrukdyrmak barada gaýragoýulmasyz işleri ýola goýmaly. Ata-eneler çagalaryna maddy baýlyklary galdyrmagyň deregine, olara halal baýamagyň ýollaryny, tärlerini öz şahsy hem-de abraýly adamlaryň tejribesine esaslanyp, hemişe öwredip durmaly. Eždatlarymyzyň: "Bar-bar işden bar, işlemedik nana zar" diýen pähimini görelde mekdebine öwürmeli.

Magtymguly atamyz: "Ulalanda iş hoş gelmez, ýaşlykda köýmän ýigide" – diýip, örän ýerlikli belläp geçipdir ("Köýmän ýigide"). Şoňa görä-de, maşgalada hem-de mekdepde mekdep okuwçylarynda zähmete söýgi döretmek üçin, olara şu ahlak häsiýetlerini günübirin öwredip durmaly: durmuşda her bir ýeňşiň, üstünligiň zähmet bilen ýetilýändigini; arassa-halal, jemgyýete peýdaly zähmet bilen meşgul bolmany; maksadyňa ýetmek üçin azap çekmäni we der dökmäni; kynçylyklardan gaçman, gaýtam olara döz gelmäni, ýeňip geçmäni, oňyn netijä ýetmäni; her bir ownuk meselede hem jogapkärçilik duýmany; jemgyýetçilik çärelerine işjeň gatnaşmany; ata-eneleri we mugallymlary tarapyndan ynanylan işi, şeýle hem üstüne alan borçnamalaryny talabalaýyk ýerine ýetirmäni.

**Sporty söýmek**

***Sporta we bedenterbiýä saglygyň girewi hökmünde garap, mekdep okuwçylary isleglerine görä sportuň anyk görnüşleri bilen meşgullanmaly, bedenterbiýe çärelerine işjeň gatnaşmaly, bolmanda, irki maşyklary yzygiderli ýerine ýetirmeli.***

***Döwlet ýaşlaryň sagdyn bedenli adamlar bolup ösüp ýetişmekleri üçin ähli möhüm çäreleri durmuşa geçirýär***.

Türkmen jemgyýetinde sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek we ony wagyz etmek döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu işiň baş maksady hem tanymal türgenleri taýýarlamak dälde, ilaty, esasan-da, ýaşlary bedenterbiýe we sport çärelerine köpçülikleýin çekmek, netijede, sagdyn bedenli hem ruhubelent adamlary ösdürip ýetişdirmek bolup durýar. Ýurdumyzda ilatyň saglyk ýagdaýyny üpjün etmekde bedenterbiýäniň hem-de sportuň ösdürilmegine we ýaşlaryň sagdyn ruhda terbiýe almaklaryna möhüm ähmiýet berilýär. Ýaşlary bedenterbiýä we sporta köpçülikleýin çekmegiň özi

olaryň ýaramaz, ýagny ahlaksyz hem-de bikanun işlere ýüz urmaklarynyň öňüni almakda degişli döwlet edaralryna we jemgyýetçilik guramalaryna uly ýardam berýär. Şeýlelikde, bedenterbiýe we sport çäreleri şol bir wagtda sagdyn ahlakly ýaşlaryň kemala gelmeginde hem görnetin oňyn täsirini ýetirýär. Sagdyn bedenli we ruhubelent adam ahlaksyz hem-de bikanun hereketleri etmeýär, tersine durmuşda olaryň garşysyna erjel göreşýär, şeýle etmek bilen hem jemgyýete uly peýda getirýär.

Sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek maksady bilen jemgyýetimizde bu ugurda, esasan, şu wezipeler amal edilýär: ýurtda döwrebap sport toplumlaryny döretmek işini ýaýbaňlandyrmak; sagdyn durmuş ýörelgesini ýaşlaryň arasynda giňişleýin wagyz-ündew etmek; türgenlerimiziň halkara sport çärelerine işjeň we netijeli gatnaşmaklaryny üpjün etmek.

Ýokarda agzalan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek üçin bu ugurda, ilkinji nobatda, şu işler giňişleýin amala aşyrylýar: ýurdumyzyň ähli künjeklerinde sport desgalaryny gurmak işi dowam etdirilýär; bedenterbiýe we sport çärelerine ilatymyz, esasan hem, ýaşlar köpçülikleýin çekilýär; halkara derejesinde geçirilýän dürli sport çärelerine türkmen ýaşlary işjeň gatnaşdyrylýar; halkara sport çäreleriniň ýeňijilerini yzygiderli sylaglap durmak meselesine aýratyn üns berilýär; baýramçylyk çärelerine bagyşlanyp, ýaşlaryň arasynda dürli sport ýaryşlary guralýar; ýaşlaryň içinde ýaramaz endik-gylyklaryň ýaýramazlygy üçin köpugurly öňüni alyş çäreleri geçirilýär hem-de sagdyn durmuş ýörelgesi wagyz-ündew edilýär we ş.m.

Ýokarda beýan edilenlerden görnüşi ýaly, bedenterbiýe we sport çäreleriniň raýatlarymyzyň zähmet ukyplylygyny berkitmekde, döredijilik hem intellektual işjeňligini artdyrmakda, ruhubelent häsiýete eýe bolmaklarynda möhüm ähmiýeti bardyr.

**Arassaçylygy söýmek**

***Mekdep okuwçylary öýlerinde, mekdepde we jemgyýetçilik ýerlerinde arassaçylyk kadalaryny berjaý etmäni endik edinmeli.***

***Ata-eneler, mekdep mugallymlary ýaşlara arassaçylygyň jemgyýetçilik ähmiýetini düşündirip durmaly, bu meselede olara şahsy görelde görkezmeli.***

Jemgyýetiň durmuş syýasatynda arassaçylyga aýratyn ähmiýet berilýär. Bilşimiz ýaly, arassaçylyk köpugurly mesele bolup durýar. Şäherlerde we gaýry ilatly ýerlerde eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, ähli edara, kärhana, guramalaryň binalarynyň we desgalarynyň, seýilgähleriniň, köçeleriniň, ýaşaýyş jaýlarynyň tämizligi döwletde dowamly gözegçilikde saklanylýar.

Arassaçylyk şahsy gigiýenanyň meselelerini hem öz içine alýar. “Arassaçylyk - saglygyň girewidir” diýen pähimi hemmämiz bilýäris. Ýaşlar ilkinji nobatda şahsy arassaçylygyň nusgasy bolmalydyrlar. Olar ýatlatmazdan wagtynda saç-sakgalyny timarlap durmaly, el -aýagynyň dyrnaklaryny wagtynda almaly, günüň dowamynda birnäçe ýola ellerini sabynlap ýuwmaly, suwa düşmeli. Ýaşlar barýan ýerine laýyklykda sadadan arassa geýinmäni başarmaly, eşikleri elmydama ütükli bolmaly. Oglanlar ýaşaýan ýerlerinde şahsy otaglaryny özleri tämizläp durmany, gyzlar bolsa, geljekki özbaşdak maşgala durmuşyna taýýarlyk hökmünde bütin öýi (howlyny) arassa saklamany endik edinmelidirler.

Mekdep okuwçylary mekdepde, köçelerde we beýleki jemgyýetçilik ýerlerinde hapa taşlamaly däl, şeýle hem hapaçylyga ýol berýän deň-duşlaryny tertibe çagyrjak bolmaly.

Ata-eneler, mekgep mugallymlary ýaşlara arassadan sada geýinmäni öwretmeli, şeýle hem gyzlara şaý-seplerini ýaş aýratynlyklaryna görä gelşikli hem ýerlikli dakynmalydyklaryny düşündirip durmaly.

Ata-eneler, mekgep mugallymlary oglan we gyz belli bir ýaşa ýetip ugranlaryndan soň bedenlerinde bolup geçýän tebigy aýratynlyklar barada olar bilen aýry-aýrylykda ýakyn ýoldaş hökmünde düşündiriş işlerini yzygiderli geçirmeli we ýaşlara degerli maslahatlary berip durmaly.

**Kiçini sylamak we ula hormat goýmak**

***Mekdep okuwçylary ata-babalarymyzdan dowam edip gelýän uly-kiçi arasynda ýüze çykýan hormat-sylagyň düzgünlerini öwrenmeli we gündelik durmuşynda olary berjaý etmeli.***

***Ata-eneler, mekdep mugallymlary ýaşlara kiçini sylamagyň we ula hormat goýmagyň jemgyýetçilik ähmiýetini düşündirip durmaly, bu meselede olara şahsy görelde görkezmeli.***

Türkmen jemgyýetinde uly bilen kiçiniň arasyndaky biri-birine bolan hormat-sylag ir döwürlerden bäri aýratyn häsiýetli bolupdyr, özi-de ýaşuly nesil tarapyndan berk gözegçilikde saklanypdyr. Hut şu sebäpden halkymyzda “Kiçisini sylamadyk, ulusyny sylamaz” diýen pähim dörän bolmaly. Ata-baba uly bilen kiçiniň arasyndaky özara sylanyşyk diňe bir maşgalanyň çäginde däl, eýsem ol bütin türkmen jemgyýetine mahsus bolupdyr. Munuň özi jemgyýetde hakyky agzybirligi, jebisligi, sazlaşygy üpjün edip gelipdir.

Häzirki günlerde hem şu kadanyň ýaşlara günübirin öwredilip gelinmegi örän wajyp bolup durýar. Ýurt derejesinde uly-kiçi özara sylanyşygy jemgyýetde tertip-düzgüniň, asudalygyň, erkana durmuşyň höküm sürmegine esas döredýär.

Türkmenlerde uly-kiçi özara sylanyşyk salamdan başlanýar. Ýolda-yzda özünden ula salam bermeýän ýaşlar edepsiz hasaplanylýar. Has beterem olaryň bu kemçiligine jemgyýetçilik tarapyndan maşgalanyň uly agzalarynyň öz ýaş nesillerine edep-terbiýe bermekde goýberen düýpli säwligi diýip düşünilýär.

Eždatlarymyz: “Edebiň ýagşysy ulyny sylamak” hem diýipdirler. Magtymguly atamyz bu pikiri ösdürip kowumlaryna şeýle wesýet edýär: “Edebiň ýagşysy ulyňy syla, ulyny aglatmak kiçä ýaraşmaz” (Ile ýaraşmaz). Türkmen jemgyýetinde islendik uly ýaşlynyň kiçä berýän tabşyrygy, edýän haýyşy, eger-de ol ahlak-hukuk kadalarynyň talaplaryna ters gelmeýän bolsa, hökman ýerine ýetirilmäge degişlidir. Mekdep okuwçylary öz mugallymlarynyň tabşyryklaryny aýratyn jogapkärçilik duýgusy bilen ýerine ýetirmeli, çünki mugallym seniň ömürboýy ýatlap gezjek halypaň bolup durýar. Munuň özi mugallymyň seniň “bilim ataň” bolany üçin şeýle edilýär. Ýaşlar özleri uly adam çykanlaryndan soňam mekdep halypalary bilen gatnaşyklaryny kesmeýärler, bolmanda, olary baýramçylyklar bilen gutlaýarlar.

Türkmençilikde ulularyň özünden kiçilere her bir durmuş meselesinde ýardam berip durmaklary parz iş hasaplanýar. Türkmen edebine laýyklykda, uly nesil ýaş nesle elmydama kömege barmaly, degerli maslahatlary berip durmaly, durmuşa ugrukdyrmaly, ýalňyşlyklaryny

düşündirmeli, howp-hatarlardan goranmagyň ygtybarly ýollaryny görkezmeli, umuman, her bir işde söýget, arka bolmaly.

**Halkyň däp-dessurlaryny, urp-adatlaryny, edim-gylymlaryny öwrenmek we berjaý etmek**

***Türkmençilik diýen düşünjä doly aň ýetirmek üçin, mekdep okuwçylary halkyň däp-dessurlaryny, urp-adatlaryny, edim-gylymlaryny, dinini, taryhyny, ýagny halkyň mentalitetini ýaşlykdan öwrenmeli.***

***Ýaşlar halkyň mentalitetine sarpa goýmaly we şahsy durmuşynda hemişe oňa goldanmaly.***

***Ata-eneler, mekdep mugallymlary, degişli döwlet edaralarynyň we ýaşlar guramalarynyň wekilleri ösüp gelýän nesillere halkyň mentalitetini anyk durmuş pursatlarynyň üsti bilen yzygiderli düşündirip durmaly.***

Taryhy geçmiş ýoluny, milli özboluşlylygyny bilmeýän halkyň şu günem, geljegem bolup bilmez. Şonuň üçin hem ilatyň, ilki bilenem ýaşlaryň öz milli mirasyny bilmegine hem-de onuň wagyz-ündew edilmegine döwlet syýasatynda aýratyn orun we ähmiýet berilýär.

Halkyň mentalitetini, ýagny onuň milli aýratynlyklaryny bilmek ýaşlar üçin her bir döwürde hem örän möhümdir, çünki jemgyýetde amala aşyrylýan ähli özgertmeler halkyň mentalitetine esaslanyp geçirilýär. Başgaça çemeleşilende, islendik ugurdaky özgertme garaşylýan netijeleri bermeýär. Her halkyň özüne mahsus mentaliteti bolýar, ýagny mentaliteti boýunça bir halk beýleki halklardan hökman tapawutlanýar. Iň bärkisi dinleri bir halklaryň-da mentalitetinde görnetin aýratynlyklary bolýar *(toý toýlamakda, ýas tutmakda we ş.m.)*.

Ahlak terbiýesini netijeli ýola goýmak üçin, ilkinji nobatda ýaş nesle biziň halkymyzyň mental aýratynlyklary aýdyň görnüşde düşündirilmeli. Halkyň mentalitetini açyp görkezmek bilen bagly filosofiýanyň özeni nämede: biz hiç bir halkdan artyk ýa-da kem däl, biz özboluşly.

Türkmen ahlagyny saklamak üçin häzirki zamanda öz milliligiňi goramagy başarmak derwaýys bolup durýar. Biz öz türkmençiligimi-

zi, ýagny milli aýratynlygymyzy saklamak üçin, ýaşlaryň arasynda meýilnamalaýyn esaslarda terbiýeçilik wagyz-ündew işlerini yzygiderli geçirip durmaly.

Gündogaryň medeniýetinde hem her bir halkyň öz milli däp-dessurlaryny bilmeklerine, olara hormat goýmaklaryna hem-de berjaý etmeklerine aýratyn ähmiýet berilýär. Çünki, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, diňe milli özboluşlylygy, medeniýeti boýunça halklary biri-birinden tapawutlandyryp bolýar.

**Dostuňa (joraňa) we söýgiňe wepaly bolmak**

***Mekdep okuwçylary ýaşlykdan dostuna (jorasyna) we söýgüsine wepaly bolmany öwrenmeli.***

***Ata-eneler, mekdep mugallymlary ýaşlara dostuna (jorasyna) we söýgüsine wepaly bolmagyň ähmiýetini düşündirmeli hem-de olara bu meselede şahsy görelde görkezmeli.***

Türkmeniň taryhyny yzarlasaň, dostuňa (joraňa) we söýgiňe wepaly bolmaklyk mukaddes hasaplanypdyr. Megerem, söýgem dostlukdan başlanyp, onuň aýratyn bir kämillige ýeten derejesi bolmaly. Aslynda ynsan gatnaşyklarynda wepalylyk türkmeniň häsiýetli aýratynlygy bolupdyr. Magtymguly akyldar: "Köňlüň tapan dost ýolunda jan bergil" – diýip, halka ündew edipdir ("Kär bile"). Meşhur "Kowusnama" kitabynda bir danadan: "Dost gowumy, dogan?" diýip soranlarynda, ol: "Dost bolan dogan ýagşydyr" diýip jogap beripdir ("Kowusnama", sah. 124). Şu sorag-jogapdan görnüşi ýaly, dogana taý ýok, ol şol barmana seniň syrdaşyňam bolsa, onda bagtyň çüwdügi, ýöne gardaşyna nepi degmeýän dogandan dostuň ýakyndygy barada netije gelip çykýar. Ata-babalarmyz hem: "Gadyr bilmez gardaşdan, gadyr bilen ýat ýagşy" diýipdirler. Gündogaryň ahlagynda dost gatnaşyklary şeýle häsiýetlendirilýär: "Dost aç üçin – azyk, hassa üçin – derman, beden üçin – dem". Mekdep okuwçylary üçin ýokarda beýan edilen pelsepewi pikirler görelde mekdebi bolmalydyr.

Adatça, jemgyýetde şahsy häsiýetli jemgyýetçilik gatnaşyklary şol bir wagtda ahlagyň we hukugyň kadalary bilen düzgünleşdirilýär. Mysal üçin, ata-eneňe ýa-da çagalaryňa maddy kömek bermek borjy. Milletiň az sanly bölegi aýdylany özleriniň hukuk borjy hökmünde

ýerine ýetirýän bolmaly, ilatyň aglaba köplügi bu ýagdaýy ýakynlarynyň öňündäki ahlak borjy diýip kabul edýärler.

Bu gatnaşyklardan tapawutlylykda dost (jora), söýgi gatnaşyklary diňe ahlak kadalary bilen düzgünleşdirilýär. Dostuňa (joraňa), söýgiňe biwepalyk edeniň bilen garşyňa hiç hili mejbury çäreler ulanylmaýar, ýöne sen köpçüligiň öňünde at-abraýdan düşýärsiň. Bilşimiz ýaly, türkmenlerde at-abraý adamzat ýaşaýşynyň many-mazmunyny düzýän esasy görkeziji bolup durýar. Jemgyýet seniň kanunyň öňündäki etmişleriňi geçip biler, ýöne abraýsyz adam hemişe jemgyýetiň iň pislän adamsy bolup galýandyr.

Adam ýaşlykdan herki kyn gününde özüne ýardam berip biläýjek wepaly dost (jora) tutunjak bolmaly. Atalar pähiminde “Suw akar – daş galar” diýilýär. Hakyky, ygtybarly dostlar hem şol kimindir. Olar şat gününde-de, gamgyn pursatlaryňda-da seniň ýaranlaryňdyr. “Ýetişiň!” diýip çagyrmak gerek däldir. Özi-de könelerimiziň ýerlikli belleýşi ýaly, bu gatnaşyklarda: “Çyn dost bähbit gözlemez”. Dost (jora) meselesinde ýene-de bir hakykata anyk göz ýetirmegimiz möhüm. Dost (jora) gatnaşyklarynyň dowamly bolmagyny isleýän bolsaň, dostuň pes taraplaryny görmezlige salmany, onuň ýol berýän säwliklerinem bagyşlamany başarmaly.

Dogry, bu bagtyň hemmä ýetdirmeýän bolmagy-da ähtimal. Ýöne ýerden eždatlarymyz “Don tapmak – asan, dost tapmak – müşgil” – diýen däldirler. Hamrak dost (jora) tapylmadymy, gynanmaga esas ýokdur. Maşgala agzalarynyň we ýakyn garyndaşlaryň içinde olaryň ýerini kemsiz doldurjaklar bardyr. Onsoňam saňa ata-eneňden zyýada hem mährem dost (jora) boljak ymmatda tapylmaz.

**Zähmet ýoluňy dogry saýlamak**

***Mekdep okuwçylary ýaşlykdan öz ukypdyr başarnyklaryna görä geljekki zähmet ýoluny dogry saýlamak barada alada etmeli.***

***Ata-eneler, mekdep mugallymlary mekdep okuwçylaryna bu meselede tejribeli maslahatçylar hökmünde kömek bermeli.***

***Döwlet ýaşlaryň öz başarnyklaryny we ukyplaryny ýüze çykarmaklaryna ýardam bermek üçin degişli işleri alyp barýar.***

Her bir şahsyýet tebigatyň indi gaýtalanmajak “sungat eseri” bolup durýar. Şahyr Kerim Gurbannepesow: “Eger men äleme inmedik bolsam – şol ýeri eýeläp bilmezdi hiç kim” diýip dogry belleýär (“Kyrk”). Şu hakykatdan ugur alnanda, seniň durmuşyň başga bir şahsyýetiň ömür ýoluna dolulygyna meňzäp bilmez, ony gaýtalajak hem bolmaly däl. Sen öz ukyplaryňa hem başarnyklaryňa görä ýaşamaly, özüňçe durmuşyň hözirini görmeli. Şu ýerde Magtymguly atamyzyň deňeşdirme äheňde aýdan şeýle parasatly setirlerini ýatlasyň gelýär: “Diýseler: “Atlan-ha atlan!” Süňk çenäp iýr arda syrtlan” (“Baş üstüne”).

Ata-babalarymyz: “Boljak oglan ýaşlygyndan bellidir” diýip, örän ýerlikli belläpdirler. Şu pähimden ugur alyp, ýetginjekleriň köňül arzuwlaryny ölçerip-döküp, ata-eneler ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar ýaşlara durmuş ýoluny dogry saýlap almakda tejribeli adamlar hökmünde degerli maslahatlary berip bilerler. Şeýle-de bolsa, her halatda bu ykbal kesgitleýji meselede gutarnykly netijäni ýaşlaryň özleri çykarmalydyrlar. Seniň içki arzuw-hyýallaryňy, şahsy mümkinçilikleriňi özüňden gowy ölçerip biljek ýokdur. Şonuň üçin hem her bir ýetginjek şahyr G.Ezizowyň şu pelsepewi häsiýetli soraglaryna ynamly jogap bermäge taýýar halda bolmaly:

Men haýsy duzakda,
Haýsy ýoldakam?
Durmuşdan uzakda
Niçik ildekäm? (“Myhmançylykda aýdylan tost”).

Adamyň ömrüni, esasan-da, onuň zähmet ýoluny meýilleşdirmek mekdep ýyllaryndan başlanýar. Durmuşda her bir ýaş oglan ýa gyz islegi bolan ýagdaýynda ýokary ýa-da orta hünär mekdebine okuwa girmek üçin, orta mekdepde bilim alýan döwründen şahsy mümkinçiliklerinden, ukypdyr başarnyklaryndan ugur alyp, geljekde öz höwes edip zähmet çekip biläýjek ugruny kesgitlemäni başarmaly. Maksadyna ýetmek üçinem degişli okuw mekdebiniň synag tabşyrylýan dersleri boýunça ýörite taýýarlanan şahsy meýilnamasy esasynda bilimini ýyllaryň dowamynda üznüksiz artdyryp gezmeli.

Geljekde okuwyny dowam etdirmäge höwesi bolmadyk ýaşlar öz ukyplaryna we başarnyklaryna görä bütin ömrüne yhlasly işläp biläýjek hünärini saýlamanyň aladasyny etmeli. Bu topara degişli ýaşlaryň arasynda öz zähmetiniň netijeliligini ýokarlandyrmak isleýänleriniň içinde ýörite hünär okuw mekdeplerinde ýa-da gysga möhletli okuwlarda bilimlerini artdyrmak zerurlygy hem ýüze çykyp biler.

Maksadyna ýetmek üçin adamyň özüne berk ynamy bolmaly hem-de bu ugurda erjel we tutanýerli göreşmeli, ýadamany-ýaltanmany bilmeli däl, kynçylyklardanam gaçmaly däl. Ýene-de bir wajyp zat, etjek hereketleriň yzygiderligini dogry meýilleşdirmäni başarmaly. Munuň özi adam ömründe wagt utmak üçin örän zerurdyr. Şeýle ýoldaky adam haçan-da bolsa hökman arzuwlan durmuşyna ýetäýmeli.

**Wagty tygşytly ulanmak**

***Mekdep okuwçylary ýaşlykdan wagty tygşytly ulanmany endik edinmeli.***

***Ata-eneler, mekdep mugallymlary ýaşlara wagtyň adam ömründe tutýan ornuny we ähmiýetini anyk mysallaryň üsti bilen düşündirip durmaly.***

Wagt ynsan üçin maddy baýlyklardan hem ýokarda durýan iň gymmatly hazynadyr. Islendik baýlyk ýaly, ol özüniň tygşytly ulanylmagyny talap edýär. Zemin ýaşaýşynyň aýratynlykda biziň her birimize ömür sürmek üçin ölçenip berlen wagty ynsanyň wagt baýlygydyr. Adam ömrüniň her bir döwründe diňe şol pursatda etmeli işleri bolýar, olary amal etmegiň wagtyny öňe-yza çekip bolmaýar.

Adam ömri ýyldyrym çaltlygynda geçýär, wagtyň yzyndan kowalap ýetjek ýa-da öwezini doljak gümanyň ýok. Dört müň dört ýüz ýyl ýaşan Lukman Hekimden ömrüniň nähili geçendigini soranlarynda, ol: “Ylgap barýan keýigiň kölegesinde kölegelän ýaly” – diýip, jogap beripdir. Eždatlarymyzam: “Wagtda jylaw bolmaz” ýa “Wagt gitdi – nagt gitdi” diýip örän dogry aýdypdyrlar. Wagty agyzdyryklamagyň diňe bir ýoly bar, ol hem ony rejeli ulanmany başarmak, ugruna düşse, tygşytlamak, ýagny ertir etmeli işleriňi şu gün berjaý

kylmak. Gündogaryň medeniýetindede wagt babatda şeýle ýerlikli sargyt edilýär: “Wagt bilen duşmançylyk etmäň, ýogsam ol hem siz bilen duşmançylyk eder we sizden üstün çykar”.

Mekdep ýyllaryňda seniň esasy wezipäň kämil bilim we ahlak terbiýesini almak bolup durýar. Alan kämil sowat-terbiýäň täsiri seniň durmuşyň soňky tapgyrlarynda mese-mälim duýulýar. Wagty tygşytly ulanan adam aladasyz-gaýgysyz erkana ömür sürýär, jemgyýete hem diňe peýda getirýär. Munuň özi bilimiňi artdyryp, halal zähmet ýoluna düşmekde-de, berk maşgala gurmakda-da, nesil terbiýeläp ýetişdirmekde-de saňa örän ygtybarly binýat bolup, durmuşyňa güýçli itergi berýär. Wagty tygşytly ulanmazlyk ömrüňi bimany ýaşamakdyr. Onsoňam bu ýagdaý seniň durmuş ýoluňda birgiden şowsuzlyklaryň we betbagtçylyklaryň gözbaşy hem bolup biler.

Wagty rejeli ulanmagyň ilkinji ädimleri zemin ýaşaýşynyň her döwrüniň özboluşly durmuş maksatlaryny dogry kesgitlemekden başlanýar. Soňra şol maksatlardan gelip çykýan wezipeler anyklanylyp, olaryň her haýsy bilen bagly hökmany amal edilmeli işler meýilleşdirilýär. Şu ýerde baş mesele hem her döwrüň öz ululy-kiçili maksatlaryny wajyplygyna görä belli bir logiki yzygiderlilikde aýdyň görnüşde anyklaşdyrmak bolup durýar.

**Kynçylyklara döz gelmek**

***Mekdep okuwçylary ýaşlykdan kynçylyklara döz gelmäni endik edinmeli.***

***Ata-eneler, mekdep mugallymlary ýaşlara kynçylyklardan gaçman, tersine olar bilen aýgytly göreşmäni öwretmeli.***

Adatça, ynsan çagasy kynçylyklar bilen sataşmany känbir isläp baranok. Ýöne ol, köplenç, görme-görşe soraşman gelýär, törüňde goş basyp ýatyp bilýär. Onsoň isleseň-islemeseň onuň bilen göreşmeli bolýar. Aslynda kynçylygy ýeňip geçäýmek aňsat iş däl. Şeýle-de bolsa, kynçylyga uçran adamyň ejizläni, irginsiz nalany bilen onuň durmuşy gowulyga tarap özgerip barmaýar. Adam iň bir kyn gününde hem ruhdan düşmejek bolmaly. Her bir şahsyýetiň kynçylyga döz gelmegi we üstünlige ýetmegi diňe onuň özüne bagly. Kyn gündäki adam garaňky gijäniň ýagty güne ornuny

berýändigini, gyş paslynyň yzyndan hökman kalbyňy heýjana getirýän baharyň gelýändigini unutmaly däl. Şahyr G. Ezizow ynsan durmuşynda şahsyýet bilen kynçylygyň arasyndaky göreşi özüniň şu filosofiki garaýşynda örän dogry jemläpdir: “Kynçylyk ýok, ejizlik bar dünýäde” *(“Seni söýdüm...”)*.

Kynçylyga düşen adam ejizlese, onuň perişan ýagdaýy has-da ýaramazlaşýar, durmuşy müdimilik gara buluda bürenýär. Şu ýagdaýdan bir çykalga, ol hem şükürana bolup, umydyňy ýagşy zatlara dikmekdir. Özi-de şu haldaky ynsan ýagtylyga çykmak, ýaz paslyna ýetmek üçin garaşmaly däl-de, göreşmeli. Çeper eserlerden we filmlerden belli bolşy ýaly, şahsyýetiň tutanýerliligi we bimöçber yhlasy netijesinde ertekiniň hakykata öwrülýän pursatlary kändir. Hatda, lukmanlaryň nepi degmedik hassalaryň öz çäksiz ynanjy we gujur-gaýraty bilen agyr kesellerden saplanyp, dünýä täzeden gaýdyp gelip, mynasyp durmuşda ýaşaýandyklarynyň anyk mysallary ilçilikde duş gelýändir. Gündogaryň ahlagynda kynçylyklary başdan geçirýän adamyň sabyrlylyk görkezip ýagşy zatlara umydyny dikse, ol hökman maksadyna ýetýär diýen ynamly garaýyş bar.

Diýmek, kynçylygyň çözgüdi ejizlikde, gaýgy-gussada, ahy-nalada, gözýaşda däl-de, eýsem seniň tutanýerliligiňde, ugurtapyjylygyňda, kynçylyga döz gelmegiňde, ýagny şüküriňde we sabryňda jemlenendir. Ynsan kynçylygyň garşysyna hökman göreşäýmeli, başgaça bolanda ýeňliş gutulgysyzdyr. Jemgyýet hem seniň ejizligiňi oňlamaz, sen kyn günüňde ýeke galarsyň, netijede bolsa, durmuşyňy bimany ýaşarsyň.

Kynçylykda adam durmuşyň ajysyna-süýjüsine tiz göz ýetirýär, ir kämil çykýar, ýaşytdaşlaryna görä dünýägaraýşy giň bolýar, adamlar bilen has mährem gatnaşýar, onuň jogapkärçilik duýgusy hem saldamly gelýär. Şonuň üçin hem ýaşlara durmuş ýolunyň ilkinji ädimlerinden başlap kynçylyklar bilen dözümli göreşmegiň tärlerini öwretmeli. Şahyr K. Gurbannepesow aýtmyşlaýyn: “Uly kynçylyga mahsus adamlar, oňa oglanlykdan bolarmyş taýýar” (“Kynçylyk hakynda”).

**Özüňe erk etmek**

***Mekdep okuwçylary ýaşlykdan özüňe erk etmäni endik edinmeli.***

***Ata-eneler, mekdep mugallymlary ýaşlara özüňe erk etmäniň ygtybarly ýollaryny öwretmeli, bu meselede olara şahsy görelde görkezmeli.***

Danalarymyz: "Özüne erk etmäni başaran adam, islendik işiň hötdesinden geler" diýip dogry aýdypdyrlar. Elbetde, her bir işde bolşy ýaly, bu ugurda hem ilkinji ädimleriňi ätmek juda kyn bolmaly, ýöne ädim ädildigiçe, adamyň özüne ynamy bekeýär, hereketleri çaltlaşýar hem sazlaşýar, görnetin netijeler mese-mälim duýlup başlanýar. Netijede, şahsyýetiň özüne bolan hormaty artýar, ol herki işe has-da hyjuwly, tutanýerli, gaýduwsyz, paýhasly ýapyşýar.

Sözüň doly manysynda erkli adam bolup ýetişäýmek durmuşda juda çylşyrymly mesele. Her bir ynsanyň irili-ownukly kyn görýän, halamaýan zatlary bolýar *(eşikleriňi ütüklemek, mellekde işlemek we ş.m.)*. Diýmek, aýdylan işleri seniň ýeriňe biri etmeli bolýar. Şahsy kemçiliklerinden arany açmak isleýän her bir adam özünde erkliligi terbiýelemelidir. Ýokarda agzalanlaryň hötdesinden üstünlikli gelmek üçin, sen özüňe erk etmäni hem buýurmany başarmaly. "Şu pursatdan men özümi erkli adam hasaplaýaryn" – diýeniň bilen, sen şeýle adama öwrülmeýärsiň. Bu kyn wezipe, özi-de senden dowamly çydamlylygy, başarjaňlygy hem tutanýerliligi talap edýär. Merdiwanyň iň soňky basgançagyna ýetmek üçin ilki aşakdan ýokarlygyna onuň beýleki basgançaklaryny geçmeli. Diňe şeýdip beýge çykylýar, üstünlige ýetilýär.

Erksizlik ahlak nukdaýnazaryndan ýazgarylmaga degişlidir. Jemgyýetde şahsy erksizligiň ýaýramagyna ýol berilmeli däl. Şu ýerde ata-babalarymyzyň nesillerine eden şu pähimli sargydyny ýatlamak örän ýerliklidir: "Eliňden erkiňi aldyrma, ýüzüňden – görküňi". Jemgyýetçilik ýazgarmasy islendik şahsyýetiň öz hereketleri barada oýlanmagyna, dogry ýola düşmegine esas döredýär. Jemgyýetçiligiň täsiri netijesinde şahsyýetiň ahlak kadalaryna hormat goýup we olary üýtgewsiz berjaý edip başlamagy, onuň öz hereketlerine erk etmäge girişip ugramagynyň anyk subutnamasydyr.

Durmuşda şahsy erksizligiň oňlanylmaýan görnüşde ýüze çykmalarynyň mysallary kän: çilim çekmek, nas ulanmak, spirtli içgileri içmek we ş.m. Erksiz adam diňe bir özüne däl, eýsem maşgala agzalary hem-de jemgyýet üçin birgiden oňaýsyzlyklary döredýär. Mysal üçin, çilimkeşiň öz daş-töweregindäkileriň saglygyna ýetirýän zyýany barada hemmämiz bilýäris. Nas ulanmaklyk arassaçylygyň we şahsy gigiýenanyň talaplaryna garşy gelýär hem-de medeniýetsizligiň iň gelşiksiz görnüşde ýüze çykmalarynyň biri hasaplanýar. Spirtli içgileri içýän şahsyýetiň jemgyýete ýetirýän zyýany sanardan köp bolsa gerek, iň gynançly ýeri-de durmuşda serhoş haldaky adam dürli jenaýatlaryň sebäpkäri bolup bilýär.

Ata-eneler, mekdep mugallymlary ýaşlara özlerine erk etmäni wagyz-ündewiň üsti bilen yzygiderli öwredip durmaly, ýöne haçan-da şu işde şahsy göreldä eýerilende, ol has-da netijeli durmuşa ornaşýar.

**Sözüň eýesi bolmak**

***Mekdep okuwçylary ýaşlykdan sözüniň eýesi bolmany başarmaly.***

***Ata-eneler, mekdep mugallymlary ýaşlara sözüniň eýesi bolmanyň ähmiýetini düşündirmeli, bu meselede olara şahsy görelde görkezmeli.***

Türkmenler her döwürde hem ygrarly halk bolan. Ata-babalarymyz öz bähbitlerine göz-görtele ters gelýän-de bolsa, beren sözünden hiç bir ýagdaýda dänmän, aýdan sözüniň yzynda durar ekenler. Türkmenler: “Ýigit sözi bir bolar” ýa “Ýigit sözi bir gerek” diýen ýaly pähimlerden ugur alyp, öz nesillerini terbiýeläpdirler. Sözüne jogap berýän adam dogruçyl, asylly, salykatly hem wepaly bolýar. Onuň bilen başlan işiň turuwbaşdan rowaç alýar, ahyry-da berekete, rysgal-döwlete ýazýar. Jemgyýetde sözüň eýesi bolmak abraý-mertebeden, sylag-hormatdan nyşandyr. Häzirki döwürde hem ygrarlylygyň jemgyýetçilik gatnaşyklarynda möhüm ähmiýeti bardyr.

Ygrarsyz adamy onuň ýakynlaram, jemgyýetem pisleýär. Her kim olary özünden daşda saklajak, oňarsa şeýle häsiýetli adamlar bilen iş salyşmajak bolýar. Ähtine wepasyz adam ynsapsyz bolýar, iş bitirme-

giň ýerine elmydama bahana gözleýär. Ýalançylyk häsiýetine geçen adamyň ady tutulanda yzyndan hökman “ýalançy” lakamy goşulýar.

Dogry geplemek, ýalan sözlemezlik, ygrarly bolmak häsiýeti türkmen ýaşlaryna ilkinji nobatda öwredilýän ahlak sypatlarynyň biri bolup durýar. Haçan-da bolsa bir gün garyň eremegi bilen ýeriň görnüşi ýaly, ýalanam hökman daşyna çykýar. Eždatlarymyz: “Ajy hem bolsa, çyn söz ýagşy” ýa “Ýalan sözlän tutular, dogry sözlän gutular” diýip, nesillerine dogry sözli bolmaklygy wesýet edipdirler. Magtymguly Pyragy hem öz şahyrana setirlerinde: “Uzak il içinde gezmez ýalan söz, ýaman niýet bilen uzaga gitmez” diýen netijä gelýär (“Gulagyn tutmaz”). Bu ýerde beýik akyldarymyz ýalanyň ýaman pälden edilýändigini, onuňam ömrüniň çäklidigini halka düşündirýär.

Musulman dünýäsinde hem islendik ýagdaýda her näçe ajy bolsa-da, hakykaty aýtmaklyk, ýalan sözlemezlik, ygrarly bolmaklyk ündelýär.

**Edepli bolmak**

***Mekdep okuwçylary ýaşlykdan ahlak kadalaryna laýyklykda özlerini edepli alyp barmaga çalyşmaly.***

***Ata-eneler, mekdep mugallymlary ýaşlara adam gatnaşyklarynda özüni edepli alyp barmagyň jemgyýetçilik ähmiýetini düşündirmeli hem-de olar üçin edepliligiň nusgasy bolmaly.***

Türkmen jemgyýetiniň irki döwürlerinde hem edep kadalaryna möhüm ähmiýet berlipdir. Edep kadalary hem, edil ahlak kadalary ýaly, halkyň mentalitetine esaslanýar hem-de şondan gelip çykýar. Şol sebäplem türkmen edebi beýleki halklaryň edep kadalaryndan özboluşly tapawutlanýar. Öz gezeginde edepliligiň ahlakdan gaýdýandygyny, ahlagyň durmuşda ýüze çykmasynyň dereje görkezijisi bolup durýandygyny şu kitapda beýan edilen ahlak kadalaryndan hem görmek bolýar. Hakykatdan-da, erkli, çydamly, utanç-haýaly, ygrarly, pespäl, geçirimli, ugurtapyjy, öňdengörüji bolmak hem-de beýleki ahlak kadalarynyň talabalaýyk berjaý edilmegi aslynda edeplilikden nyşandyr. Edep kadalarynyň talaplary doly we dogry berjaý edilen-

de, her bir adam ýokary ahlakly hem medeniýetli şahsyýet hökmünde jemgyýetde uly abraý-mertebä eýe bolýar, dowamly üstünliklere ýetýär. Ata-babalarymyz: “Edep bilen bagt tapylar, sabyr bilen tagt” diýip juda ýerlikli aýdypdyrlar.

Durmuşda edep kadalarynyň berjaý edilişi şahsyýetiň her bir hereketinden ýa-da edepsiz hereketden saklanmagyndan aýdyň görünýär. Özi-de erkek kişiniň we zenan maşgalanyň edebiniň öz tapawutly taraplary bolýar, şeýle hem şahsyýetiň ýaşyna baglylykda, edebiň ýüze çykmasynyň öz häsiýetli aýratynlyklary bardyr. Aýdalyň, salamlaşmakda, märekede özüni alyp barmakda, özünden uly-kiçiler bilen gatnaşyklarda we ş.m. Görşümiz ýaly, durmuşda edeplilik adamyň hereketleriniň ýa-da olardan saklanmagynyň netijesinde ýüze çykýar. Herki ynsan edep kadalaryny, esasan, durmuşdan öwrenýär. Ýöne ýerden danalarymyzyň pähiminde: “Edebi kimden öwrendiň, biedepden” diýip aýdylmaýar. Beýan edilen pikirleriň dogrudygyny Magtymguly akyldaryň şu dana setirlerinden hem görmek bolýar: “Her ýigidiň aslyn bileý diýseňiz, märekede otur-turuşyn görüň” (“Otur-turuşyn görüň”).

Hormatly Prezidentimiziň kämil ahlaklylygy wasp edýän “Döwlet guşy” romanyna ýüzlenip görsek, onuň gahrymanlarynyň ählisiniň diýen ýaly keşpleri türkmen edebiniň özboluşly milli aýratynlyklaryny özünde jemleýär. Bu gymmatly eser ata-enä, gyz-gelinlere, ýaşulula ra hem kiçilere, ýakynlaryňa hem dost-ýarlaryňa sylag-hormat goýmagyň, ýagny edepliligiň nusgasy bolup hyzmat edýär.

Umuman, agzalan kitabyň ähli mazmuny edebe ýugrulandyr. Ondaky käbir edep öwüt-ündewler guwanmaga, buýsanmaga, öýkünmäge has-da mynasyp bolup görünýär. Mysal üçin, ýaş Mälikgulynyň öz käbesine ýüzleniş edebi, onuň aýdanlaryny aňryýany bilen gyşarnyksyz ýerine ýetirişi ýa-da Berkeli aganyň öz ýarawsyz aýaly hem ogly bilen gepleşmek edebi okyjylarda aýratyn täsir galdyrýan bolmaly. Elbetde, türkmen ýaşlary üçin bu şahsyýetlerden edeplilik babatda öwrenmäge, häsiýetiňe siňdirmäge zat kän.

## 2.2. Mekdep döwrüniň ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar




**1-nji çyzgy**




**2-nji çyzgy**


Höwes edýän ugruňy
dogry kesgitlemäni başarmaly
1
Tebigy ukyplaryň we başar-
nyklaryň çägini bilmeli
2
Köp okamaly we
bilesigeliji bolmaly
3
Kynçylyklaryň öňünde
ejizlemeli däl
4
Erkli we sabyr-
takatly bolmaly
5
Daşary ýurt dillerini bilmeli
we edebiýatlaryny okamaly
6
Dünýäde bolup geçýän
zatlardan habarly bolmaly
7
Innowasion häsiýetli pikir
ýöretmäge ukyply bolmaly
8
Döwrebäp tehnologiýalardan
baş çykarmaga ymtylmaly
9
Özüňi kanagatlan-
dyrýan bilim almak
üçin, esasan,

**3-nji çyzgy**


Bilimli ýaşlary taýýarlamak üçin döwlet, esasan,
1
Döwrebap okuw binalaryny, toplumlaryny gurýar
2
Mekdepleri kompýuterler we iň kämil innowasion tehnologiýalar bilen üpjün edýär
3
Halkara standartlaryna doly gabat gelýän okuw maksatnamalary, okuw kitaplary we gollanmalary bilen mekdepleri üpjün edýär
4
Mekdepleri kämil taýýarlykly mugallymlar bilen üpjün edýär we olaryň hünär derejelerini yzygiderli ýokarlandyrýar
5
Öňdebaryjy dünýä tejribesini okuw öňümçiligine yzygiderli ornaşdyryp durýar
6
Okuwçylaryň dünýä garaýşyny we gözýetimini giňeldýän gurnaklary açýar
7
Okuwçylaryň daşary ýurt dillerini öwrenmeklerine aýratyn üns berýär
8
Okuwçylaryň mynasyp dynç almaklary we saglyk-laryny berkitmekleri üçin zerur şertleri döredýär
9
Tapawutlanan okuwçylary daşary ýurtlara okuwa ýollaýar

**4-nji çyzgy**




**5-nji çyzgy**




**6-njy çyzgy**


Ýaşlaryň bilmeli esasy arassaçylyk kadalary
1
Saç-sakgalyna timar berip durmaly
2
El-aýagynyň dyrnaklaryny wagtynda alyp durmaly
3
Günüň dowamynda ellerini birnäçe ýola sabynlap ýuwmaly
4
Günde suwa düşmeli
5
Egin-eşiklerini tämizläp durmaly we ütükli geýmeli
6
Öýüňi we howlularyňy arassa saklamaly
7
Mekdepde we jemgyýetçilik ýerlerinde hapaçylyga ýol bermeli däl
8
Hapaçylyga ýol berýän deň-duşlaryny tertibe çagyrjak bolmaly

**7-nji çyzgy**




**8-nji çyzgy**




**9-njy çyzgy**




**10-njy çyzgy**




**11-nji çyzgy**




**12-nji çyzgy**




**13-nji çyzgy**


Ýetginjek maksadyna ýetmek üçin, esasan,
1 Ilki ony ukypdyr başarnyklaryna we mümkinçiliklerine görä dogry kesgitlemeli
2 Özüne berk ynamy bolmaly
3 Hiç kim we hiç bir zat ony maksadyna alyp barýan ýoldan sowup bilmeli däl
4 Etjek işlerini dogry meýilleşdirmeli
5 Wagtyny tygşytly ulanmaly
6 Erjel we tutanýerli bolmaly
7 Armany-ýadamany bilmeli däl
8 Kynçylyklary ýeňip geçmeli
9 Sabyrly bolmaly

**14-nji çyzgy**


Ýetginjegiň wagt babatda esasy bilmeli hakykatlary şulardyr
1
Wagty bisarpa tutma, ony yzyna dolap bolýan däldir
2
Wagty “baýlyk” hökmünde kabul etmeli
3
Wagty durzup bolanok, şonuň üçinem işleriňe ýetişjek bolmaly
4
Wagty tygşytly ulanmak üçin ony meýilleşdirmeli
5
Wagty tygşytlamak üçin ertir etmeli işleriňi şu gün etjek bolmaly
6
Wagtyň her bir pursadyny peýdaly işlere gönükdirmeli
7
Wagt bilen oýun edýän adam hökman utulýandyr, betbagtçylyklara uçraýandyr
8
Wagty tygşytly ulanmaklyk ähli üstünlikleriň gözbaşydyr, binýadydyr, kepilidir
9
Ömrüniň başynda wagty rejeli ulanan adam, onuň soňunda rahat durmuşda ýaşaýandyr

**15-nji çyzgy**


Ejizlemeli däl
1
Ruhdan düşmeli däl
2
Kynçylyga uçran ýetginjegiň esasy bilmeli zatlary
Ýagdaýyna kanagat etmeli
3
Ýagşy umytda bolmaly
4
Ugurtapyjy bolmaly
5
Maksada okgunly hereket etmeli
6
Yhlas görkezmeli
7
Sabyrly adam maksadyna hökman ýetýändir
8
Kynçylykdan özbaşdak çykjak bolmaly. Şonda durmuşyňda soň dörän kynçylyklar bilen göreşmek aňsat düşýär
9

**16-njy çyzgy**


Kynçylyklary başyndan geçiren adam
1
Durmuşyň ajysyna-süýjüsine tiz göz ýetirýär
2
Ýaşytdaşlaryna görä durmuşa has taýýarlykly bolýar
3
Her bir işe jogapkärçilikli çemeleşýär
4
Her bir üstünlige zähmet bilen ýetilýändigine düşünýär
5
Hemişe paýhasly hereket edýär
6
Hiç wagt hüşgärligi elden bermeýär
7
Elmydama seresap hereket edýär
8
Adamlar bilen mähirli gatnaşýar
9
Geçirimli bolýar
10
Pespäl bolýar
11
Ähli durmuş pursatlarynda şükürli-sabyrly bolmaga çalyşýar

**17-nji çyzgy**


Erkli adamyny häsiýetlendirýän esasy sypatlar
1 Özüne buýrup bilýär
2 Özüni mejbur edip bilýär
3 Kynçylyklara döz gelip bilýär
4 Mert bolýar
5 Çydamly bolýar
6 Özüne ynamy güýçli bolýar
7 Namysly bolýar
8 Abraýa dalaş edýär
9 Tutanýerli bolýar
10 Gaýratly bolýar
11 Yhlasly bolýar
12 Gaýduwsyz bolýar

**18-nji çyzgy**




**19-njy çyzgy**




**20-nji çyzgy**


Edepli adamyny häsiýetlendirýän esasy görkezijiler
1 Kämil ahlaga eýedir. Ahlaksyz adam edepli bolup bilmez
2 Jemgyýete diňe peýda getirýändir
3 Çagalary göreldelikdir
4 Durmuşy guwanarlykdyr
5 Üstünlikler oňa hemişe ýarandyr
6 Medeniýetlidir
7 Abraý-mertebelidir
8 Başgalara nusgalykdyr

**21-nji çyzgy**

## 2.3. Mekdep döwrüniň ahlak kadalary bilen bagly testler

**1. Adam üçin ilkinji nobatda has wajyp:**
a) edep almak;
b) bilim öwrenmek;
ç) ikisem;
d) ilki edep almak, soň bilim öwrenmek.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**2. Jemgyýete ähli babatda peýda getirýär:**
a) edepli adam;
b) bilimli adam;
ç) edepli hem bilimli adam;
d) ikisem deň derejede.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**3. Ilçilikde käbir adama ukyp tebigy berlen diýip aýdylýar. Tebigatyň ýardamy (täsiri), esasan:**
a) kämil bilim almak üçin gerek;
b) kämil edepli bolmak üçin gerek;
ç) ýagdaýa görä bilimli ýa-da edepli bolmak üçin gerek;
d) ikisi üçin hem deň derejede zerur.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**4. Bilimi öwretmek has kynmy ýa-da öwrenmek:**
a) öwretmek;
b) öwrenmek;
ç) ikisem;
d) biri üçin öwretmek, beýlekisi üçin öwrenmek.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**5. Aýdalyň, okuwçylar birmeňzeş şertlerde we anyk çäkli wagtyň dowamynda belli bir ders boýunça bilim almak ugrunda tutanýerli, arassa-halal okapdyrlar. Olaryň hemmesi şol bir görkezijilere ýetip bilerlermi:**
a) hawa, şeýle bolup biler;
b) ýok, sebäbi hemmesiniň okuwa höwesi we islegi deň däldir;

ç) ýok, sebäbi hemmesiniň tebigy ukyplary we başarnyklary deň däldir;

d) ýok, sebäbi ders onuň halaýan ugry bolman biler.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**6. Ýaşlar bagtyýar durmuşa ýetmek ugrundaky arzuwlaryny hasyl etmek üçin, esasan, kime bil baglamaly:**

a) özüne;

b) döwlete;

ç) ata-enesine;

d) ata-enesine we doganlaryna.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**7. Ata-eneler özlerinden soň çagalarynyň bagtly durmuşda ýaşamaklary üçin olara:**

a) baýlyk galdyrmaly;

b) halal baýamagyň ýollaryny öwretmeli;

ç) baýlyk galdyrmaly hem-de baýamagyň ýollaryny öwretmeli;

d) baýlyk galdyrmaly ýa-da baýamagyň ýollaryny öwretmeli.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**8. Sport we bedenterbiýe çäreleri bilen meşgullanyp, biziň iň esasy gazanýan netijämiz nämekä?:**

a) bedenimizi bekedýäris;

b) zähmet ukyplylygymyzy artdyrýarys;

ç) şadyýan we ruhubelent bolýarys;

d) ýaramaz endiklerden daşlaşýarys.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**9. Sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek bilen jemgyýetiň iň esasy utýan zady nämekä?:**

a) islendik oňyn işlerde ýaşlaryň guramaçylyk medeniýeti ýokarlanýar;

b) islendik oňyn başlangyçlarda ýaşlar has-da agzybirleşýär;

ç) ýurtda tertip-düzgün düýpli bekeýär;

d) ýurtda zähmet görkezijileri gowulanýar.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**10. Arassaçylyk endikleriniň adama berýän zatlarynyň has wajyby:**

a) özüni we egin-başyny tämiz saklaýar;

b) öýüni (howlusyny) arassa saklaýar;

ç) saglygyny bekedýär;

d) arassaçylyk kadalaryny hemme ýerde we hemme zatda berjaý edýär.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**11. Seýilgähde dynç alyp oturan adam iýen bananynyň gabygyny hapa taşlanýan guta atman, oturan oturgyjynyň üstünde goýup gidýär. Bu adamyň hereketleri bilen bagly nähili jogapkärçilik ýüze çykyp biler?:**

a) ahlak;

b) hukuk;

ç) ahlak we hukuk;

d) ahlak ýa-da hukuk.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**12. Türkmençilikde kim-kime ilki salam bermeli?:**

a) uly kiçä;

b) kiçi ula;

ç) ikisi-de dürs;

d) ilki bolup gören.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**13. Türkmençilikde salam bermeklik:**

a) agzybirlikden nyşan;

b) pespällikden nyşan;

ç) geçirimlilikden nyşan;

d) adalatlylykdan nyşan.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**14. Mentaliteti boýunça:**

a) ähli halklar birmeňzeşdir;

b) ähli halklar bir-birinden hökman tapawutlanýar;

ç) dini bir halklaryň mentaliteti meňzeşdir;

d) meňzeş halklaram bar, tapawutly halklaram;

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**15.Türkmen halkynyň mentalitetiniň beýleki halklaryň mentalitetinden:**

a) artyk taraplary bar;
b) kem taraplary bar;
ç) artyk hem kem taraplary bar;
d) özboluşly tapawutlyklary bar.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**16. Durmuşda iň ygtybarly dostuň kim bolup biler?:**

a) tanşyň;
b) işdeş ýoldaşyň;
ç) atań-eneň;
d) ýakyn garyndaşyň.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**17. Dostuňa ýa-da söýgiňe biwepalyk edeniň bilen nähili jogapkärçilik döräp biler?:**

a) ahlak;
b) ahlak, kanunda bellenen ýagdaýlarda şol bir wagtda hem hukuk;
ç) ahlak ýa-da hukuk;
d) ikisem birden.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**18. Ýetginjek öz zähmet ýoluny saýlanda esasy nämäni göz öňünde tutmaly?:**

a) öz şahsy islegini;
b) ukyp-başarnyklaryny;
ç) anyk mümkinçiliklerini;
d) şularyň hemmesini bilelikde.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**19. Ýetginjek öz zähmet ýoluny nädip saýlamaly?:**

a) özbaşdak;
b) ata-enesiniň maslahaty bilen;
ç) mekdep mugallymlarynyň maslahaty bilen;
d) ähli tejribeli adamlaryň maslahatyny göz öňünde tutup, özbaşdak.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**20. Islendik adam wagty:**
a) aldap biler;
b) garaşdyryp biler;
ç) ýakyp biler;
d) gizläp biler.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**21. Wagty bisarpa ulanmagyň getirip biljek iň agyr netijesi:**
a) deň-duşlaryňdan yza galarsyň;
b) ömrüňi bimany geçirersiň;
ç) baş maksadyňa ýetip bilmersiň;
d) kynçylyklara uçrarsyň.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**22. Kynçylyklar gaýratly adamyny:**
a) basýar;
b) synaýar;
ç) dogry ýola salýar;
d) bekedýär.
*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**23. Kynçylyklary nädip ýeňeniň gowy?:**
a) özbaşdak;
b) ataň-eneň kömegi bilen;
ç) ýakynlaryň bilen bilelikde;
d) özbaşdak ýa-da ýakynlaryň kömegi bilen.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**24. Adamdan çilim çekmäni taşlamak üçin näme talap edilýär?:**
a) isleg;
b) erk;
ç) ikisem;
d) isleg ýa-da erk.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**25. Adamyň çilim çekmesini taşlamagynyň iň bähbitli tarapy nämede?:**
a) medeniýetsiz diýmezler;

b) saglygy bekeýär;
ç) puly tygşytlanýar;
d) egin-başyndan ys gelýär diýip utandyrmazlar.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**26. Erkli bolmaklygy öwretmegiň iň ygtybarly ýoly:**
a) wagyz-ündew etmek;
b) görelde görkezmek;
ç) wagyz-ündew etmek ýa-da görelde görkezmek;
d) ikisem deň derejede.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**27. Adamyň erksizliginden kim kösenýär?:**
a) täk özi;
b) töweregi;
ç) özi ýa-da töweregi;
d) özi hem töweregi.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**28. Şu häsiýetleriň haýsysy ygrarly adama mahsus däl?:**
a) namysly bolmak;
b) wepaly bolmak;
ç) bahana gözlemek;
d) ynsaply bolmak.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**29. Şu çäreleriň haýsysy ygrarsyz adam üçin has täsirli bolup biler?:**
a) ýazgarmak;
b) sözüniň eýesi bolmaga çagyrmak;
ç) garyndaşyny habarly etmek;
d) işleýän ýerinde ýygnaga goýmak.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**30. Erkek kişi bilen zenan maşgalanyň edebinde tapawutlyklar barmy?:**
a) düýpli tapawutlyklar bar;
b) belli bir derejede tapawutlyklar bar;
ç) orta ýaşlylaryň arasynda tapawutlyklar bar;

d) kiçi we uly ýaşlylaryň arasynda tapawutlyklar bar.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**31. Biedep adamyň asylly adama edip biläýjek iň esasy täsiri:**

a) oňa edepsizlik öwreder;

b) ol bolanja edebinem ýitirer;

ç) oňa gowulyk tarapdan hiç zat bermez;

d) onda edepsizlige ýigrenç döreder we edepli bolmagyna getirer.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**Testleriň jogaplary:** 1-d; 2-ç; 3-a; 4-b; 5-ç; 6-a; 7-b; 8-d; 9-ç; 10-d; 11-a; 12-b; 13-d; 14-b; 15-d; 16-ç; 17-a; 18-d; 19-d; 20-ç; 21-b; 22-a; 23-a; 24-ç; 25-b; 26-b; 27-d; 28-ç; 29-d; 30-a; 31-d.

# III BAP
# ZÄHMET GATNAŞYKLARYNYŇ AHLAK KADALARY

## 3.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän esasy gatnaşyklar

**Wezipe borçlaryňy arassa-halal ýerine ýetirmek**

***Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, ähli edara-kärhana-guramalaryň işgärleri öz iş ýerlerinde arassa-halal zähmet çekmeli.***

***Iş berijiler öz işgärleriniň arassa-halal zähmet çekmekleri üçin ähli zerur şertleri üpjün etmeli.***

Ata-babalarymyz: “Halal zähmet – baky döwlet” diýip, öz bagtlarynyň binýadyny arassa zähmetden tutupdyrlar. Şu pähimden ugur alyp, türkmenler gadymyýetden bäri arassa zähmete, halal gazanja uly hormat goýupdyrlar, bagtyýar durmuşyň hakyky zähmetdedigine düşünipdirler, aňsat gazançdan hem ýeňil eklençden gaça durupdyrlar, çagalaryny hem şol ruhda terbiýeläpdirler. Magtymguly atamyzam: “Halala hasap bar, harama – azap, şeki ýokdur, ýada salgyn bu işi” diýip, kowumlaryna halal ömür sürmekligi berk wesýet edipdir (“Bu işi”).

Şonuň üçinem türkmen jemgyýetinde häzirki döwürde raýatlarymyzy, ilki bilen hem ýaşlary arassa-halal okamaga we zähmet çekmäge ugrukdyrmaga aýratyn möhüm ähmiýet berilýär, wagtyny bisarpa tutýan, ýalta adamlar halk köpçüligi tarapyndan dürli görnüşlerde ýazgarylýar. Şahyr K. Gurbannepesow öz döredijiliginde: “Zähmetiň gadyryn bilmeýän bolsaň, ynsandygyňy, haýwandygyňy beýan et” diýip, işýakmaz, bihepbe adamlara içi gyjytly ýüzlenýär (“Ata, ene, ömür, baş”).

Eždatlarymyz: “Altyn otda bilner, adam – zähmetde” diýip, örän adalatly pähim döredipdirler. Halal zähmet çekmäge uýgunlaşan adam durmuşynda horluk çekmeýär, rysgal-döwletem hiç kimiňkiden kem bolmaýar. Iň esasy zat hem ahlaksyz we bikanun hereketlerden daş bolandygy üçin, onuň durmuş ýoly elmydama aýdyň hem şowly

bolýar, garaşylmaýan harasatlar ýa-da kynçylyklar hem onuň duşundan sowlup geçýär, jemgyýete-de ol diňe peýda getirýär. Gündogaryň medenýetinde hem arassa-halal zähmete aýratyn sarpa goýulýar, wagtyny bikär geçirýän adamlar bolsa ýazgarylýar.

Döwlet öz raýatlarynyň arassa-halal zähmet çekmekleri üçin täze iş orunlaryny açýar, önümçiligi döwrebap tehnologiýalar bilen üpjün edýär, işgärleriň öz hünär derejelerini artdyrmaklary, dynç almaklary hem saglyklaryny beketmekleri barada yzygiderli alada edýär, şeýle-de hemmä gyradeň garaýar hem-de işgärler bilen bagly islendik meseläni adalatly çözýär.

Döwletiň zähmet syýasatyndan ugur alyp, ahlaksyz we bikanun ýollar bilen ýetilen zähmet üstünlikleriniň howply-hatarlydygy, soňsuzdygy, aňsat gazanjyň höziriniň ýokdugy barada degişli döwlet edaralary ilata dürli ýollar, esasan hem, wagyz-ündew işleriniň üsti bilen birsyhly ýetirip durýarlar.

**Zähmet düzgün-nyzamlaryny talabalaýyk berjaý etmek**

***Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan ähli edara-kärhana guramalaryň işgärleri öz iş ýerlerinde zähmet düzgün-nyzamynyň, şeýle hem içerki zähmet düzgün-tertip kadalarynyň talaplaryny doly berjaý etmeli.***

***Iş berijiler işgärler tarapyndan öz iş ýerlerinde zähmet düzgün-nyzamynyň, şeýle hem içerki zähmet düzgün-tertip kadalarynyň talaplaryny berjaý etmekleri üçin zerur şertleri döretmeli.***

Döwletiň Zähmet kodeksi halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna doly gabat getirilendir. Kodeksiň tapawutly aýratynlyklarynyň biri hem onuň ynsanperwer häsiýetli bolmagy, şeýle hem ondaky meseleleleriň çözgüdiniň adalata esaslanmagydyr. Belli bolşy ýaly, zähmet üstünlikleriniň gözbaşy tertip-düzgünden başlanýar. Tertip-düzgün bar ýerinde agzybirlik we adyllyk höküm sürýär, zähmet gatnaşyklarynyň subýektleriniň arasynda özboluşly jogapkärçilik duýgusy emele gelýär.

Tejribede zähmet kanunçylygynyň talaplaryny doly berjaý etmezden, iş önümçiligini dogry guramak mümkin däl. Her bir işgär zähmet kada-kanunlaryna hormat goýup, önümçilikde olary doly we

dogry ýerine ýetirmeli. Munuň özi işgärleriň ahlak-hukuk jogapkärçiligini artdyrýar, onsoňam önümçilik maksatlarynyň we wezipeleriniň üstünlikli durmuşa geçirilmegine oňyn täsir edýär.

Her bir işgär önümçilikde şu ahlak borçlaryny berjaý etmäge çalyşmaly: işe wagtynda gelip-gitmek; düýpli sebäp bolmasa, işden rugsat almazlyk; iş otagyny ýa-da önümçilik meýdanyny tämiz saklamak; iş otagynda ýa-da önümçilik meýdanynda ýerleşýän mebelleri, tehniki serişdeleri, enjamlary abat ýagdaýda saklamak; iş wagtyny bikär geçirmezlik; iş etmejek bolup ýerliksiz bahana gözlemezlik; ýolbaşçylaryň tabşyryklaryny wagtynda hem dogry berjaý etmek we beýlekiler.

Döwletiň zähmet syýasatynyň talaplaryna laýyklykda, iş berijiler öz işgärleriniň höwesli zähmet çekmekleri barada yzygiderli alada etmeli, her bir işgäriň zähmetiniň netijelerine adalatly baha bermeli, zähmetine görä hak tölemeli, mynasyp işgärleri sylaglap durmaly, işgäriň başarnyklaryna görä ony wezipä bellemeli, olaryň hünär kämilliginiň ýokarlanmagy barada tagalla etmeli, işgärleriň ruhubelent ýaşamaklary üçin çäreleri durmuşa geçirmeli we ş.m.

**Yhlasly zähmet çekmek**

***Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, ähli edara-kärhana-guramalaryň işgärleri öz iş ýerlerinde yhlasly zähmet çekmeli.***

***Iş berijiler öz işgärleriniň yhlasly zähmet çekmekleri üçin önümçilik ýerlerinde ähli zerur şertleri döretmeli.***

Eždatlarymyz islendik döwürde: “Yhlas – pamygy ýüpek eder”, “Çekmeseň jepa, sürmersiň sapa”, “Çekseň zähmet – ýagar rehnet” diýen ýaly pähimleriň üsti bilen kowumlaryny yhlasly zähmet çekmäge çagyrypdyrlar. Bilşimiz ýaly, her bir oňyn netijäniň aňyrsynda şahsyýetiň taýsyz tagallalary, ýagny tükeniksiz yhlasy ýatyr. “Yhlasa - myrat” diýenleri, yhlas görkezen adam durmuşda köp üstünliklere ýetip bilýär. “Yhlas bilen aglasaň, sokur gözden ýaş çykar” diýen ýörgünli pähim ýöne ýerden dörän bolmaly däl. Yhlasly adam zähmetsöýer, ýadamany-ýaltanmany bilmeýän, gaýratly, gaýduwsyz, edenli, iş bitiren ynsan bolýar. Şu zeýilli adamlary göz öňünde tutup,

Seýdi şahyr: “Arkaly goç ýigit tutsa her işi, dagy talhan edip, suw eder daşy” diýen bolmaly (“Huş gider”).

Adamyň özüne, edýän işine ynamy bolanda, ol şol işe has-da yhlasly ýapyşýar. Hakykatdan hem, yhlaslylygyň nusgasy bolup biläýjek adamlar durmuşda kän duş gelýär. Yhlasy bolsa diňe çäksiz erki bolan ynsanlar görkezip bilýär. Jemgyýet şeýle häsiýetli adamlaryň sanynyň artmagy barada gündelik alada etmeli.

Iş berijiler işgärleriniň yhlasly zähmet çekmeklerini gazanmak üçin, olaryň zähmetine mynasyp baha bermäni we hak tölemäni başarmaly, mümkinçilikleriniň çäginde olary yzygiderli höweslendirip durmaly. Şeýle çemeleşme işgärleriň zähmete bolan yhlasyny has-da artdyrýar, olaryň beýleki işgärler üçin nusgalyk bolmaklaryny üpjün edýär hem-de öňdebaryjy işgäre öwrülmegine ýardam berýär.

**Hünär derejäňi yzygiderli ýokarlandyrmak**

***Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, ähli edara-kärhana-guramalaryň işgärleri öz hünär derejelerini yzygiderli ýokarlandyrmak barada tagalla etmeli.***

***Iş berijiler öz işgärleriniň hünär derejelerini yzygiderli ýokarlandyrmak maksady bilen meýilnamalaýyn esaslarda zerur çäreleri gurap durmaly.***

Ata-babalarymyz: “Hünärli – zor, hünärsiz – hor”, “Hünärli ýigit – miweli agaç”, “Mal bir günlük, hünär ýüz ýyllyk” diýen ýaly dana pähimleriniň üsti bilen nesillerine özleri üçin eklenç çeşmesi bolup biläýjek hünär edinmekligi nesihat edip gelipdirler.

Ösen tehnalogiýalaryň zamanasynda zähmet çekýän her bir işgär ussatlygyny artdyrmak, tejribesini baýlaşdyrmak, gözýetimini we dünýägaraýşyny giňeltmek üçin öz hünär derejesini ýokarlandyryp durmak barada irginsiz tagalla etmelidir. Şu nukdaýnazardan her bir işgär öz intellektual derejesini artdyrmak we bilim-ylym görkezijilerini dünýä ülňüleriniň talaplaryna laýyk getirmek üçin şahsy meýilnamasyna laýyklykda anyk işleri durmuşa geçirmeli, öňdebaryjy innowasion tehnologiýalary we tejribäni öwrenmeli hem-de olary önümçilige ornaşdyrmaga çalyşmaly. Şu döwürde ýokarda beýan edilen talaplary berjaý etmeýän işgär mynasyp zähmet üstünliklerine ýe-

tip bilmez. Ynsany kämillige atarýan ýeke-täk dogry ýol şudyr. Şahyr G.Ezizowyň jaýdar belleýşi ýaly: “Biz herimiz – özümiziň zergärimiz, mydam özümizi ýonup ýörmeli” (“Sungat”).

Döwletiň amala aşyrýan zähmet syýasatyna laýyklykda, iş berijiler öz işgärleriniň hünär derejesini döwrebap ýokarlandyrmak maksady bilen, olary daşary ýurtlaryň tejribesini öwrenmek üçin saparlara ýollaýarlar, ýurduň içinde, şeýle hem öz ulgamynyň çäginde guralýan hünär kämilleşdiriş okuwlaryna iberýärler, döwrebap ylmy -amaly edebiýat çeşmeleri bilen işgärlerini üpjün edip durýarlar. Bilşimiz ýaly, häzirki döwürde pudaklarda ýörite açylýan hünär ýokarlandyryş merkezleri üstünlikli hereket edýärler. Döwlet gullukçylarynyň bilimlerini halkara ülňüleriniň talaplaryna laýyk getirmek, olaryň dünýägaraýşyny we gözýetimini giňeltmek, şeýle hem hünär ussatlygyny ýokarlandyrmak maksady bilen döredilen Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy ençeme ýyllaryň dowamynda netijeli işläp gelýär. Akademiýada döwlet dolandyryşynyň ylmy we usulyýet esaslary giňişleýin öwrenilýär, olary döwrebap kämilleşdirmek boýunça zerur işler alnyp barylýar.

***Işde ahlak borçlaryňy we jogapkärçiligiňi duýmak***

***Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, ähli edara-kärhana-guramalaryň işgärleri özüne ynanylan iş ornunda ahlak borçlaryny we jogapkärçiligini duýup zähmet çekmeli.***

***Iş berijiler işgärleriniň öz ahlak borçlaryna we jogapkärçiligine düşünip işlemeklerini gazanmak üçin wagyz-ündew işlerini we beýleki zerur çäreleri yzygiderli durmuşa geçirmeli.***

Ahlak-hukuk borçlaryňy, borçnamalaryňy talabalaýyk ýerine ýetirmezlik şahsy ahlak-hukuk jogapkärçiliginiň ýüze çykmagyna getirýär. Tejribede ilki ahlak borçlary bozulýar, soňunda ahlaksyz hereketler hukuk borçlarynyň we borçnamalarynyň bozulmagyna getirip bilýär.

Durmuş mekdebinden belli bolşy ýaly, her bir şahsyýetiň jemgyýetde ýetýän üstünliklerem, goýberýän ýalňyşlyklaram diňe onuň özüne baglydyr. Diýmek, ahlaksyz we bikanun hereketleriňe-de senden başga jogap berjek ýok. Çaga döwrüňde seniň hereketleriňe

ata-eneň ýa-da olaryň ornuny tutýan adam jogap berýär, ýöne munuň özi çykgynsyzlykdan edilýär. Görşümiz ýaly, uly ýaşly adamdygyňa ýa-da çagadygyňa garamazdan, seniň ahlaksyz ýa-da bikanun hereketleriň jogapsyz galdyrylmaýar. Kanunda bellenen halatlarda raýatlar, hatda, jenaýat jogapkärçiligine çenli çekilýär, özi-de kanunyň kadalaryny bilmezlik seni jogapkärçilikden boşatmaýar. Wah, bilen bolsam etmezdim diýeniň indi giç, saňa nepi degenok.

Ahlak kadalary babatda şahsy jogapkärçiligiň güýçlendirilmegi örän möhüm wezipe bolup durýar. Ahlak etmişlerimiz üçin jemgyýetiň seni ýazgarjakdygyna, özüň we maşgalaň abraýdan düşjekdigine biziň her birimiziň anyk göz ýetirmegimiz gerek. Şeýle garaýyş durmuşa mäkäm ornaşanda, her bir ynsanyň öz ahlak borçlary we jogapkärçiligi barada çynlakaý oýlanjakdygy ykrar ediläýmeli hakykatdyr. Munuň özi jemgyýetde tertip-düzgüniň, kanunylygyň, adalatyň bekemegine getiräýmeli.

Her bir meselede öz ahlak borçlarynyň we jogapkärçiliginiň bardygyna düşünip ýaşaýan adam juda ygtybarlydyr, oňa her bir durmuş synagynda bil baglasa bolar. Jemgyýetçilik islendik ýagdaýda ahlak borçlaryny we jogapkärçiligini duýup ýaşaýan adamlary görelde mekdebi hökmünde öňe çykarýar, olara mynasyp hormat-sylag goýýar.

Şahsyýetiň ahlak-hukuk jogapkärçiligi bilen bagly garaýyşlary, onuň zähmet gatnaşyklaryna girmegi bilen tejribede has-da aýdyň ýüze çykýar. Islendik döwürde eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, edara-kärhana-guramalaryň işgärleriniň, şol sanda ýolbaşçylarynyň şahsy ahlak-hukuk jogapkärçiligine anyk düşünmekleri gerek. Zähmet gatnaşyklarynyň subýektlerine, ilkinji nobatda hem jogapkär wezipedäki adamlara olaryň ahlak-hukuk borçlarynyň talabalaýyk ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda degişli jogapkärçiligiň döreýänligi barada dürli derejede we görnüşde yzygiderli ýatladylyp durulmaly.

**Ygtyýarlygyňdaky meseleleri dogry we adalatly çözmek**

***Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, ähli edara-kärhana-guramalaryň işgärleri öz ygtyýarlygyndaky meseleleri dogry we adalatly çözmeli.***

***Iş berijiler işgärleriniň öz ygtyýarlygyndaky meseleleri dogry we adalatly çözmeklerine gözegçilik etmeli.***

Her bir işgäriň wezipe borçlaryna laýyklykda onuň ygtyýarlyklary dürli derejedäki hukuk namalarynda bellenilýär. Ygtyýarlyklaryň çäginiň bozulmagy bilen bagly aýry-aýry hukuk jogapkärçiligi döräp bilýär.

Ygtyýarlyklaryň çäginden çykylmagy, ýagny meseläniň nädogry we (ýa-da) adalatsyz çözülmegi, ilkinji nobatda işgäriň ahlak jogapkärçiliginiň ýüze çykanlygyndan habar berýär. Öň bellenilip geçilişi ýaly, şahsy gatnaşyklarda ilki ahlagyň, soňra hukugyň kadalary bozulýar. Kämil ahlakly adam hemişe kanuna laýyk hereket edýär, jenaýata ýa-da başga bir hukuk bozulmalaryna ýol bermeýär. Şundan ugur alyp, her bir şahsyýetiň kanunyň öňündäki jogapkärçiliginiň gutulgysyzdygyna anyk göz ýetirip ýaşamagyny, şoňa laýyklykda hem geljekde etmeli işlerini meýilleşdirmegini gazanmaklygy jemgyýetiň baş wezipeleriniň biri hasaplamaly. Bu wezipäniň netijeli amala aşyrylmagy bolsa ahlak hem hukuk jogapkärçiliginiň durmuşda sazlaşykly hereket etmeklerine baglydyr.

Munuň üçin iş berijiler, ilki bilen önümçilikde her bir işgäriň öz ygtyýarlyklarynyň çäginde hereket etmeklerini üpjün etmeli, bu meseläni dowamly gözegçilikde saklamaly hem-de zerurlyk ýüze çykanda döwletiň degişli edaralary bilen bu ugurda bilelikde iş alyp barmaly. Şeýlelikde, tejribede her bir işgäriň öz ygtyýarlyklarynyň çäginden çykmagynyň öňi alynmaly.

Gündogaryň medeniýetinde hem döwlet dolandyryşynda adalata, adyllyga, dogry ýörelgä aýratyn orun we ähmiýet berilýär. Aýdylan garaýşy bir kiçiräk rowaýatyň üsti bilen açyp görkezmäge synanyşalyň. Rowaýatda aýdylyşyna görä, bir döwlet emeldary halkdan salgyt hökmünde ýygnalan pullaryň hasabyny ýöredip otyrka, onuň ýanyna bir adam şikaýat bilen gelýär. Emeldar: “Seniň gelmegiň döwlet işleri bilen baglymy ýa-da şahsy häsiýetlimi, eger-de meseläň şahsy häsiýetli bolsa, onda ilatyň hasabyna ýanyp duran çyrany söndürjek” diýip aýdýar (“Ýagşyzadalaryň bahary”, T.3, sah.312). Bu

ýerde emeldaryň baş aladasy halkyň emläginiň hiç bir esassyz hyýanatly peýdalanylmagynyň öňüni almak bolup durýar.

**Işdeş ýoldaşlaryňy sylamak we halypalaryňa hormat goýmak**

***Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, ähli edara-kärhana-guramalaryň işgärleri işdeş ýoldaşalaryny sylamany we halypalaryna hormat goýmany başarmaly.***

Zähmet gatnaşyklarynda işdeş ýoldaşlaryňy sylamak we halypalaryňy hormatlamak agzybirlikden, danalykdan, pespällikden, umuman, medeniýetlilikden nyşan hasaplanýar. Birek-birege özara sylanyşyk görkezilip zähmet çekilende adam ruhubelent bolýar, işine höwesli gidip gelýär, durmuşyndan hem çäksiz lezzet alýar.

Diňe özüni bilip, öz şahsy bähbidinden ugur alyp işleýän adamy zähmet toparynda halamaýarlar, onuň bilen gatnaşyga girmekden saklanýarlar. Edil şonuň ýaly-da öz bilimini ýaşlara geçirmegi kyn görýän ussatlar hem ilçilikde sylanylmaýar. Ata-babalarymyz: “Şägirtsiz ussat – miwesiz daragt” diýip, dogry belläpdirler.

Könelerimiziň başga bir dana pähiminde: “Şägirt halypadan ozdurmasa, kär ýiter” diýilýär. Mynasyp halypalar durmuşda tapylyp duranda kär ýitmeli däl, tersine ol has-da kämilleşmeli, “sungata” öwrülmeli. Zähmet ýoluňda abraýly we işiniň ussady hasaplanýan halypaň duşmagy uly bagtdyr. Seniň şahsy durmuşyňda halypanyň ýagşu-ýaman täsirleri hökman öz yzyny galdyrýar. Halypaň kämil ahlak sypatly adam we käriniň hakyky ussady bolanda, seniň zähmet ýoluň şowly başlanýar, geljekde bagtyýar durmuşa ýetmegiňe giň ýol açylýar. Elbetde, halypa seniň göwün islän adamyň bolmaly. Diňe şeýle halatda bilelikdäki işiň netijeliligi aýdyň görünýär we duýulýar. Beýan edilenleriň durmuşylygy Magtymguly atamyzyň şu paýhasly setirlerinden hem görünýär: “Ýigit ussadyndan öwrense hünär, hem dogasyn alsa, işi haýr olur” (“Mir olur”).

**Ýolbaşçylaryň tabşyryklaryny we görkezmelerini talabalaýyk we wagtynda ýerine ýetirmek**

***Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, ähli edara-kärhana-guramalaryň her bir işgäri ýolbaşçylaryň kanunalaýyk tabşyryklaryny we görkezmelerini doly, dogry we bellenen möhletinde berjaý etmeli.***

Durmuş tejribesiniň talap edişine görä, her bir işde baş gerek. Bilşimiz ýaly, maşgalada maşgalabaşynyň görkezmeleri esasynda onuň agzalarynyň özara kadaly gatnaşyklary üpjün edilýär. Önümçilikde zähmet toparynyň ýolbaşçysy maşgalabaşynyň ornunda durýar. Önümçilik meýilnamalaryny amal etmek bilen bir hatarda, her bir işgäriň hal-ýagdaýyndan habarly bolmak hem-de başardygyndan olaryň durmuş meseleleriniň çözgüdine ýardam etmek hem ýolbaşçynyň gönüden-göni wezipe borçlaryna girýär.

Görşümiz ýaly, jemgyýetiň esasy düzüm birlikleriniň biri hasaplanýan zähmetkeşleriň toparlarynda hem işleri talap edilişi ýaly guramak üçin hökman ýolbaşçy gerek. Önümçilikde edara-kärhana-gurama ýolbaşçysynyň tabşyryklaryna we görkezmelerine laýyklykda iş alnyp barylýar. Başgaça çemeleşilende, edara düzümleriniň öňünde durýan wezipeleri berjaý etmek, gündelik meýilnamalary ýerine ýetirmeklik kynçylyklara sezewar bolýar. Hut şu sebäpli “Baş bolmasa, göwre läş” diýen pähim öz durmuşylygyny ýitirmän gelýän bolmaly. “Ýolbaşçylyk” institutynyň özi önümçilikde baş-başdaklygy hem eden-etdiligi aradan aýryp, herki işiň guramaçylykly geçirilmegini we netijeli tamamlanmagyny üpjün edýär. Umuman, diňe bir zähmet toparyny däl, eýsem bütin jemgyýeti dolandyrmagy ýolbaşçysyz göz öňüne getirmek mümkin däl.

Işde ýolbaşça köp zat bagly. Kämil ahlakly ýolbaşçy önümçiligiň öňünde durýan wezipeleriň ýerine ýetirilmeginde şahsy jogapkärçilik çekýän adam hökmünde edara-kärhana-guramada tertip-düzgüniň, kanunylygyň, agzybirligiň, özara ylalaşygyň we sazlaşygyň bolmagyny üpjün edýär. Ahlaksyz ýa-da ahlagy pes ýolbaşçy welin edara-kärhana-guramada dartgynlygyň, adalatsyzlygyň, ahlak we hukuk bozulmalarynyň döremegine sebäp bolýar.

**Iş ýerindäki (otagyndaky) maddy gymmatlyklary aýawly saklamak we olardan tygşytly peýdalanmak**

***Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, ähli edara-kärhana-guramalaryň işgärleri iş ýerindäki (otagyndaky) maddy gymmatlyklary aýawly saklamaly we olardan tygşytly peýdalanmaly.***

Türkmenistan her bir adamyň durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirýän döwlet bolup durýar. Döwletiň zähmet syýasatyndan görnüşi ýaly, ýurduň edara-kärhana-guramalaryna iş ýerlerini (otaglaryny) ähli döwrebap önümçilik zerurlyklary bilen üpjün etmek ugrunda yzygiderli alada etmeklik ündelýär. Işgärler baradaky alada önümçiligiň kadaly ösüşini üpjün edýär, zähmet adamsyny täze üstünliklerine höweslendirýär. Şonuň üçin hem häzirki döwürde ähli önümçilik birliklerinde işgärleriň netijeli zähmet çekmekleri üçin ähli mümkinçilikleri döretmäge aýratyn üns berilýär, iş orunlary iň kämil innowasion tehnologiýalar, enjamlar, abzallar, mebeller bilen üpjün edilýär.

Her bir işgär özüne ynanylan maddy gymmatlyklaryň önümçilikde uzak ýyllaryň dowamynda netijeli hyzmat etmegini gazanmaklygy öz ahlak borjy hasaplamaly, olary aýawly saklamaly hem-de enjamlardan tygşytly peýdalanmaly. Şeýle ahlak garaýşyň jemgyýetde wagyz edilmegi ýurt derejesinde bir giden döwlet we hususy serişdeleriň tygşytlanmagyna alyp barmaly, bu ugurda tertip-düzgüniň we kanunylygyň bekemegine getirmeli. Haçan-da aýawlylyk we tygşytlylyk babatda ahlak borçlarymyz birkemsiz ýerine ýetirilende, işgärleriň maddy gymmatlyklardan aýawsyz ýa-da hyýanatly peýdalanmaklary sebäpli döräp biljek hukuk jogapkärçiliginiň öňi alnardy.

Ata-babalarymyz kişiniň malyna el gatmaklygy geçirip bolmajak ahlaksyz hereket hökmünde seredipdirler, şeýle adamlary ýazgarypdyrlar we gözegçilkde saklapdyrlar. Musulman dünýäsinde hem başga biriniň zadyny almak, hatardan çykarmak, oňa şikes ýetirmek ýa biparh garamak agyr günä hasaplanylýar.

**Zähmet toparynda jemgyýetçilik çärelerine işjeň gatnaşmak**

***Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, ähli edara-kärhana-guramalaryň işgärleri iş ýerlerinde geçirilýän jemgyýetçilik çärelerine işjeň gatnaşmaly.***

Ynsan il bilen adamdyr. Eždatlarymyz gündelik durmuş sapaklaryna esaslanyp: “Iliň güýji – siliň güýji” diýipdirler. Atalar pähiminde: “Ýekäň çaňy çykmaz” hem diýilýär. Adam her bir meselede il-gününden daşda durmaly däldir. Ata-babalarymyzyň ýene-de bir dana pähiminde: “Iliň agzy bir bolsa, dagy goparar” diýip aýdylýar.

Şu parasatly pähimlerden ugur alan adam zähmet toparlarynda işdeş ýoldaşlaryndan üzňe bolmazlyga çalyşmalydyr.

Edara-kärhana-guramalarda dürli görnüşli jemgyýetçilik çäreleri geçirilýär. Mysal üçin, sport ýaryşlary, arassaçylyk günleri, halk döredijiligine bagyşlanan ýygnanyşyklar, aýdym-sazly dynç alyşlyklar we ş.m.

Işgärleriň jemgyýetçilik çärelerine işjeň gatnaşmaklary, olaryň medeniýetli wagt geçirmeklerini üpjün edýär. Şeýle çäreleriň netijesinde zähmet toparlarynyň agzybirligi, birek-birege bolan hormatsylagy we goldawy artýar, jemgyýetçilik sazlaşygy gazanylýar we tertip-düzgüni bekeýär. Bularyň hemmesi bilelikde işgärleriň zähmet görkezijilerini we tutanýerliligini ýokarlandyrýar, ýaşaýşa bolan höwesini artdyrýar.

Käbir jemgyýetçilik çärelerine işgärleriň maşgala agzalarynyň hem işjeň gatnaşmaklary zähmet toparlaryny has-da jebisleşdirýär, hemmäni täze üstünliklere, döredijilikli zähmete ruhlandyrýar.

## 3.2. Zähmet gatnaşyklarynyň ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar




**1-nji çyzgy**


Işgärleriň tertip-düzgüni üpjün etmekleri bilen gazanylýan esasy netijeler
1
Önümçilik meýilnamalarynyň ýerine ýetirilmegine oňyn täsir edýär
2
Maddy enjamlaryň abat saklanylmagyna we uzak hyzmat etmeklerine ýardam edýär
3
Önümçilikde irili-ownukly ogurlyklaryň öňüni almakda kömek edýär
4
Işgärleriň umumy jogapkärçiligini güýçlendirýär
5
Işgärleriň agzybirligini bekedýär
6
Döreýän meseleleriň adalatly çözülmegine ýardam edýär
7
Jemgyýetde umumy tertip-düzgüniň berkemegine getirýär

**2-nji çyzgy**


Öwgä mynasyp işgäri aýratyn häsiýetlendirýän sypatlar
1
Zähmet düzgün-tertibini doly berjaý edýär
2
Işine jogapkärçilikli çemeleşýär
3
Ýolbaşçylaryň tabşyryklaryny wagtynda we talabalaýyk ýerine ýetirýär
4
Işine wagtynda gelip-gidýär
5
Juda zerur bolmasa, işden rugsat almaýar
6
Iş ýerini tämiz ýagdaýda saklaýar
7
Iş guraldyr enjamlaryny abat ýagdaýda saklaýar
8
Iş wagtyny netijeli ulanýar
9
Işde bahana gözlemeýär
10
Işdeş ýoldaşlaryna goldaw-kömek berýär
11
Beýleki işgärlere şahsy görelde görkezýär

**3-nji çyzgy**




**4-nji çyzgy**




**5-nji çyzgy**




**6-njy çyzgy**




**7-nji çyzgy**


Zähmet toparynda özara sylag-hormatyň netijesinde gazanylýan esasy bähbitler
1
Önümçilik meýilnamalary üstünlikli ýerine ýetirilýär
2
Zähmet tertip-düzgüni bekeýär
3
Işgärleriň bir-birine ynamy, goldawy artýar
4
Zähmet toparyna daýanç galasy hökmünde garalýar
5
Işgärleriň agzybirligi, jebisligi güýçlenýär
6
Işgärleriň zähmet toparynda wagtlary hoş geçýär
7
Dostluk, maşgalara gatnaşyk-lary has-da bekeýär
8
Zähmet toparynyň ahlak keşbi has gözelleşýär
9
Zähmet toparynyň medeniýeti ýokarlanýar

**8-nji çyzgy**

**Halypanyň şägirdine ýetirýän esasy oňyn täsirleri**

1. Hünär derejesi ýokarlanýar, kämilleşýär, ussatlygy artýar
2. Jemgyýete peýda bermeklik baş maksadyna öwrülýär
3. Kanuna laýyk ýaşamagyň asyl manysyna has doly göz ýetirýär
4. Ahlak garaýyşly döwrebap özgerýär, medeniýeti ýokarlanýar
5. Zähmet görkezijileri ýokarlanýar, mynasyp wezipäni eýelemäge mümkinçilikleri artýar
6. Her bir meselede jogapkärçilik duýgusy güýçlenýär
7. Ylma, bilime, döredijilige höwesi artýar
8. Durmuş pursatlaryny has inçeden seljerip başlaýar
9. Işine has paýhasly, oýlanyşykly çemeleşýär
10. Bu özgerişlikler soňunda seni halypalyk derejesine çykarmaly

**9-njy çyzgy**


Ýolbaşçynyň tabşyryklary we görkezme
leri talabalaýyk ýerine ýetirilende
ilki bilen şu üstünlikler gazanylýar
1
Zähmet tertip-düzgüni
berk saklanylýar
2
Zähmet toparynda
agzybir zähmet çekilýär
3
Önümçilik bökdençsiz
alnyp barylýar
4
Önümçilik meýilnamalary
wagtynda ýerine ýetirilýär
5
Nägilelikleriň we oňşuksyz-
lyklaryň ýüze çykmagy-
nyň öňi alynýar
6
Ähli meseleleriň
guramaçylykly we adalatly
çözülmegine ýardam edýär
7
Zähmet toparynyň
kadaly işi we sazlaşygy
üpjün edilýär

**10-njy çyzgy**


Maddy gymmatlyklary aýawly saklamagyň we olardan tygşytly peýdalanmagyň öňümçilige berýän esasy peýdalary
1
Enjamlar bellenilen wagtyndan artyk hyzmat edýär
2
Enjamlaryň ätiýäçlyk şaýlary aňsat zaýalanmaýar
3
Iş berijileriň serişdeleri tygşytlanýar
4
Önümçilik kadaly, bökdençsiz we sazlaşykly alnyp barylýar
5
Döwlet derejesinde bir giden serişdeler tygşytlanýar
6
Tygşytlanan serişdeler täze önümçilik ýerleriniň açylmagyna harçlanyp bilner
7
Aýawlylyk we tygşytlylyk medeniýeti ösýär hem ýaýraýar
8
Zähmet tertip-düzgüni bekeýär

**11-nji çyzgy**


Zähmet toparynda
jemgyýetçilik çärelerine
işjeň gatnaşmaklygyň
ýetirýän esasy
oňyn täsirleri
1
Zähmet topary we jemgyýet
üçin peýdaly işler edilýär
2
Zähmet toparynyň
agzybirligi bekeýär,
jebisligi güýçlenýär
3
Işgärler medeniýetli
wagt geçirýärler,
dynç alýarlar
4
Zähmet toparynda
tertip-düzgün bekeýär
5
Zähmet toparynyň
has-da sazlaşykly işlemegi
üçin şertler döreýär
6
Işgärleriň ruhubelentligi
artýar
7
Dostluk, maşgala
gatnaşyklary
has-da güýçlenýär
8
Işgärleriň umumy
medeniýeti has-da ýokarlanýar

**12-nji çyzgy**

### 3.3. Zähmet gatnaşyklarynyň ahlak kadalary bilen bagly testler

**1. Halal gazanjyň adam üçin iň esasy bähbitli tarapy nämede?:**
a) ol ony bagtly edýär;
b) ol ony erkin ýaşadýar;
ç) ol ony aladasyz gezdirýär;
d) ol ony betbagtçylyklardan goraýar.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**2. Önümçilikde umumy tertip-düzgün üpjün edilende esasy gazanylýan netije näme?:**
a) işe wagtynda gelip-gidilýär;
b) işden birugsat gidilmeýär;
ç) iş wagty bikär geçirilmeýär;
d) önümçilik meýilnamalary doly ýerine ýetirilýär.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**3. Zähmet tertip-düzgüniniň berjaý edilmegi kime bagly?:**
a) ýolbaşçylara;
b) işgärlere;
ç) ýolbaşçylara we (ýa-da) işgärlere;
d) ikisine-de.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**4. Yhlasly adamynyň iň esasy artykmaçlygy nämede?:**
a) zähmetsöýer bolýar;
b) ruhubelent bolýar;
ç) gaýduwsyz bolýar;
d) gaýratly bolýar.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**5. Meýdanda yhlasly zähmet çekmek üçin, esasan:**
a) dost-ýaryň goldawy gerek;
b) ýeterlik serişde gerek;
ç) hyjuw-gaýrat gerek;
d) amatly howa şertleri gerek.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**6. Hünär derejäňi ýokarlandyrmak haýsy jähtden has wajyp?:**
a) bilimiňi artdyrmak üçin;

b) tejribäňi baýlaşdyrmak üçin;

ç) ýagdaýa görä bilimiňi artdyrmak ýa-da tejribäňi baýlaşdyrmak üçin;

d) ikisi üçinem.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**7. Adam üçin hünär has wajypmy ýa-da baýlyk?:**

a) baýlyk;

b) ýagdaýa görä baýlyk ýa-da hünär;

ç) hünär baýlyk edinmek üçin gerek;

d) baýlyk hünär edinmek üçin gerek.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**8. Ahlak-hukuk gatnaşyklarynyň haýsysynda şahsy jogapkärçilik ýüze çykyp bilýär?:**

a) ahlak borçlary ýerine ýetirilmedik ýagdaýda;

b) hukuk borçlary ýerine ýetirilmedik ýagdaýda;

ç) ýagdaýa görä haýsam bolsa birinde döreýär;

d) ikisinde hem döräp bilýär.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**9. Tejribede ahlak-hukuk jogapkärçiliginiň haýsysy** ilki **döreýär:**

a) ahlak;

b) hukuk;

ç) ahlak ýa-da hukuk;

d) ikisi-de bir wagtda.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**10. Meseläni dogry çözmek diýmeklik nämäni aňladýar?:**

a) ony kanuna laýyk çözmekligi;

b) ony ahlaga laýyk çözmekligi;

ç) ony kanuna ýa-da ahlaga laýyk çözmekligi;

d) ikisine-de laýyk çözmekligi.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**11. Adalatly çözgüt diýip nähili çözgüde aýdylýar?:**

a) kanunyň we ahlagyň çäginde hakykata laýyk getirilip çykarylan çözgüde;

b) kanunyň we ahlagyň kadalarynyň netijeli ulanylmagy esasynda çykarylan çözgüde;

ç) kanuna laýyk çykarylan çözgüde;

d) meseläniň kanuna laýyk çözülmegi hemişe adalatyň dabaralanmagyny aňlatmaýar, ol ahlaga-da gabat getirilmelidir.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**12. Zähmet toparynda özara sylanyşygyň ýitmeginiň ýetirýän zyýanynyň iň erbet ýüze çykmasy nämeden görünýär?:**

a) oňşuksyz toparlar döreýär;

b) gep-gürrüň, gybat köpelýär;

ç) önümçilik meýilnamalary ýerine ýetirilmeýär;

d) goh-galmagal artýar.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**13. Halypa bolmak üçin:**

a) köp bilmeli, işiniň ussady we döwlet sylagy bolmaly;

b) baý tejribesi, ýokary adamkärçiligi we döwlet sylagy bolmaly;

ç) köp bilmeli, baý tejribesi, adamkärçiligi we döwlet sylagy bolmaly;

d) bilim-tejribesi ýetik, özi-de ýokary ahlakly bolmaly.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**14.Ýolbaşçynyň islendik tabşyrygy we görkezmesi:**

a) hökman ýerine ýetirilmeli;

b) kanunyň çäginde bolsa ýerine ýetirilmeli;

ç) ahlak kadalaryna garşy gelmeýän bolsa ýerine ýetirilmeli;

d) döwletiň bähbitlerine ters gelmeýän bolsa ýerine ýetirilmeli.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**15. Ýolbaşçy adalatly bolanda:**

a) zähmet gatnaşyklarynda asla hiç hili dawaly mesele döremeýär;

b) adatça, hukuklar kemsidilmeýär;

ç) adatça, jedelli ýagdaýlar dogry çözülýär;

d) adatça, bikanun hereketlere ýol berilmeýär.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**16. Maddy gymmatlyklara aýawsyz garalmagy sebäpli haýsy jogapkärçilik döräp biler?:**

a) hukuk;

b) ahlak;

ç) ahlak we (ýa-da) hukuk;

d) hukuk we ahlak.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**17. Her bir işgär iş ýerindäki (otagyndaky) haýsy maddy gymmatlyklary aýawly saklamak we olardan tygşytly peýdalanmak babatda ahlak jogapkärçiligini çekýär:**

a) ähli maddy gymmatlyklar babatda;

b) diňe özüne berkidilen zatlar babatda;

ç) ähli we özüne berkidilen maddy gymmatlyklar babatda;

d) ähli we (ýa-da) özüne berkidilen maddy gymmatlyklar babatda.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**18. Zähmet toparynda jemgyýetçilik çärelerine gatnaşmaklyk işgäriň nähili borjy hasaplanýar?:**

a) hukuk borjy;

b) ahlak borjy;

ç) ahlak we hukuk borjy;

d) geçirilýän çärä baglylykda ahlak ýa-da hukuk borjy.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**19. Zähmet toparynda jemgyýetçilik çäresine gatnaşmanlygy üçin işgäri sylaglamakdan (pul baýragyndan) mahrum edip bolarmy:**

a) hawa;

b) ýok, sylag işgäriň maddy höwesini artdyrmak üçin berilýär;

ç) ýok, sylag önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin berilýär;

d) ýok, sylag işiň hilini gowulandyrmak üçin berilýär.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**Testleriň jogaplary:** 1-d; 2-d; 3-d; 4-a; 5-ç; 6-d; 7-ç; 8-d; 9-a; 10-d; 11-a; 12-ç; 13-d; 14-a; 15-a; 16-ç; 17-ç; 18-b; 19-a.

# IV BAP
# JEMGYÝETÇILIK ÝERLERINDE ÖZÜŇI ALYP BARMAGYŇ AHLAK KADALARY

## 4.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän esasy gatnaşyklar

**Jemgyýetçilik ýerlerinde arassaçylyk kadalaryny berjaý etmek**

***Raýatlar jemgyýetçilik ýerlerinde arassaçylyk kadalaryny berjaý etmeli.***

Jemgyýetçilik ýerleri ilatly nokatlarda ýerleşýär. Şonuň üçin hem bu desgalarda arassaçylygyň üpjün edilmegi döwlet syýasatynyň wajyp meseleleriniň biri hökmünde garalýar. Jemgyýetçilik ýerlerinde arassaçylyk, esasan, döwlet edara-kärhanalarynyň kömegi bilen üpjün edilýär we berk gözegçilikde saklanylýar.

Jemgyýetçilik ýerleri diýip edara binalaryna we desgalaryna, teatrlara, muzeýlere, seýilgählere, ýadygärliklere, sport desgalaryna, söwda merkezlerine, naharhanalara, myhmanhanalara, hassahanalara, şypahanalara, köçelere, adam gatnadýan ulaglara we beýleki kybapdaş ýerlere düşünilýär. Bularyň ählisinde arassaçylygyň kadalary döwletiň ýa-da hususy telekeçiligiň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar. Agzalan desgalarda arassaçylyk çäreleri ýörite tehnikalaryň we el güýjüniň kömegi bilen üpjün edilýär.

Raýatlarymyz jemgyýetçilik ýerlerinde arassaçylygy üpjün edýän adamlaryň zähmetine hormat goýmany başarmaly. Olar öz hapalaryny ýörite gutulara taşlamaly, töwereginde hapaçylyga ýol berýän adamlary hem tertibe çagyrmaly, ýagny şeýle görnüşdäki ahlaksyz hereketleriň öňüni aljak bolmaly. Durmuş pursatlaryndan görnüşi ýaly, köplenç halatlarda jemgyýetçilik ýerlerinde çigit çigitlenmeginiň we onuň gabygynyň çem gelen ýere taşlanmagynyň şaýady bolýarys. Aslynda çigit çigitlemegiň özi bir gelşikli hereket däl, çigit çigitlemäge isleg bolan halatynda hem her kim ony öz öýünde etmeli.

Jemgyýetçilik ýerlerinde çigit çigitläp ýa-da başga bir görnüşde hapaçylyga ýol berlendigi üçin, kanunda jogapkärçilik, gynansak-da, bellenilmedikdir. Jemgyýetçilik ýerlerinde hapaçylyga ýol berilmegi sebäpli, ahlak jogapkärçiliginiň güýçlendirilmegi, hukuk jogapkärçiliginiň bolsa anyk görnüşlerde kesgitlenilmegi ähli babatda möhüm bolup durýar.

**Jemgyýetçilik ýerlerinde maddy gymmatlyklara eýeçilik gözi bilen garamak**

***Raýatlar jemgyýetçilik ýerlerinde maddy gymmatlyklara eýeçilik gözi bilen garamaly, olara zyýan ýetirmek howpuny salmaly däl.***

Elbetde, döwletiň kanunlarynda jemgyýetçilik ýerlerinde maddy gymmatlyklara ýetirilen zyýan üçin hukuk jogapkärçiligi, şol sanda kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar babatda hem göz öňünde tutulandyr. Kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň ata-enesi ýa-da oňa gözegçilik etmäge jogapkär adamlar kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň bikanun hereketleri bilen bagly başga bir şahsa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyrlar. Gözegçilik etmäge jogapkär adamlar zyýanyň öňüni alyp bilmedik halatlarynda jogapkärçilik aradan aýrylýar. Şeýlelikde, çaganyň hereketleri bilen ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga çaganyň ata-enesi ýa-da oňa gözegçilik etmäge jogapkär adamlar borçly bolup durýarlar (Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 1029 maddasy).

Jemgyýetçilik ýerlerinde maddy gymmatlyklara eýeçilik gözi bilen garamaklyk raýatlarymyzyň ahlak borjy hasaplanýar. Aýdalyň, jemgyýetçilik ýerlerinde heýkellere münüp-düşip oýnamak, olara maddy zyýan ýetirmek howpuny salmak, oturgyçlarda ýa haýatlarda uly bir zähmet sarp etmezden aýryp bolýan şekilde ýazgy galdyrmak, goý, olar gelşikli many-mazmunda bolanlarynda hem ahlak jogapkärçiliginiň ýüze çykmagy üçin gönüden-göni esas bolup durýar. Şonuň üçin hem bu hereketler ahlak nukdaýnazaryndan ýazgarylmaga degişlidir.

Maşgalada we mekdepde jemgyýetçilik ýerlerindäki maddy gymmatlyklaryň raýatlaryň şahsy emläginde-de has ýokarda görül-

melidigini ýaşlara düşündirip durmaly. Bu ugurda raýatlaryň ahlak garaýyşlaryny özgertmek babatda döwlet we jemgyýetçilik tarapyndan geçirilýän çäreler ilat arasynda tertip-düzgüniň hem-de kanunylygyň bekemegine getirýär, maşgalada we mekdepde ahlak terbiýesiniň hasda kämil derejä çykmagyna ýardam edýär.

**Jemgyýetçilik ýerlerinde bag-bakjalara, güllere zyýan ýetirmezlik**

***Raýatlar jemgyýetçilik ýerlerinde bag-bakjalara, güllere zyýan ýetirmeli däl.***

Türkmenler herki döwürde hem dünýä gözelliklerini ilki bilen tebigatyň bag-bakjalarynda, güllerinde görüpdirler, olary ýürekden wasp edipdirler. Ata-babalarymyz hut şu sebäpli iň süýji duýgularyny bag-bossanlyklara meňzedip, dürli pähimleri döreden bolmaly. Aýdylanlaryň subutnamasy hökmünde şu paýhasly meňzetmelere salgylanalyň: “Gyzyň ysy – gülüň ysy”, “Her gülüň bir ysy bar, her gyzyň – bir näzi”, “Perzent ýagşysy gül, ýamany bir pul”, “Ýagşydan bag galar” we başgalar.

Bagtyýarlyk zamanamyzda hem raýatlarymyz bag-bakjalaryň, gök ekinleriň, gül-çemenlikleriň adam kalbyna ýetirýän aýratyn bir göwün galkyndyryjy we şatlyk paýlaýjy täsirini duýup ýaşaýarlar. Şu nukdaýnazardan jemgyýetçilik ýerlerinde tebigy ýüze çykýan ýa-da, esasan, emeli döredilýän gök gurşawlar adamzat ýaşaýşyna gözel, lezzetli bir many-mazmun berýär.

Adamlaryň ruhlarynyň belent bolmagy we medeniýetli dynç almaklary üçin jemgyýetçilik ýerlerinde estetiki owadanlyk berýän, adamyň kalbyna hoş ýakýan gök zolaklar döredilýär we ýylyň dowamynda olara ideg edilýär. Bu täsinlikleri kadaly ýagdaýda saklamak üçin döwletiň ýörite edara-kärhanalary gündelik alada edýärler. Tebigy gözellikleri talabalaýyk ýagdaýda saklamak üçin bir giden tehnikalar we el güýji ulanylýar, harajatlar çekilýär. Raýatlarymyz bu täsin gözelliklere guwanmany, şeýle hem bu gözellikleri emele getirýän adamlaryň zähmetine hormat goýmany başarmaly. Şeýle

garaýyşly adamlar diňe ahlak kadalarynyň giňişleýin wagyz-ündew edilmegi netijesinde terbiýelenip bilner.

Jemgyýetçilik ýerlerindäki gök zolaklara hyýanatly çemeşilmegine ýol berilmeli däl, şunuň bilen bagly ahlaksyz hereketleriň öňi alynmaly. Aýdylanlary birkemsiz durmuşa geçirmek üçin ilki bilen maşgalada hem-de mekdepde ýaş nesillerde ir-iýmişli we saýaly baglara, gül-çemenliklere söýgi duýgusy döredilmeli, olara aýawly garamagyň edebi öwredilmeli.

**Jemgyýetçilik ýerlerinde özüňi tertipli alyp barmak**

***Raýatlar jemgyýetçilik ýerlerinde özüni tertipli alyp barmaly.***

Raýatlarymyzyň jemgyýetçilik ýerlerinde gaty geplemekleri ýa gülmekleri, ýerliksiz degişmekleri ýa-da oýun etmekleri, ugursyz aýdyma hiňlenmekleri we beýleki oňlanylmaýan hereketleri etmekleri gelşiksiz görülýär, özi-de medeniýetsizlikden nyşan hasaplanýar. Jemgyýetçilik ýerlerinde hiç kime köpçüligiň rahatlygyny bozmaga ýol berilmeli däl, her bir raýat töweregiňdäkiler bilen gatnaşyga girmegiň edebini saklamaly, özüne “bolşuň hähili?” diýdirmejek bolmaly.

Belli bir ýagdaýlarda ýokarda beýan edilen hereketler hukuk jogapkärçiliginiň ýüze çykmagyna hem getirip biler. Mysal üçin, haçan-da jemgyýetçilik ýerlerinde hapa, paýyş sözler aýdylsa, raýatlara göwnedegijilikli azar berilse we jemgyýetçilik tertibini hem-de raýatlaryň rahatlygyny bozýan şoňa meňzeş beýleki hereketlere ýol berilse, bu hereketler ownuk bozgakçylyk hasaplanyp, administratiw jogapkärçiligine eltýär (Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksiniň 345-nji maddasy). Çilim ýa temmäki önümleriniň çekilenligi ýa-da nas ulanylanlygy üçin, özi-de nasyň nirede ulanylanlygyna garamazdan, administratiw jogapkärçiligi döreýär (Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksiniň 79-80-nji maddalary).

Ýokarda beýan edilenler şahsyýetiň özi bilen bagly alnanda hukuk bozulma bolup durýar, ýöne onuň töweregindäkiler babatda olar

ahlaksyz hereket hasaplanýar. Başgaça aýdylanda, şeýle hereketler raýatyň keseki adamlary sylamazlygyny, äsgermezligini aňladýar. Görşümiz ýaly, ahlak bozulma bilen hukuk bozulmanyň serhetleri juda ýanaşyk ýerleşýär.

***Jemgyýetçilik ýerlerinde talabalaýyk geýinmek***

***Her bir adam jemgyýetçilik ýerlerinde talabalaýyk geýinmegiň edebini berjaý etmeli:***

– jemgyýetçiligiň göwnünden turaýjak gelşikli egin-eşikleri ýagdaýyna görä geýinjek bolmaly;

– barýan ýa-da çagyrylan ýerine görä kybapdaş geýinmeli;

– egin-eşiginden, esasan-da, zenan maşgalalaryň lybaslaryndan milli aýratynlyklarymyz we edebimiz görünmeli;

– egin-eşigine serenjam bermeli.

Döwlet syýasatynda raýatlarymyz tarapyndan geýinmegiň milli döwrebap medeniýetini saklamaklyga aýratyn ähmiýet berilýär. Adaty günlerde ýönekeýden gelşikli geýinmeklik ündelýär. Onsoňam barýan ýeriňe görä kybapdaş geýinmek asyllylykdan we sadalykdan nyşan hasaplanýar. Aýdalyň, sport desgasyna we teatra barýan adamlaryň geýnişinde hökman tapawut bolaýmaly.

Geýinmegiň edebinde esasy zat egin-başyň arassa, ütüklenen, sadadan gelşikli hem-de endamyňa ýakymly bolmagydyr. Herki zatda, şol sanda geýinmekde hem çäk bolmaly, ýagny ynsan göze ilginç geýinmejek bolmaly. Onsoňam her bir raýat adamyny onuň geýen eşiginiň gymmatynyň bezemeýändigine düşünmeli. Her bir ynsan başgalaryň ünsüni özüne egin-başy bilen däl-de, edep-ekramy, paýhasy bilen çekmeli. Şahyr G. Ezizow ýöne ýerden: “Entek sadalykdan zyýan çeken ýok” diýen däl bolmaly (“Myhmançylykda aýdylan tost”). Şu ýerde Magtymguly atamyzyň hem şeýle setirlerini ýatlamak ýerliklidir: “Aryp bolsaň, aslyn sorma ýigidiň, edebinde, ekramynda bellidir” (“At ýanynda bellidir”).

Geýinmekde her döwrüň özüne mahsus talaplary bolýar, esasan-da, bu zenan maşgalalara degişlidir. Gyz-gelinler üçin döwrebap geýinmek juda wajyp ähmiýetli mesele bolup durýar. Çünki, geýim

we şaý-sepler olaryň owadan syratlaryna gözellik goşýar. Aýal maşgala türkmen edebine laýyklykda geýinmäni başarmaly. Häzirki döwürde zenan maşgalalaryň milli äheňde geýinmeklerine aýratyn üns berilýär. Elbetde, ýaşuly adamlar ýaşlaryna görä kybapdaş geýinmeli. Daşyndan synlaýanlar üçin halkyň mental aýratynlyklary ilki bilen milletiň egin-başyndan görünýär. Şoňa görä-de, milliligimizi saklamak üçin geýim bilen bagly däp-dessurlarymyzyň berk tutulmagy örän möhümdir.

**Jemgyýetçilik naharhanalarynda edepli iýmitlenmek**

***Raýatlar jemgyýetçilik naharhanalarynda edepli iýmitlenmäni başarmaly.***

Ýurdumyzda eýeçiligiň dürli görnüşine degişli jemgyýetçilik naharhanalarynyň giň toplumy (restoran, kafe, çaýhana we ş.m.) halkymyza medeniýetli hyzmat edýärler.

Jemgyýetçilik naharhanalarynda töweregiňdäkiler üçin oňaýsyz ýagdaýlary döretmezlik üçin, her bir raýat köpçülikde şu edep ýörelgelerine eýermeli: üstki eşiksiz we zerur bolmasa başaçyk oturmak; manyly we az geplemek; sesiňi ýanyňda oturanlardan başga adamlara eşitdirmezlik; howlukman naharlanmak; naharlanylanda ýörite esbaplardan peýdalanmak; iýmitleri döküp-saçmazlyk we arassaçylygyň beýleki kadalaryny berjaý etmek.

**Ýolda we ýanýodalarda özüňi edepli alyp barmak**

***Raýatlar ýolda we ýanýodalarda özüni talabalaýyk we edepli alyp barmaly.***

Ýol hereketine gatnaşyjylaryň ählisiniň özara sazlaşykly hereketleri birek-birege bolan hormat-sylagyň, agzybirligiň we howpsuzlygyň, umuman, ahlak-hukuk kadalarynyň berjaý edilmeginiň görkezijileri bolup durýar. Ýol hereketine gatnaşyjylaryň ahlaksyz hereketlerini häsiýetlendirýän ýagdaýlar durmuşda dürli görnüşlerde ýüze çykýar. Olaryň hemmesi-de aýry-aýrylykda ýol hereketiniň düzgünleriniň ünsden düşürilmegine, howpsuzlygynyň peselmegine ýa-da bozulmagyna getirip bilýär.

Ýolda we ýanýodalarda ýüze çykýan ahlaksyz hereketleriň aglabasyna hukuk ýa-da kanun bozulmasy derejesine baryp ýeten he-

reket hökmünde baha berlip bilner. Biziň jemgyýetçilik bolup bir hakykata doly göz ýetirmegimiz örän wajyp, ýol hereketiniň düzgünlerini bozýanlaryň ählisini ýol hereketine gözegçilik edýän gullugyň kömegi bilen ýüze çykarmak we olaryň garşysyna temmi çärelerini ulanmak mümkin däl. Şoňa görä-de, ýol hereketine gatnaşyjylaryň ählisiniň ahlagynyň we medeniýetiniň ýokarlanmagyny gazanmak döwrüň wajyp wezipeleriniň biri bolup durýar. Diňe şeýle çemeleşme netijesinde iş ýüzünde ýol hereketiniň düzgünleriniň ýerine ýetirilmeginiň hem-de howpsuzlygynyň üpjün edilmeginiň täsirini artdyryp bolar.

Başgaça aýdylanda, her bir ýol hereketine gatnaşyjy öz hereketleriniň “ahlak gözegçisi» bolmaly. Şeýle hem jemgyýetçilik tarapyndan ýolda ahlaksyz we bikanun hereketleriň garşysyna hemişelik esasda göreş alnyp barylmaly. Umuman, biz ýolda şahsy we jemgyýetçilik ahlak-hukuk gözegçiliginiň amala aşyrylmagyny üpjün etmäge çalyşmaly. Gündogaryň ahlagynda hem şu meselä aýratyn ähmiýet berlip: “Ýolagçylara azar berýän zatlary ýoldan aýryň. Halkyň ýöreýän ýoluny abat etseňiz, ol siziň üçin uly sadakadyr” diýip nygtalýar.

**Taryhy we medeni ýadygärliklere aýawly garamak**

***Raýatlar taryhy we medeni ýadygärliklerimize aýratyn jogapkärçilik duýgusy bilen garamaly hem-de olaryň ygtybarly goralmagyna işjeň gatnaşmaly.***

***Döwlet, jemgyýet taryhy we medeni ýadygärliklerimize raýatlaryň aýawly garaýşyny we ahlak jogapkärçiligini yzygiderli wagyz -ündew edip durýar.***

Milli gymmatlyklarymyzyň goralmagyna, öwrenilmegine, wagyz-ündew edilmegine we durmuşda giňden peýdalanylmagyna döwlet syýasatynda mynasyp orun berilýär. Diňe öz ata-baba gelip-çykyşyny, milli aýratynlyklaryny bilýän, taryhy we medeni ýadygärliklerini hormatlaýan hem-de olary ýürekden goraýan halk şu gününi we geljegini ygtybarly ýol bilen özgerdip, bagtyýar durmuşda ýaşap biler.

Gündogaryň medeni mirasynyň altyn hazynalary hökmünde Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşulan Merwiň, Köneürgenjiň, Nusaýyň ýadygärliklerem, şeýle hem ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ýerleşýän beýleki taryhy we medeni ýadygärlikler ata-babalarymyzdan bize miras galan gymmatlyklardyr.

Taryhy we medeni ýadygärlikleriň köplenç halatlarda ilatly ýerlerden üzňe ýerleşýändigi we adamsyz wagtlarynyň hem az bolmaýandygy sebäpli, olaryň goragyny diňe hukuk kadalarynyň kömegi bilen doly üpjün etmek mümkin däl. Şoňa görä-de, döwlet hem jemgyýet raýatlarda taryhy we medeni ýadygärliklere söýgi, buýsanç-guwanç duýgularyny döretmek maksady bilen zerur wagyz-ündew işlerini yzygiderli geçirip durmaly, ýadygärlik toplumlarynda özüni nähili medeniýetli alyp barmalydygynyň ahlak kadalaryny hem edebini olara düşündirmeli.

**Jemgyýetçilik ýerlerinde raýatlaryň özlerini edepli alyp barmaklaryny wagyz-ündew etmek**

***Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde jemgyýetçilik ýerlerinde raýatlaryň özlerini edepli alyp barmaklarynyň kadalary yzygiderli wagyz-ündew edilmeli.***

***Maşgalada, mekdepde ýaşlara jemgyýetçilik ýerlerinde özlerini alyp barmagyň edebi yzygiderli düşündirilip durulmaly.***

Ýokarda beýan edilen maglumatlar we olar boýunça geçirilýän işler barada jemgyýetçilik habarly edilip durulmaly. Şu zeýilli ahlaksyz hereketleriň maşgalanyň, edara-kärhana-guramalaryň, bütin jemgyýetiň at-abraýyna şek ýetirýändigine hemmeleri düşüner ýaly etmeli. Şonuň üçin hem köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde, maşgalada, mekdepde, edara-kärhana-guramalarda jemgyýetçilik ýerlerinde özüňi medeniýetli alyp barmagyň kadalarynyň berjaý edilmeginiň wagyz-ündew edilmegini hem-de halkyň medeniýetine oňyn täsir edip biläýjek ýörite dokumental we gysga metražly çeper filmleriň döredilmegini, telespektakllaryň we teatrlarda oýunlaryň goýulmagyny, radiogepleşikler geçirilmegini dowam etdirmeli.

## 4.2. Jemgyýetçilik ýerlerinde özüňi alyp barmagyň ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar




**1-nji çyzgy**




**2-nji çyzgy**




**3-nji çyzgy**




**4-nji çyzgy**


Geýinmegiň milli äheňini saklamaly
1
Arassa-tämiz geýinmeli
2
Eşikleriňi ütükläp geýmeli
3
Geýinmegiň milli edebini saklamagyň esasy talaplary
Sadadan gelşikli geýinmeli
4
Döwrebap geýinmeli
5
Endamyňa ýakymly zatlary geýmeli
6
Barýan ýeriňe görä kybapdaş geýinmeli
7
Ýaşyňa görä kybapdaş geýinmeli
8
Göze ilginç geýinmeli däl (dar, ýuka we ş.m.)
9

**5-nji çyzgy**


Jemgyýetçilik naharhanalarynda edepli iýmitlenmek babatda bildirilýän esasy talaplar
1
Üstki geýimleriňi we kelle gabyňy eşik saklanylýan ýere tabşyrmak
2
Nahardan öň we soň elleriňi ýuwmak we agzyňy bolmanda suw bilen çaýkamak
3
Naharhanada hiç kime oňaýsyzlyklary döretmezden ýerleşmek
4
Nahary howlukman iýmek
5
Nahar wagty ýörite esbaplardan peýdalanmak
6
Ýere gaçan esbaplary ulanmazdan, olary gap-gaç ýuwulýan ýere tabşyrmak
7
Nahar wagty artyk hereketleri (köp we gaty gürlemek, gerinmek, pallamak, garşy oturyp-turmak we ş.m) etmezlik
8
Iýmitleri döküp-saçmazlyk
9
Gap-gaçlary döwmezlik

**6-njy çyzgy**


Ýol hereketine gatnaşyjylaryň ahlak-hukuk kadalaryny berjaý etmekleri bilen nähili oňyn netijelere ýetilýär
1
Ýol hereketiniň düzgünleriniň has-da berk tutulmagy üpjün edilýär
2
Ýol hereketiniň düzgünleriniň berjaý edilmegi babatda jemgyýetçilik gözegçiligi güýçlendirilýär
3
Ýol hereketiniň düzgünleriniň berjaý edilmeginde döwlet we jemgyýetçilik güýçleri utgaşdyrylýar we olaryň sazlaşygy gazanylýar
4
Ýol hereketi bilen bagly hadysalaryň sanynyň azalmagyna täsir edýär
5
Ýol hereketine gatnaşyjylaryň talabalaýyk hereket etmeklerine we edepli bolmaklaryna oňyn täsir edýär
6
Ýol hereketine gatnaşyjylaryň bir-birine hormatsylagyny artdyrýar
7
Ýol hereketine gatnaşyjylaryň ahlak-hukuk medeniýetini ýokarlandyrýar

**7-nji çyzgy**




**8-nji çyzgy**




**9-njy çyzgy**

## 4.3. Jemgyýetçilik ýerlerinde özüňi alyp barmagyň ahlak kadalary bilen bagly testler

**1. Ýetginjek çigit çigitleýär we gabygyny ýol ugruna taşlap barýar. Onuň bu hereketi bilen bagly nähili jogapkärçilik ýüze çykyp biler?:**

a) ahlak;

b) hukuk;

ç) ahlak we hukuk;

d) ahlak ýa-da hukuk.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**2. Şularyň haýsysy jemgyýetçilik ýerine degişli däl?:**

a) gazet-žurnal satylýan ýer;

b) dellekhana;

ç) öý;

d) aýakgap bejerilýän ýer.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**3. Jemgyýetçilik ýerlerinde arassaçylyk, adatça:**

a) döwlet serişdeleriniň hasabyna üpjün edilýär;

b) hususy serişdeleriň hasabyna üpjün edilýär;

ç) döwlet ýa-da hususy serişdeleriň hasabyna üpjün edilýär;

d) raýatlaryň meýletin berýän serişdeleriniň hasabyna üpjün edilýär.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**4. Jemgyýetçilik ýerlerinde maddy gymmatlyklara anyk görnüşde zyýan ýetirilenok, ýöne eýeçilik gözi bilen hem garalanok. Şeýle hereketler nähili jogapkärçilige eltip biler?:**

a) hukuk jogapkärçiligine;

b) ahlak jogapkärçiligine;

ç) ahlak ýa-da hukuk jogapkärçiligine;

d) ahlak we hukuk jogapkärçiligine.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**5. Jemgyýetçilik ýerinde ýerleşdirilen atyň heýkeline bir ýetginjek münüp-düşip dostlaryny güýmeýär. Şu ýerde nähili jogapkärçilik döräp biler?:**

a) ahlak;

b) hukuk;

ç) ahlak we hukuk;

d) ahlak ýa-da hukuk.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**6. Ýetginjek jemgyýetçilik ýerinde töwerege gözellik berip oturan bir güli ýolýar. Şu hereket bilen bagly nähili jogapkärçilik döräp biler?:**

a) ahlak;

b) hukuk;

ç) ahlak we hukuk;

d) ahlak ýa-da hukuk.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**7. Ýetginjek jemgyýetçilik ýerinde töwerege gözellik berip oturan gül meýdançasyny basgylap geçýär. Gapdaldan geçip barýan ýaşuly onuň bu hereketlerini ýazgarýar we indi şular ýaly hereketleri gaýtalamazlygy mylaýymlyk bilen nesihat edýär. Ýaşuly şu ýerde özüniň nähili borjuny berjaý etdi?:**

a) hukuk borjuny;

b) ahlak borjuny;

ç) ýagdaýa baglylykda hukuk ýa-da ahlak borjuny;

d) ikisinem.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**8. Ahlak bozulma we hukuk bozulma hereketleriniň “serhetlerine” aýratyn mahsus häsiýetli ýagdaýlar:**

a) juda ýanaşyk ýerleşýärler;

b) serhetýaka goňşular örän agzybir ýaşaýarlar, her bir meselede birek-biregi goldap we gorap gezýärler;

ç) ahlak bozujy hukuk bozulmaň serhedinden geçýär, ahlak bozulma onuň üçin ilkinji synagdyr;

d) hukuk bozujy ahlak bozulmanyň serhedinden geçýär, hukuk bozulma onuň üçin ilkinji synagdyr.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**9. Iki sany ýetginjek dost jemgyýetçilik ýerinde şu hereketleri etdiler. Biri iýen bananynyň gabygyny oturan oturgyjynda taşlap gitdi, beýlekisi, şol oturgyjyň agaç bölegini kän bir göze ilmeýän görnüşde döwdi. Oglanlaryň işine nähili baha berip bolar?:**

a) bananyň gabygyny taşlan ahlak bozulma ýol berdi, oturgyjy döwen – hukuk bozulma;

b) bananyň gabygyny taşlan hukuk bozulma ýol berdi, kän bir göze ilmeýänligi üçin oturgyjy döwen – ahlak bozulma;

ç) ikisem ahlak bozulma ýol berdiler;

d) ikisem hukuk bozulma ýol berdiler.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**10. Adamyň geýnişinden ilki bilen nämäni anyk kesgitläp bolýar?:**

a) onuň baý-garyplygyny;

b) onuň adamkärçiligini;

ç) halkyň milli aýratynlyklaryny;

d) halkyň ahlagyny.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**11. Geýinmegiň edebine laýyklykda:**

a) döwrebap geýinjek bolmaly;

b) aňrybaşy geýinjek bolmaly;

ç) ýaşyňa görä geýinjek bolmaly;

d) milli äheňde geýinjek bolmaly.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**12. Jemgyýetçilik naharhanalary kimiň eýeçiliginde bolup bilýär?:**

a) döwletiň;

b) telekeçilk işini amala aşyrýanyň;

ç) bir wagtda ikisiniňem;

d) döwletiň ýa-da telekeçilik işini amala aşyrýanyň.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**13. Jemgyýetçilik naharhanasynda müşderi tarapyndan gap-gaçlar döwlen ýagdaýynda nähili jogapkärçilik ýüze çykýar:**

a) diňe hukuk;

b) diňe ahlak;

ç) hukuk ýa-da ahlak;

d) bir wagtda ikisem.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**14. Ýol hereketine gatnaşyjylaryň hereketleri bilen bagly diňe hukuk jogapkärçiligi ýüze çykyp bilýärmi:**

a) hawa;

b) belli bir ýagdaýlarda diňe ahlak jogapkärçiligem ýüze çykyp biler;

ç) her bir anyk ýagdaýda ikisem deň derejede ýüze çykýar;

d) her bir anyk ýagdaýda hukuk ýa-da ahlak jogapkärçiligi döreýär.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**15. Awtoulag sürüjisi ýolda barýarka, ýoluň ugrunda ýatan bir zady görýär we ondan sowlup geçip gidýär. Yzyndan gelýän sürüji awtoulagyny saklap, ýolda ýatan zady aýryp, soňra ýoluny dowam etdirýär. Birinji barýan sürüjiniň hereketleri bilen bagly nähili jogapkärçilik ýüze çykyp biler?:**

a) hukuk;

b) hukuk we ahlak;

ç) ahlak;

d) hukuk ýa-da ahlak.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**16. Taryhy we medeni ýadygärlikleri kim goramaly:**

a) hukuk goraýjy edaralar;

b) ýörite döredilen jemgyýetçilik guramalary;

ç) hukuk goraýjy edaralar we ýörite döredilen jemgyýetçilik guramalary;

d) bütin jemgyýet we döwlet.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**17. Halkyň taryhy we medeni ýadygärliklerini bilmekligiň jemgyýet üçin iň bähbitli tarapy:**

a) ýaşlarda halkyň milli geçmiş ýoluny öwrenmäge höwes döredýär;

b) milli aýratynlyklaryňa doly we dogry düşünmäge mümkinçilik berýär;

ç) milli aýratynlyklaryňy wagyz etmäge şertleri döredýär;

d) goňşy halklaryň milli aýratynlyklaryny bilmäge we düşünmäge ýol açýar.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**18. Jemgyýetçilik ýerinde ahlak bozulma ýol beren adam barada toplanan maglumatlar degişli çäre görmek üçin haýsy edara ýollanyp bilner?:**

a) etrap prokuraturasyna;

b) häkimligiň degişli müdirligine ýa-da bölümine;

ç) polisiýa bölümine;

d) işleýän edarasyna.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**19. Jemgyýetçilik ýerlerinde raýatlaryň özlerini edepli alyp barmaklary netijesinde gazanylýan iň esasy üstünlik:**

a) tertip-düzgün bekeýär;

b) adamkärçiligimiz ýokarlanýar;

ç) aň-düşünjämiz giňeýär;

d) medeniýetimiz ösýär.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**Testleriň jogaplary:** 1-a; 2-ç; 3-ç; 4-b; 5-a; 6-a; 7-b; 8-d; 9-a; 10-ç; 11-b; 12-ç; 13-d; 14-b; 15-ç; 16-d; 17-b; 18-d; 19-a.

# V BAP
# JANLY-JANSYZ TEBIGAT BILEN GATNAŞYK SAKLAMAGYŇ AHLAK KADALARY

## 5.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän esasy gatnaşyklar

**Tebigaty we daşky gurşawy goramak**

***Raýatlar tebigaty we daşky gurşawy goramagy işjeň ýagdaýda dowamly amala aşyryp durmaly.***

Döwlet, jemgyýet raýatlarda tebigata we daşky gurşawa söýgini, aýawly garaýşy hem-de ondan tygşytly peýdalanmagy terbiýelemeli.

Tebigaty we daşky gurşawy goramak her bir döwletiň, şeýle hem dürli halkara guramalarynyň üns merkezinde hemişelik esasda durýan meseledir. Çünki, durmuşda adamyň seresapsyz, oýlanyşyksyz, hyýanatly hereketleriniň netijesinde tebigata we daşky gurşawa düzedip bolmajak derejede zyýan (zelel) ýetirilip bilinýär. Bu ýagdaý bütin adamzat ýaşaýşyna görnetin howp salýar. Şonuň üçin hem tebigaty we daşky gurşawy goramaklyga ýurdumyzyň döwlet syýasatynda aýratyn ähmiýet berilýär we hemişelik gözegçiliklde saklanylýar.

Her bir ynsan tebigatyň aýrylmaz bir bölegi bolup durýar. Şu garaýyşdan ugur alnanda, onda her bir adam özünden gaýry tebigata hormat goýmany, ony aýawly saklamany, ondan tygşytly peýdalanmany başarmaly. Umuman, herki ynsan tebigat bilen bir "bütewi göwre" bolup durýanlygyna düşünmeli.

Bilşimiz ýaly, hukugyň kadalarynda tebigaty we daşky gurşawy ygtybarly goramak boýunça kadalar berkidilen, ýöne tejribede bu kadalary netijeli ulanmakda bir giden kynçylyklar ýüze çykýar. Aýdalyň, her bir dag arçasynyň ýa-da çöl sazagynyň ýanynda gözegçi goýmak mümkin däl. Hiç bir döwletem bu çykdajylary çekip bilmez, ýurtda onça gözegçi-goragçam tapylmaz. Şoňa görä-de, raýatlarda tebigata we daşky gurşawa söýgi döretmek, oňa aýawly garamany hem-de ondan tygşytly peýdalanmany öwretmek döwletiň we jemgyýetiň öňünde durýan wajyp ahlak borç hasaplanýar. Elbetde, şu meselede

özlerini talap edilişi ýaly alyp barmaklygy raýatlar öz ahlak borjy hökmünde kabul etmeli.

Bu ýerde köp zat adamyň ynsabyna bagly. Mysal üçin, jogapkärsiz adam tebigatda ýangyn howpunyň döremegine-de, aýratyn goralýan jandarlaryň ýok bolup ýitip gitmegine-de ýaramaz täsirini ýetirip biler. Eždatlarymyz şeýle adamlary: “Ynsapsyz – imansyz” diýip pisläpdirler. Tebigat we daşky gurşaw ägirt uly giňişlik we güýç bolsa-da, muňa garamazdan, ol çagadanam beter goraga mätäçdir. Şu duýgyny ýaş nesillere geçirmek bolsa, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, döwletiňem, jemgyýetiňem ahlak borjy, ekologiýa terbiýesiniňem baş wezipesi bolup durýar.

**Ýerden we ýerasty baýlyklardan rejeli peýdalanmak**

***Raýatlar ýerden we ýerasty baýlyklaryndan rejeli peýdalanmany başarmaly.***

***Döwlet, jemgyýet ýerden we ýerasty baýlyklardan raýatlaryň rejeli peýdalanmaklaryny üpjün etmek üçin zerur wagyz-ündew işlerini yzygiderli geçirip durýar.***

Ýerden we ýerasty baýlyklardan rejeli peýdalanmak döwlet syýasatynda juda jogapkärli wezipe hasaplanýar. Hukugyň kadalarynda ýeri we ýerasty baýlyklary goramagyň we olardan rejeli peýdalanmagyň meseleleri giňişleýin düzgünleşdirilýär. Ýöne ýer we ýerasty baýlyklaryň göwrüminiň bimöçber bolup durýanlygy hem-de aýratyn gymmata eýedikleri sebäpli, olaryň hukuk goraglylygyny talabalaýyk üpjün etmek her bir ýagdaýda isledigiňçe başartmaýar.

Durmuşda bu mesele bilen bagly ahlak kadalarynyň ýardamçy tagallalary hökman gerek. Çünki, ýeriň we ýerasty baýlyklaryň adamzat ýaşaýşyna köp ugurly täsiri bar. Bu ýagdaý, ilkinji nobatda, agzalan tebigy baýlyklaryň jemgyýetde örän möhüm ykdysady we durmuş ähmiýetniň bardygy bilen düşündirilýär. Raýatlaryň ýerden we ýerasty baýlyklardan rejeli peýdalanmagyň durmuşy zerurlykdygyna anyk göz ýetirmekleri jemgyýet üçin ähli babatda wajypdyr. Ata-babalarymyz ýöne ýerden: “Baýlygyň enesi ýer, atasy zähmet” diýmedik bolmaly. Şoňa görä-de, ýer we ýerasty baýlyklar babatda jemgyýetde dogry ahlak garaýşyny terbiýelemek möhüm wezipe bolup dur-

ýar. Haçan-da bu ugurda ahlak we hukuk kadalarynyň sazlaşygy gazanylanda, ýerden we ýerasty baýlyklardan rejeli peýdalanmaklygy doly we hemmetaraplaýyn üpjün etmek mümkindir.

**Öý haýwanlaryna, guşlara we tebigatyň gaýry janly-jandarlaryna rehimli garamak**

***Raýatlar öý haýwanlaryna, guşlara we tebigatyň gaýry janly -jandarlaryna rehimli garamaly.***

Adam diňe bir ynsan çagasyna däl, eýsem tebigatyň gaýry janly-jandarlaryna hem ýerliksiz azar bermeli däl, tersine olary keseden ýüze çykýan dürli zulumlardan we horluklardan mümkingadar gorajak bolmaly. Haýwanat dünýäsiniň wekilleri babatda rehimsizlik görkezip bilýän adam, töweregindäki adamlary hem sylap durmaz.

Öý haýwanlarynyň, guşlaryň adama peýdaly taraplaryny hemmämiz bilýäris. Adam öý haýwanlaryna we guşlara rehimli bolmaly. Olary iýmsiz-suwsuz horlamaly däl, tenine şikes ýetirmeli däl, olar bilen gödek ýa-da jana howply oýunlary etmeli däl, ýarawsyz ýagdaýlarynda bolsa, olaryň bejergisini üpjün etmeli. Umuman, adam öý haýwanlaryna we guşlara rehimlilik görkezmeli, olary elmydama öz gözegçiliginde hem-de goragynda saklamaly.

Tebigatda erkin ýaşaýan janly-jandarlar, guşlar babatda hem adam gödek hereketlere, zuluma, wagşyçylyga ýol bermeli däldir. Aýdalyň, towşan awuny etmäge diňe ygtyýar berlen döwürde hem-de bellenen çäkli sanda rugsat berilýär. Aw döwründe döwlet gözegçisi ýanymy alyp duranok diýip, towşanly ýyl bolanda-da, onuň soňuna çykmaly diýen zat ýok, adam ynsabyna haý diýmäni we nebsiniň gözegçisi bolmany başarmaly, isrip-haram etmeli däl.

Döwlet, jemgyýet öý haýwanlarynyň, guşlaryň we tebigatyň gaýry janly-jandarlarynyň goragyny ahlak-hukuk kadalarynyň sazlaşygynda üpjün edilmegini gazanjak bolmaly, raýatlaryň arasynda olara söýgini, rehimliligi, ynsaplylygy we dözümsizligi yzygiderli wagyz-ündew edip durmaly.

**Ösümlik dünýäsini, tokaýlary, saýaly we iýmişli baglary goramak**

***Raýatlar ösümlik dünýäsiniň, tokaýlaryň, saýaly we iýmişli baglaryň goragynda durmaly.***

***Döwlet, jemgyýet ösümlik dünýäsiniň, tokaýlaryň, saýaly we iýmişli baglaryň raýatlaryň ygtybarly goragynda bolmagyny üpjün etmek maksady bilen zerur wagyz-ündew işlerini yzygiderli guramaly.***

Döwlet syýasatynda tebigatyň ösümlik dünýäsini, tokaýlary, saýaly we iýmişli baglary goramaklyga wajyp ähmiýetli mesele hökmünde garalýar, sebäbi olaryň adamyň dem alýan azon gatlagyny emele getirmekde oňyn täsiri tejribeden aýdyň görünýär we duýulýar. Aýdylanlardan ugur alyp, her bir raýat dagda, çölde, düzde ösýän ösümlikleri, agaçlary adam ýaşaýşy üçin tebigy zerurlyk hökmünde goramaga çalyşmaly, başardygyndan olaryň köpelmegine we ýaýramagyna ýardam etmeli.

Ilatly ýerlerde emeli gök zolaklaryň döredilmegine diňe bir tebigy zerurlyk däl-de, eýsem estetiki gözelligi üpjün edýän serişde hökmünde hem garalmaly. Şoňa görä-de, ilatly ýerlerde gök zolaklary emele getirmek döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri hasaplanylýar. Ählihalk bag nahallaryny ekmek syýasatyna laýyklykda, her ýyl ir-iýmişli we saýaly baglaryň müňlerçesi ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ekilýär.

Degişli döwlet maksatnamalaryna esaslanyp, dürli görnüşdäki ösümlikleriň hem-de agaçlaryň adamzat ýaşaýşy üçin wajyplygyny göz öňünde tutup, ilat arasynda olar babatda dogry ahlak garaýşyny döretmek maksady bilen, jemgyýetde wagyz-ündew işleri yzygiderli geçirilmeli.

**Suw çeşmelerine aýawly garamak we hojalyk işlerinde olardan tygşytly peýdalanmak**

***Raýatlar suw çeşmelerine aýawly garamaly we hojalyk işlerinde olardan tygşytly peýdalanmaly.***

***Döwlet, jemgyýet raýatlaryň suw çeşmelerine aýawly garamaklaryny we hojalyk işlerinde olardan tygşytly peýdalanmaklaryny gazanmak üçin wagyz-ündew işlerini yzygiderli geçirip durýar.***

Ata-babalarymyzyň suwa aýawly garamak we ondan tygşytly peýdalanmak bilen bagly öwüt-ündewleri türkmen taryhynyň ähli döwürlerinde hem öz wajyplygyny ýitirmän gelipdir. “Suw damjasy - altyn dänesi” diýen nakyl eždatlarymyzyň şu ugurda öňe çykaran esasy pähimleriniň biri bolmaly. Şu günlerde hem suwa aýawly ga-

ramak we ony hojalyk işlerinde tygşytly ulanmak meselesine döwlet syýasatynda aýratyn möhüm wezipe hökmünde garalýar we hemişe üns merkezinde saklanýar.

Bilşimiz ýaly, ýer ýüzüniň ýaşaýşyny suwsuz göz öňüne getirmek mümkin däl. Derýalar, howdanlar we beýleki suw çeşmeleri tebigy ýagynlar bilen bir hatarda bütin janly-jandarlaryň, ösümlikleriň, tokaýlaryň, bag-bakjalaryň, ekin-dikinleriň we beýleki gök zolaklaryň kadaly ýaşaýşyny üpjün edýärler. Şu ýerde danalarymyzyň suwuň hakyky gymmatyny görkezmek üçin döreden käbir pähimlerini ýatlamaklyk ýerliklidir: “Suw – hasylyň enesi” ýa-da “Çöl görki suw, suw görki guw” we başgalar.

Hojalyk işlerinde suwa gadyr goýup harçlananda, ýurt derejesinde näçe mukdarda suwy hem döwlet serişdelerini tygşytlap bolýandygyny döwlet we jemgyýet öz raýatlaryna wagyz-ündew işleriniň üsti bilen düşündirip durmaly. Diňe şeýle ýol bilen ilatda suw meselesi babatda dogry ahlak garaýşynyň emele gelmegini üpjün etmek mümkindir.

**Gazdan, agyz suwundan, elektrik togundan tygşytly peýdalanmak**

***Raýatlar gazdan, agyz suwundan, elektrik togundan tygşytly peýdalanmaly.***

***Döwlet, jemgyýet gazdan, agyz suwundan, elektrik togundan raýatlaryň tygşytly peýdalanmaklaryny wagyz-nesihat edip durýar.***

Geljekki nesilleriň bähbitlerini nazarda tutmak bilen gazdan, agyz suwundan we elektrik togundan tygşytly we rejeli peýdalanmaklygy üpjün etmeklik döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hasaplanýar. Bu baýlyklaryň jogapkärli tygşytlanmagy ýurtda täze ykdysady-senagat önümçilik ýerleriniň açylmagyna we hereket edýänleriniň kuwwatynyň artdyrylmagyna ýardam edýär.

Gazyň, agyz suwunyň, elektrik togunyň adamzat ýaşaýşynda tutýan orny we ähmiýeti hemmä belli. Agzalan baýlyklardan tygşytly peýdalanmak her bir raýatyň şol bir wagtda hukuk we ahlak borjy bolup durýar. Elbetde, gazdan, agyz suwundan, elektrik togundan tygşytly we rejeli peýdalanmagyň meseleleri hukuk kadalarynda köpugurly düzgünleşdirilýär. Emma bu baýlyklardan has-da tygşytly peýdalanmaklygy gazanmak ahlak kadalaryny netijeli ulanmazdan mümkin däldir.

Aýdalyň, howlyny we köçäni gijelerine ýagtylandyrmak üçin elektrik togy birnäçe yşyklandyryş nokatlarynda ýerliksiz ulanylypdyr. Goý, şonça mukdardaky elektrik togunyň bahasy tölenen bolanda-da, toguň bisarpa harçlanmagy döwlete ähli babatda görnetin zyýan ýetirýär. Bilşimiz ýaly, elektrik toguny öndürmek üçin döwlet giden serişdeleri goýberýär we zähmet güýjüni ulanýar. Bu baýlyklardan tygşytly peýdalanmaklygy jemgyýetde raýatlaryň ahlak borjy hökmünde giňişleýin wagyz-ündew etmek bilen bir hatarda, bu ugurda ahlak-hukuk kadalarynyň sazlaşykly hereket etmeklerine aýratyn uly ähmiýet berilmeli.

**Tebigy ýadygärlikleri aýratyn aýawly goramak**

***Raýatlar tebigy ýadygärlikleriň ygtybarly goralmagyna işjeň gatnaşmaly.***

***Döwlet, jemgyýet tebigy ýadygärlikleriň raýatlar tarapyndan aýawly goralmagyny yzygiderli wagyz-ündew işlerini alyp barýar.***

Ýurdumyzyň tebigaty özüniň aýratyn gözellikleri bilen tapawutlanýar. Olaryň arasynda tebigy ýadygärlikler hem bardyr. Dagda, çölde, düzde, suwda olaryň dürli görnüşleri (dag gowaklary, şarlawuklar, ýitip gitme howpy abanýan ösümlikleriň ösýän we haýwanlaryň ýaşaýan ýerleri, arça we sazak tokaýlyklary, mineral duzly suwlar, bejergi üçin ulanylýan palçyklar, emeli köl we ş.m.) hasaba alnandyr. Häzirki günde tebigy ýadygärlikleriň has wajyplary döwlet goraghanalarynyň we zakaznikleriniň (çäkli goraghanalarynyň) hukuk ýagdaýyna eýedirler hem-de aýratyn gorag astynda saklanýarlar.

Tebigy ýadygärlikleriň goragyny üpjün etmeklige döwlet syýasatynda aýratyn ähmiýet berilýär. Özi-de bu ýadygärlikleriň goragyny ilatyň kömegine daýanmazdan, ýagny diňe hukuk kadalarynyň kömegi bilen doly we hemmetaraplaýyn üpjün edip bolmajakdygy barada jemgyýetde dogry garaýyş bar. Aýdylanlardan ugur alyp, döwlet we jemgyýet raýatlarda tebigy ýadygärliklere aýratyn aýawly garaýşy terbiýelemeli, ol ýerlerde özüňi edepli alyp barmagyň kadalaryny giňişleýin wagyz-ündew etmeli. Şonuň ýaly-da tebigy ýadygärliklerde, şeýle hem janly-jansyz tebigat babatda özlerini talabalaýyk alyp baryp bilmeýän raýatlaryň garşysyna görülýän ahlak çäreleri barada jemgyýetçilik köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen habarly edilip durulmaly.

## 5.2. Janly-jansyz tebigat bilen gatnaşyk saklamagyň ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar




**1-nji çyzgy**




**2-nji çyzgy**

Öý haýwanlaryna, tebigatda erkin gezýän janly-jandarlara we guşlara rehimlik görkezmekligiň jemgyýete ýetirýän oňyn täsirleri

1. Adamlarda rehim-şepagat duýgusy artýar
2. Adam gatnaşyklarynda ynsanperwerlik ýokarlanýar, zulum azalýar
3. Adamlarda haýwanat dünýäsine, umuman, tebigata söýgi duýgusy güýçlenýär
4. Adam bilen haýwanat dünýäsiniň arasynda tebigy sazlaşyk emele gelýär
5. Käbir adamlarda bar bolan ýaramaz häsiýetleriniň gowy tarapyna üýtgemegine ýardam edýär
6. Adamlarda ynsabyna we nebsine erk etmek häsiýeti güýçlenýär

**3-nji çyzgy**

Ösümlik dünýäsini, tokaýlary, saýaly we iýmişli baglary goramagyň jemgyýet üçin esasy bähbitli taraplary

1. Adamyň dem alýan kislarodyny ýeterlik mukdarda işläp çykarýar
2. Howa şertleriniň kadaly ýagdaýda bolmagyna oňun täsir edýär
3. Ösümlikleriň we agaçlaryň sany artýar, olaryň ýitip gitme howpy aradan aýrylýar
4. Adamlaryň arassa howada medeniýetli dynç almaklary we saglyklaryny beketmekleri üçin şertler döreýär
5. Haýwanlaryň, janly-jandarlaryň, guşlaryň iýmitini üpjün edýär
6. Senagatda ulanmak üçin çig-mal bolup hyzmat edýär

**4-nji çyzgy**




**5-nji çyzgy**




**6-njy çyzgy**




**7-nji çyzgy**




**8-nji çyzgy**

## 5.3. Janly-jansyz tebigat bilen gatnaşyk saklamagyň ahlak kadalary bilen bagly testler

**1. Tebigatyň we daşky gurşawyň ygtybarly goragy üpjün edilýär, esasan:**

a) döwlet tarapyndan;

b) jemgyýetçilik we halkara guramalary tarapyndan;

ç) döwlet we halkara guramalary tarapyndan;

d) döwlet we jemgyýetçilik tarapyndan.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**2. Tebigaty we daşky gurşawy goramak döwletiň we jemgyýetiň:**

a) hukuk borjy hasaplanýar;

b) ahlak borjy hasaplanýar;

ç) hukuk we ahlak borjy hasaplanýar;

d) hukuk ýa-da ahlak borjy hasaplanýar.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**3. Ýerden we ýerasty baýlyklardan rejeli peýdalanmaklyk:**

a) döwlet ähmiýetli meseledir;

b) döwlet we şahsy ähmiýetli meseledir;

ç) döwlet ýa-da şahsy ähmiýetli meseledir;

d) döwlet we jemgyýetçilik ähmiýetli meseledir.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**4. Jemgyýet üçin ýer we ýerasty baýlyklar, ilkinji nobatda:**

a) ykdysady ähmiýetli mesele;

b) syýasy ähmiýetli mesele;

ç) durmuş ähmiýetli mesele;

d) syýasy-durmuş ähmiýetli mesele.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**5. Öý haýwanlaryna, tebigatda erkin ýaşaýan janly-jandarlara we guşlara rehimsizlik görkezilende nähili jogapkärçilik döräp biler? Rehimsizligiň anyk görnüşde ýüze çykmasyna baglylykda:**

a) ahlak;

b) hukuk;
ç) ahlak ýa-da hukuk;
d) ahlak we (ýa-da) hukuk.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**6. Ýetginjek hojalygyndaky mallaryna wagtynda iým-suw bermäni ýatdan çykaranlygy sebäpli, olaryň biri erbet keselleýär. Şu ýagdaýda nähili jogapkärçilik ýüze çykyp biler?:**

a) ahlak;
b) hukuk;
ç) ahlak ýa-da hukuk;
d) ikisi-de.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**7. Ýetginjek goňşusynyň bagynda ösüp oturan almalaryň öz melleklerine geçip duranlaryny bagyň eýesine bildirmezden ýoluşdyryp sebedini doldurýar. Şu ýerde nähili jogapkärçilik ýüze çykyp biler?:**

a) hukuk;
b) ahlak;
ç) hukuk we ahlak;
d) hukuk ýa-da ahlak.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**8. Ýetginjek ýoluň ugrunda ösüp oturan bagyň şahasyny bilkastdan döwýär. Muny gören ýaşuly ýetginjegi saklaýar we onuň eden işi barada kimi habarly etmelidigi barada oýlanyp başlaýar. Ýaşuly ýetginjege etmişine görä degerli çäre görmekleri üçin kimi habarly etse dogry bolar?:**

a) prokuratura edarasynyň işgärini;
b) baga gözegçilik edýän edaranyň wekilini;
ç) häkimligiň wekilini;
d) ata-enesini ýa-da beýleki ýakynlaryny.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**9. Raýata sakgalyny almak üçin azyndan 10-15 minut wagt gerek. Ol şu wagtyň dowamynda suwy akdyryp goýýar. Netijede, ençeme mukdarda suw bisarpa harçlanýar. Raýat suwuň nurbadyny zerurlygyna görä açyp-ýapyp duranda şeýle ýagdaý döremezdi. Şu ýerde nähili jogapkärçilik ýüze çykyp biler?:**

a) ahlak;

b) hukuk;

ç) ahlak we hukuk;

d) ahlak ýa-da hukuk.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**10. Raýat agyz suwuny mellegini suwarmak üçin ulanýar. Şu ýerde nähili jogapkärçilik ýüze çykyp biler?:**

a) hukuk;

b) ahlak;

ç) hukuk we ahlak;

d) hukuk ýa-da ahlak.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**11. Şu baýlyklaryň haýsysy ahlak kadalarynyň kömegi bilen goralýar?:**

a) gaz;

b) elektrik togy;

ç) agyz suwy;

d) hemmesi.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**12. Ahlak goraglylygyny has-da güýçlendirmek maksady bilen, haýsy baýlygyň kömegi bilen haýsy baýlygy has köp mukdarda (möçberde) alyp bolýandygyny anyklamaly. Tejribede, adatça:**

a) elektrik togunyň kömegi bilen suw we gaz alynýar;

b) suwuň we gazyň kömegi bilen elektrik togy alynýar;

ç) suwuň kömegi bilen gaz alynýar;

d) elektrik togunyň kömegi bilen suw alynýar.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**13. Şulardan haýsysy ýurduň tebigy ýadygärliklerine degişli däl?:**

a) emeli türkmen köli;

b) ýitip barýan ösümlikleriň ösýän ýeri;

ç) dag arçasynyň ösüp oturan ýeri;

d) aýratyn goralýan haýwanlaryň ýaşaýan ýeri.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**14. Ýurduň tebigy ýadygärlikleriniň goragyny has ygtybarly üpjün etmek mümkin:**

a) esasan, hukuk goragynyň kömegi bilen;

b) esasan, ahlak goragynyň kömegi bilen;

ç) ýagdaýa görä ikisinden biriniň kömegi bilen;

d) ikisiniň utgaşykly we sazlaşykly gatnaşygynda.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**Testleriň jogaplary:** 1-d; 2-ç; 3-d; 4-a; 5-d; 6-a; 7-b; 8-d; 9-a; 10-ç; 11-d; 12-b; 13-ç; 14-d.

# VI BAP
# DÖWLET BILEN RAÝATLARYŇ ARASYNDAKY GATNAŞYKLARY HÄSIÝETLENDIRÝÄN AHLAK KADALARY

## 6.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän esasy gatnaşyklar

**Watanyňa wepaly bolmak**

***Her bir raýat islendik durmuş pursatynda Watanyna wepaly bolmaly hem-de oňa ygtybarly gulluk etmeli.***

Türkmeniň taryhynyň ähli döwürlerinde hem halk arasynda watançylyk duýgusy örän ýokary bolupdyr. Türkmen şahyrlarynyň içinde Watan mukaddesligine, sarpasyna, goragyna öz döredijiliginde orun bermedigi ýok bolsa gerek. Aýratyn-da, watançy şahyr Seýdiniň döredijiliginiň döwürdeşlerimiz hem-de geljekki nesillerimiz üçin terbiýeçilik ähmiýeti juda uludyr, göreldelikdir. Şu ýerde şahyryň “Dönmenem, begler” goşgusyndan birje bölegini ýatlap geçeliň:

Watan üçin çykdym gyr at üstüne,
Tä janym çykynça, dönmenem, begler!
Dikdir serim, düşmen duşman astyna,
Sil deý aksa, gandan ganmanam, begler!

Bilşimiz ýaly, ynsanda söýgi birnäçe görnüşde ýüze çykýar. Watana bolan söýgi, megerem, her bir ynsanyň ömründe onuň başyndan geçirýän iň mertebeli hem lezzetli duýgusy bolmaly. Watana söýgi ene hüwdüsi bilen çaganyň gursagyna guýulýar we ömrüniň dowamynda ol has-da bekeýär. Könelerimiz: “Ýaryndan aýrylan ýedi ýyl aglar, ýurdundan aýrylan - ölinçä” diýipdirler. Zemin ýaşaýşynda ynsan üçin Watandan mährem we beýik dereje, ölçeg ýok bolmaly. Watanyň seniň üçin iň ezizleýän ynsanlaryňdan-da, il-günüňden-de belent gymmatlykdygyna, başynyň täjidigine her bir raýat düşünmeli. Şu ýerde şahyr G. Ezizowyň şeýle setirleri bialaç ýadyňa düşýär: “Biz

näm bolsak şo bolaly, bolsa bolýar eziz Watan!» *(“Göwnüm”).* Şahyr “Topragym” atly goşgusynda mähriban Diýarymyza bolan wepalylyk duýgularyny şeýle beýan edýär:

Nirä gitsem, meniň bilen bolduň sen,
Sen, seretsem, onki süňňüm ekeniň.
Çalyşman daş ýurduň gülleri bilen
Aýakda yz goýan seniň tikeniň.

Ilçilikde şahsy durmuşyndan nalaýan adamlar bolup biler. Ol adamlar nägileliklerini her kime bildirip biler, ýöne Watanyňdan, dogduk mekanyňdan nägile bolmak nadanlykdyr, juda peslikdir. Kimden geçseňem Watanyňdan geçip bolmaz, çünki bu toprakda seniň ata-babalaryň ömür sürüp geçendirler, nesip etse, geljekki nesillerimiz ýaşamalydyr, hawa, dowamatymyz dowam bolmalydyr. Her bir türkmen raýatynyň Magtymguly atamyzyň wesýet edip giden şu pendini berk tutmagy we oňa uýmagy gerek: “Eşit adam, dogan ilden, gaýry mähriban ýurt bolmaz” (“Mert bolmaz”). Şahyr K. Gurbannepesowam Watan mukaddesligi barada ildeşlerine şeýle nesihat edipdir: “Ol çalşylýan ýa-da satylýan zat däl, berildimi – gora mazara çenli” (“Ýer, ýurt modadan gaçýar”).

**Türkmenistanyň Prezidentiniň içeri-daşary syýasatynyň üstünlikli we netijeli amala aşyrylmagyna ýardam etmek**

***Her bir raýat Türkmenistanyň Prezidentine wepaly bolup, onuň içeri-daşary syýasatyny durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşmaly.***

Ýurduň Konstitusiýasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutany, Türkmenistanyň iň ýokary wezipeli adamy bolup durýar. Ol Türkmenistanyň döwlet garaşsyzlygynyň we hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň, çäk bitewüliginiň, şonuň ýalam Konstitusiýany, adamyň hem raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny berjaý etmegiň hem-de halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmegiň kepili hökmünde çykyş edýär (madda 68).

Konstitusion maddadan görnüşi ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti ýurduň içeri-daşary syýasatynyň ähli ugurlary boýunça bütin halkyň öňünde şahsy ahlak-hukuk jogapkärçiligini çekýär.

Onuň öňünde durýan wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagy köp derejede ýurduň her bir raýatyna hem bagly bolup durýar. Çünki, halk hem Döwletiň Baştutany "bir ten we bir jan" hasaplanylýar. Eždatlarymyz: "Baş bolmasa, göwre läş" diýip, halk bilen onuň ýolbaşçysynyň arasyndaky gatnaşyklaryň manysyna we ähmiýetine şeýle baha beripdirler. Şoňa görä-de, eziz Diýarymyzyň her bir raýaty Türkmenistanyň Prezidentiniň her bir täze il-ýurt bähbitli başlangyçlarynda onuň ýardamçysy bolmaga çalyşmaly. Munuň üçin her bir raýat özüniň ahlak we hukuk borçlaryny talabalaýyk ýerine ýetirmeli, anha şonda, halk bilen Döwlet Baştutanynyň arasyndaky gatnaşyklaryň kämil sazlaşygy emele gelýär. Şeýlelikde, döwletiň öňünde durýan maksatnamalar netijeli amal edilýär hem-de ýurdyň raýatlarynyň bagtyýar durmuşda ýaşamaklary üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Esewan etseňiz, Gündogaryň medenýetinde ýöne ýerden: "Eý, möminler, Alla boýun boluň, Pygambere boýun boluň we özüňizden bolan häkimlere tabyn boluň" diýip aýdylmaýar.

**Türkmenistanyň Döwlet nyşanlaryna hormat goýmak hem-de olary milli mukaddeslikler hökmünde goramak**

***Her bir raýat Türkmenistanyň Döwlet nyşanlaryna hormat goýmaly hem-de olary milli mukaddeslikler hökmünde goramaly.***

Türkmenistanyň Döwlet baýdagy, Türkmenistanyň Döwlet tugrasy we Türkmenistanyň Döwlet senasy – Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň döwlet nyşanlarydyr. Döwlet nyşanlarynyň aňlatmalary hem-de olaryň ulanylmagy bilen bagly hukuk jogapkärçiligi ýörite kanunlarda berkidilendir. Mysal üçin, Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň islendik görnüşde hormatynyň gaçyrylmagy ýa-da oňa hormat goýulmazlygy bellenen tertipde hukuk jogapkärçiligine eltýär.

Döwlet nyşanlary her bir döwletiň aýratynlyklaryny, özboluşlylygyny özünde jemleýär. Şolaryň kömegi bilen döwletleri bir-birinden tapawutlandyryp bolýar. Danalarymyzyň pähiminde hem: "Adam edebinden tanalar, ýurt – tugundan" diýilýär. Öz döwletiniň nyşanlaryna guwanmak, buýsanmak, hormat goýmak we gerek ýe-

rinde olary goramak şol bir wagtda her bir raýatyň ahlak hukugy we borjy bolup durýar. Watanyňy, halkyňy, döwletiňi goramak diýmek, şol sanda döwlet nyşanlaryny goramaklygy hem aňladýar. Şonuň üçin hem Döwlet nyşanlaryna mukaddes zatlar hökmünde garalmaly. Döwlet nyşanlaryny sylamazlyk Watanyňa, halkyňa, döwletiňe hormat goýmazlykdyr, hakykat ýüzünde olara ikilik etmekdir. Bu ýagdaýlar şahsyýetiň ahlagynyň pesligininiň subutnamalarydyr.

**Döwletiň kanunlaryna hormat goýmak hem-de olary berjaý etmek**

***Her bir raýat döwletiň kanunlaryna hormat goýmaly hem-de olary gyşarnyksyz berjaý etmeli.***

Türkmenlerde ähli döwürlerde hem tertip-düzgüne, adalata, dogry ynsan garaýşyna boýun bolmaklyga aýratyn hormat goýlupdyr. Zelili şahyr: "... dogry ýoldan çykmagyl, ...düzden barsaň, her ne ýoluň dürs bolar" diýip halka wesýet edipdir ("Hyrs bolar"). Atalar pähiminde şu babatda: "Ajylykda burç ajy, burçdan-da borç ajy" diýip, örän ýerlikli meňzetme getirilýär.

Jemgyýetde kanunyň hökmürowanalygyny üpjün etmeklik döwletiň hukuk syýastynyň wajyp meselelerininiň biri hasaplanýar. Şonuň üçin hem her bir raýat şahsy durmuşynda hukuk kadalarynyň ähli zatdan ileri tutulmagynyň, şeýle hem olaryň üýtgewsiz berjaý edilmeginiň özüniň mukaddes ahlak borjudygyna düşünmeli. Diňe kämil ahlakly adamlarda şu zeýilli garaýyş döräp biler. Şu nukdaýnazardan ahlak kadalary hukuk kadalarynyň ýerine ýetirilmeginiň kepili hem-de ygtybarly serişdesi bolup çykyş edýär. Tejribede ahlak-hukuk kadalarynyň netijeli işlemekleri olaryň sazlaşykly hereket etmeklerine bagly bolup durýar. Adaty durmuşda ýokary ahlakly adam her bir gadamyny kanunyň çäginde, onuň talaplaryna laýyklykda ädýär. Başgaça hereket etmeklik onuň ahlak tebigatyna gabat gelmeýär.

Hukuk kadalarynyň her bir raýat tarapyndan bilinmegi hem-de dogry berjaý edilmegi olaryň özleri, şeýle hem döwlet we jemgyýet üçin örän bähbitlidir. Bu ýagdaý her bir şahsyýetiň jemgyýetde özüni talabalaýyk alyp barmagyny, esasan hem, ähli hukuk borçlaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirmegini üpjün edýär. Raýatlaryň döwletiň

kanunlaryny bilmekleri we olary talabalaýyk berjaý etmekleri islendik döwürde hem jemgyýetiň öňünde durýan möhüm wezipe hasaplanypdyr. Çünki, diňe şeýle häsiýetli adamlar döwlet maksatnamalarynyň netijeli durmuşa geçirilmegine hem-de jemgyýetiň durnukly ösüşlerine ýardam edip bilerler.

**Harby gulluk borjuny ýerine ýetirmek**

***Her bir raýat döwletiň öňündäki harby gulluk borjuny abraý bilen ýerine ýetirmeli.***

***Türkmenistanyň hemişelik bitarap hukuk ýagdaýy onuň Harby doktrinasynyň goranyş häsiýetli bolmagyny kesgitleýär. Raýatlaryň harby gulluk bopjuny ýerine ýetirmekleri mukaddes Watan goragy bilen gös-göni baglydyr. Kämillik ýaşyna ýeten, ýagny her bir on sekiz ýaşan raýat kanunda bellenen tertipde harby gulluga gitmeli we Watan öňündäki borjuny abraýly ýerine ýetirmeli.***

Türkmenistanyň Harby doktrinasyna laýyklykda, esgerlik ýyllarynda ýaşlaryň türkmen jemgyýetiniň kämil şahsyýetleri hökmünde kemala gelmekleri üçin eziz Diýarymyzda ähli mümkinçilikler döredilendir. Esgerlere niýetlenip dünýä standartlarynyň iň ýokary talaplaryna laýyklykda döwrebap ýatak jaýlary, naharhanalar, sport desgalary we dynç alyş merkezleri gurulýar, olara ýeterlik mukdarda ýokary hilli tagamlar berilýär. Şu şertlerde ýaşlarymyzyň merdana ýigit çykmaklary hem-de ýokary ahlakly adamlar bolup ýetişmekleri üçin öz wagtynda esgerlik mekdebini geçmekleri zerurdyr.

Esgerlik döwründe her bir esger harby tälimlerden boş wagtlary bilim derejejesini artdyrmagyň, dünýägaraýşyny hem gözýetimini giňeltmegiň aladasyny etmeli. Munuň üçin bolsa gyzyklanýan kitaplaryny, täze žurnallary we gazetleri yzygiderli okamaly, şeýle hem dünýäde bolup geçýän zatlardan döwrebap maglumat çeşmeleriniň üsti bilen habarly boljak bolmaly, serkerdeleri bilen bilmeýän ýa-da doly düşünmeýän zatlary barada söhbetdeşlige girmeli. Umuman, özüni geljekde meýilleşdirýän uly maksatlaryňa taýýarlamaly. Bu bolsa ýaş esgerden irginsiz zähmeti, gujur-

gaýraty talap edýär. Her bir esger serkedeleriň buýruklaryny wagtynda hem-de gyşarnyksyz berjaý etmäge, harby tehnikalardan kämil baş alyp çykmaga, giň dünýägaraýyşly şahsyýet hökmünde özüni tanatmaga çalyşmaly. Şu endikler esger häsiýetine öwrülende, ol ilhalar, ýokary ahlakly adam bolup ýetişýär. Munuň özi ýaş gerçegiň ähli geljekki üstünlikleriniň hem bagtyýar durmuşynyň binýady hem kepili bolup hyzmat etmeli.

Esgerlik kyn döwür däl-de, mert ýigit çykmak üçin synag döwrüdir. Aýdalyň, gullukdan soň ýokary ýa-da orta hünär mekdebinde okuwyňy dowam etdirmekçi bolýan bolsaň, sen indi synaglara has taýýarlykly barmalydygyny bilýärsiň, boş wagtlaryňy bilimiňi artdyrmaga sarp etmäge çalyşýarsyň. Elbetde, wagtyny tygşytlap, beýnisine zor salyp okuwa giren adamyň bilim almaga garaýşy we jogapkärçilik duýşy üýtgeşik gelýär. Ol durmuşda her bir ýeňşiň, üstünligiň zähmetdedigine, ýagny kynçylyklary ýeňip geçmek netijesinde ýetilýändigine doly düşünýär, şoňa laýyklykda hem wagtyny rejeli ulanyp ýaşaýar.

Okuwa giren halatynda esger durmuşyny gören ýigit bilimiň gadyryny has gowy bilýär, sebäbi ol bu maksada ýetmek üçin giden wagtyny hem zähmetini sarp etdi, kynçylyklara döz geldi. Bu bolsa öz gezeginde ýetişen ýigidiň maksada okgunly bilim almagy, mekdebiň sport hem beýleki jemgyýetçilik çärelerine işjeň gatnaşmagy, başgaça aýdylanda, jemgyýete peýdaly adam bolup ýetişmegi üçin zerur şertleri döredýär.

**Türkmenistanda milletara we dinara deňlige hormat goýulýar**

***Her bir raýat Türkmenistanda milletara we dinara deňligine hormat goýmaly.***

Türkmenistanyň Konstitusyýasynda her bir adamyň we raýatyň milletine, dine garaýşyna we käbir beýleki ýagdaýlaryna garamazdan kanunyň öňündäki deňligi kepillendirilýär (28-nji madda). Şeýle hem, ýurduň Esasy Kanunynda döwlet dinleriň we dine uýmagyň erkin-

ligini, olaryň kanunyň öňünde deňligini kepillendirýär diýip berkidilendir (18-nji madda). Görşümiz ýaly, berkarar döwletimizde dürli milletleriň oňşukly ýaşamaklary, olaryň dine uýmaga ýa-da uýmazlyga bolan erkinligi hukuk nukdaýnazaryndan doly üpjün edilýär. Bu meseleler döwlet syýasatynda aýratyn gözegçilikde saklanylýar.

Kämil ahlakly adam ähli milletlere we dinlere deň derejede hormat goýýar, olaryň gündelik durmuşda ylalaşykda we sazlaşykda bolmaklaryna hem-de hereket etmeklerine ýardam edýär. Şu şertlerde ähli milletleriň we dinleriň wekilleriniň jem bolup, eziz Diýarymyzyň mundan-da beýläk gülläp ösmegine bilelikde goşant goşmaklary üçin giň mümkinçilikler açylýar.

Musulman dünýäsinde hem milletara we dinara ylalaşyk ündelýär, birek-birege hormat goýmaklyk wagyz-nesihat edilýär.

**Saýlawlara, sala salşyklara gatnaşmak**

***Her bir raýat saýlawlara we sala salşyklara işjeň gatnaşmaly.***

Türkmenistan abraýly hem durnukly ösýän döwlet hökmünde öz saýlaw ulgamyny, sala salşyklary geçirmegi kämil hukuk ulgamly döwletleriň demokratik institutlaryna laýyklykda guramaga çalyşýar. Ýurduň Saýlaw kodeksi dünýä ülňüleriniň iň ýokary talaplaryna doly gabat gelýär, konstitusion özgertmeleriň netijesinde agzalan Kodekse döwrebap zerur üýtgetmeler we goşmaçalar girizilip durýar.

Bilşimiz ýaly, ýurdumyzda Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary, şeýle hem aýratyn möhüm meseleler boýunça sala salşyklar geçirilýär. Saýlawlary we sala salşyklary talabalaýyk guramagyň hem-de geçirmegiň ähli meseleleri Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinde doly we hemmetaraplaýyn düzgünleşdirilýär.

Saýlawlar we sala salşyklar syýasy çäre bolup durýar. Olara gatnaşmak bilen her bir raýat döwletiň syýasy-jemgyýetçilik durmuşyna gönüden-göni täsir edip bilýär, ýagny saýlawlarda mynasyp dalaşgärlere ses berip ýa-da ähli halk ýa ýerli derejede geçirilýän

sala salşyklarda il-ýurt bähbitli başlangyçlary goldap çykyş edip bilýär.

Türkmen jemgyýetini döwrebap özgertmek, bagtyýarlyk zamanasynda täze syýasy, ykdysady, medeni üstünliklere ýetmek, şeýle hem adamlaryň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmak maksady bilen saýlawlara we sala salşyklara işjeň gatnaşmak ýurduň her bir raýatynyň ahlak borjy bolup durýar. Munuň özi ýurtda raýat jemgyýetiniň institusional esaslarynyň has-da berkemegine hem-de kämilleşmegine ähli babatda oňyn täsirini ýetirýär.

**Jemgyýetçilik bähbitlerini ileri tutmak**

***Her bir raýat jemgyýetçiligiň bähbitlerini öz şahsy bähbitlerinden elmydama öňde goýmaly.***

Döwlet syýasatynda jemgyýetde asudalygy, erkinligi, agzybir durmuşy, durnukly ösüşi üpjün edýän esasy güýçleriň biri hökmünde şahsy we jemgyýetçilik bähbitleriniň sazlaşygyny gazanmaklyk ykrar edilýär, özi-de şu gatnaşykda jemgyýetçilik bähbitleriniň ileri tutulmagy ündelýär hem-de ilat arasynda giňden wagyz-ündew edilýär.

Islendik döwürde her bir şahsyýetiň maksady elmydama jemgyýete peýda getirmeklige gönükdirilen bolmaly. Ýokary ahlakly adam her bir amalyny öz şahsy bähbidini nazara almazdan, ilkinji nobatda jemgyýete peýda getirýän işleri ileri tutmaly. Şeýle edilende ol öz ýagşy arzuwly şahsy bähbitlerine hem ýetäýmeli. Ýagşy niýete gönükdirilen şahsy bähbit jemgyýetçilik bähbidine ters gelip bilmez. Jemgyýet üçin edilen peýdaly iş şahsy bähbit bilen utgaşyp gitmelidir, ýagny olar elmydama sazlaşykly hereket etmelidirler. Adam jemgyýetçilik bähbitlerine ters gelýän şahsy bähbitlerinden saklanmany başarmaly. Aýdalyň, ýaşaýan ýeriňde awtoulag bejerýän kiçiräk ussahana açan ýagdaýyňda, bejergi işleri bilen bagly onuň her hili ýakymsyz yslarynyň hem-de sesleriniň goňşularyň üçin birgiden amatsyzlyklary döretjekdigi düşnüklidir. Seniň üçin girdejili telekeçilik işiniň töweregiňdäkilere näsazlyklary döredýän bolsa, onda onuň laýyk ýerleşmeli ýerini tapmagyň gerekdir. Diňe nebsiňe haý diýip, şahsy bähbitleriň jemgyýetçilik bähbitleri bilen sazlaşygyny gazanyp bolar.

Jemgyýetiň her bir şahsyýeti şu garaýyşdan ugur alanda, adamlaryň arasynda bir-birine bolan hormat-sylagy we gadyr-gymmaty artmaly. Jemgyýete sarpa goýmasaň, ol hem saňa şol äheňde jogap berýär, netijede, ynsan gatnaşyklarynda mähremlik ýitýär we dartgynlyk emele gelýär. Bu bolsa ösen kämil jemgyýetde ýol berilmeli ýagdaý däl, sebäbi jemgyýetiň jebisligini gowşadýar hem-de ýurtda amala aşyrylýan özgertmeleriň kadaly dowam etmeginde bökdençlikleri döredýär. Aýdylanlardan şahsy bähbidiňden galmaly diýen pikir gelip çykmaýar, ýöne ol hiç bir ýagdaýda jemgyýetçilik bähbitlerine çapraz gelmeli däl, onuň öňüne düşmeli däl, mesele iki bähbidiň netijeli hem amatly sazlaşygyny tapmakdadyr.

**Döwlet tarapyndan geçirilýän çärelere gatnaşmak**

***Her bir raýat öz şahsy ahlak jogapkärçiligini duýup, döwlet tarapyndan geçirilýän çärelere işjeň gatnaşmaly.***

Döwletde jemgyýetçilik çäreleri raýatlary biri-birine has ýakynlaşdyrýar hem dostlaşdyrýar, olaryň arasynda guramaçylygy berkidýär we özara hereketleriň sazlaşygyny üpjün edýär diýen syýasatdan ugur alynýar. Şoňa görä-de, tejribede jemgyýetçilik çärelerine raýatlaryň ahlaklylygyny ýokarlandyrýan güýç we serişde hökmünde aýratyn ähmiýet berilýär.

Döwlet, welaýat, etrap, şäher derejesinde geçirilýän baýramçylyklara, ýowarlara we beýleki jemgyýetçilik çärelerine gatnaşmak raýatlaryň şol bir wagtda ahlak hukugy hem borjy bolup durýar. Şundan ugur alyp hem her bir raýat döwlet tarapyndan geçirilýän çäräniň syýasy-jemgyýetçilik ähmiýetine doly düşünip, ýaşaýan jemgyýetine hormat goýup, meýletinlik başlangyçlarynda agzalan çärelere işjeň gatnaşmaly. Şeýle çäreler raýatlaryň agzybirligini berkidýär, birek-birege bolan hormat-sylagyny artdyrýar, ynsanlary jebisleşdirýär, degişli çäkde tertip-düzgüniň kadaly derejede saklanmagyna ýardam edýär, adamlary döredijilikli zähmete we asuda-parahat ýaşaýşa ruhlandyrýar.

**Döwletiň bähbitlerine zyýan ýetirýän we ters gelýän hereketlerden saklanmak hem-de olaryň garşysyna göreşmek**

***Her bir raýat döwletiň bähbitlerine zyýan ýetirýän, ters gelýän hereketlerden saklanmaly hem-de olaryň garşysyna barlyşyksyz göreşmeli.***

Umumy kada görä, raýat öz şahsy zadyna hyýanat edenligi üçin hiç hili hukuk jogapkärçiligine çekilip bilinmez, ýöne döwletiň emlägi kanunyň, şonuň ýaly-da ahlagyň kadalaryna laýyklykda eldegrilmesiz hasaplanýar. Ýokarda beýan edilenlerden jemgyýetçilik bähbitleriniň ileri tutulmagynyň döwlet syýasatynda wajyp wezipe hökmünde garalýandygy gelip çykýar. Bilşimiz ýaly, giň manyda döwlet jemgyýetiň bir bölegi bolup durýar.

Döwletiň bähbitlerine zyýan ýetirýän, ters gelýän hereketleriň garşysyna kanunçylykda degişli hukuk jogapkärçiligi bellenilendir. Ýöne bu hukuk ýa kanun bozulmalaryna durmuşda ýol berilmeli däl, olaryň hökman öňi alynmaly. Agzalan wezipäniň üstünlikli amal edilmegi köp derejede ahlak kadalaryna, ýagny jemgyýetde olaryň netijeli işlemeklerine hem bagly bolup durýar.

Bilşimiz ýaly, kämil ahlakly adam şahsy durmuşynda hukugyň kadalaryny bozmaýar, tersine olaryň garşysyna barlyşyksyz göreşýär. Şonuň üçin hem döwletiň bähbitlerine zyýan ýetirýän, ters gelýän hereketlerden ygtybarly goranmak üçin, jemgyýetde ahlak kadalarynyň yzygiderli wagyz-ündew edilip durulmagy möhüm bolup durýar. Munuň özi raýatlaryň gündelik durmuşynda tertip-düzgüniň, kanunylygyň berkemegine ýardam edýär.

Döwlet raýatlarynyň mynasyp durmuşda ýaşamaklary barada alada edýär.

***Döwlet her bir raýatyň mynasyp durmuşda ýaşamagy üçin ähli zerur şertleri we mümkinçilikleri döredýär.***

Türkmen döwleti ösen ykdysadyýete, egsilmez tebigy baýlyklara eýedir. Biziň döwletimiziň öz raýatlarynyň bagtyýar durmuşyny, olaryň ýagty geljegini üpjün etmek üçin ähli zerur şertleri we mümkinçi-

likleri bardyr. Adam hakyndaky alada türkmen döwletinde ilkinji orunda durýar. Ýurduň Konstitusyýasynda Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr diýip bellenilýär (4-nji madda).

Bilşimiz ýaly, döwletimiziň içeri-daşary syýasatynyň özenini adamyň gündelik derwaýys meseleleri we zerurlyklary düzýär. Munuň özi hakykat ýüzünde raýatlarymyzyň eşretli durmuşda ýaşamaklary, jemgyýetiň sazlaşykly ösmegi üçin zerur ähli şertleri we mümkinçilikleri döredýär. Ýokarda bellenip geçilenler hormatly Prezidentimiziň "Döwlet adam üçindir!" diýen çuň manyly filosofik garaýşyna eýerýär. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe bu ýörelge kämil milli jemgyýeti gurmagyň ylmy-tejribe nukdaýnazaryndan doly esaslandyrylan taglymatyna öwrüldi. Häzirki wagtda adam ykbaly bilen bagly oýlanyşykly işleri amala aşyrmaklyk türkmen jemgyýetiniň asyl many-mazmunyny düzýär.

Döwletimizde köpugurly maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär, olaryň ählisi-de durmuşy häsiýetlidir, ýagny adamlaryň hal-ýagdaýlaryny has-da gowulandyrmaga gönükdirilendir. Dünýä tejribesine laýyklykda amal edilýän ýaşaýyş-jaý syýasaty ýurtda döwrebap ýaşaýyş toplumlarynyň, täze şäherçeleriň we obalaryň döremegine getirdi we bu ugurdaky işler gitdigiçe ýaýbaňlandyrylýar. Ilat üçin täze iş orunlary meýilnamalaýyn esaslarda döredilip durýar, kiçi we orta telekeçilik bilen meşgullanmaga giň mümkinçilikler açylýar. Zähmet haklary, pensiýalar we döwlet kömek pullary her ýyl on göterim köpelýär. Zähmet haklarynyň yzygiderli ýokarlanmagy netijesinde ilatyň hakyky girdejileri üznüksiz artýar, durmuş hal-ýagdaýlary kesgitli gowulanýar. Ilatyň jan başyna düşýän girdejisiniň artýandygyna 2012-nji ýylda Bütindünýä banky tarapyndan girdeji boýunça orta derejeden ýokardaky ýurt diýlen derejäniň Türkmenistana berilmegi hem güwä geçýär. Bu ýerde eziz Diýarymyzda adam barada edilýän aladanyň diňe käbir ugurlary agzalyp geçildi.

## 6.2. Döwlet bilen raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar




**1-nji çyzgy**


Ýurduň syýasy, ykdysady, medeni özgertmeleri meýilnamalara laýyklykda amal ediler
1
Döwlet maksatnamalarynyň ýerine ýetirilmegi doly we hemmetaraplaýyn üpjün ediler
2
Adamlaryň durmuş hal-ýagdaýlary dowamly gowulanar
3
Ýurtda bagtyýar durmuş höküm sürer
4
Jemgyýet has-da agzybirleşer hem jebisleşer
5
Tertip-düzgün has-da bekär
6
Demokratik institutlar jemgyýetde has-da giňden ornaşdyrylar
7
Raýat jemgyýeti barha dabaralanar
8
Döwletiň halkara abraýy artar
9
Türkmenistanyň Prezidentiniň il-ýurt bähbitli başlangyçlaryna ýardamçy bolup, jemgyýetiň ýetip biljek esasy üstünlikleri nämelerden ybarat?

**2-nji çyzgy**


Döwlet nyşanlary babatda her bir raýatyň esasy bilmeli zatlary
1
Her bir garaşsyz döwletiň öz Döwlet nyşanlary bolmaly. Şolar boýunça döwletleri tapawutlandyrýarlar, tanaýarlar
2
Döwlet nyşanlarynda halkyň milli aýratynlyklary, tebigaty öz beýanyny tapýar
3
Döwlet nyşanlaryny goramaklyk her bir raýatyň ahlak-hukuk borjudyr
4
Döwlet nyşanlaryny goramaklyk döwlet Garaşsyzlygyny we Bitaraplygyny goramakdyr
5
Her bir raýat Döwlet nyşanlaryna hormat goýmaly, olara hormat goýmaýanlaryň garşysyna kanuny çäreleri görmeli
6
Her bir raýat Döwlet nyşan-laryna guwanmany-buýsanmany özüne mertebe hasaplamaly
7
Her bir raýat Döwlet baýdagynda we Döwlet tugrasynda näme aňladylan-dygyny bilmeli
8
Her bir raýat Döwlet senasyny ýatdan bilmeli

**3-nji çyzgy**


Hukuk kadalary talabalaýyk ýerine ýetirilende gazanylýan esasy netijeler
1
Raýatlaryň hukuklary we azatlyklary, döwletiň we jemgyýetiň kanuny bähbitleri has-da ygtybarly goralýar
2
Hukuk bozulmalarynyň sany azalýar
3
Tertip-düzgün has-da güýçlenýär
4
Adalat dabaralanýar
5
Jemgyýetiň asudalygy we agzybirligi bekeýär
6
Jemgyýetiň özgermegi üçin oňaýly şertler döreýär
7
Raýatlaryň hukuk medeniýeti ýokarlanýar
8
Jemgyýetde kanunlaryň hökmürowanlygy üpjün edilýär

**4-nji çyzgy**


Ýetginjegiň esgerlik mekdebini geçmegi bilen gazanýan esasy üstünlikleri
1
Her bir işde jogapkärçilik duýgusy has ýokary bolýar
2
Her bir meseläniň çözgüdine özbaş-dak çemeleşmäge has ukyply bolýar
3
Kynçylyklar bilen göreşmäge has taýýarlykly bolýar
4
Wagtyň gadyryny has gowy bilýär
5
Ugurtapyjylygy we öňdengörüjiligi has güýçli bolýar
6
Dünýägaraýşy we gözýetimi has giň bolýar
7
Özüne ynamy has güýçli bolýar
8
Has tutanýerli we başarjaň bolýar
9
Has yhlasly hem çydamly bolýar
10
Has töwekgel bolýar
Has ruhubelent bolýar
12
Has zähmetsöýer bolýar

**5-nji çyzgy**




**6-njy çyzgy**




**7-nji çyzgy**


Jemgyýetçilik bähbitleriniň ileri tutulmagy tejribede, esasan, nämeleri aňladýar?
1
Şeýle garaýyş watandaşlaryň üçin ýaşamaklygy aňladýar. Köpçülik şu zeýilli adamynyň gadyryny bilýär
2
Watandaşlaryň üçin ýaşamaklyk şahsy bähbidiň bolmagyny inkär etmeýär. Mesele şahsy bähbidiňi köpçüligiň bähbidi bilen utgaşdyrmakda, sazlamakda
3
Şahsy bähbit ýagşy niýete gönükdirilen bolsa, ol köpçüligiň bähbidine ters gelip bilmez
4
Iki bähbidi sazlamak üçin nebsiňe haý diýmäni başarmaly. Bu meselede oňşuksyzlyk şahsy bähbide kowalaşýanyň durmuşyny betbagtçylyklara ýolukdyrýar
5
Diýmek, her bir adam köpçüligiň bähbidine ters gelýän şahsy bähbidini amal etmekden saklanmaly
6
Kopçüligiň bähbidi durmuşa ornaşanda, şahsy bähbitlerem hasyl bolýandyr. Bu tebigy kadadyr
7
Köpçüligiň bähbidi elmydama ahlak-hukuk kadalarynyň çygrynda ýüze çykýandyr

**8-nji çyzgy**



Döwlet tarapyndan geçirilýän
çärelere raýatlaryň işjeň gatnaşmaklarynyň
jemgyýet üçin esasy bähbitli taraplary
1
Raýatlaryň syýasy-jemgyýetçilik
garaýyşlary güýçlenýär,
gözýetimleri giňeýär
2
Jemgyýetiň agzybirligi we jebisligi
has-da bekeýär
3
Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň
sazlaşygy we guramaçylyk
häsiýetleri güýçlenýär
4
Raýatlary täze zähmet üstünliklerine galkyndyrýar
5
Raýatlaryň öz döwletine
we ýaşaýan jemgyýetine bolan
ynamlaryny has-da berkidýär
6
Raýatlaryň asuda-parahat
ýaşaýşa bolan ruhuny göterýär
7
Jemgyýetde köpugurly alnyp
barylýan özgertmeleriň netijeli
amala aşyrylmagyna ýardam edýär


**9-njy çyzgy**




**10-njy çyzgy**




**11-nji çyzgy**

## 6.3. Döwlet bilen raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ahlak kadalary bilen bagly testler

**1. Ynsan söýgüsiniň naýbaşysy:**

a) gadyrdan ata-enesine bolan söýgüsidir, çünki olar onuň dünýä inmegine sebäp bolandyrlar;

b) eziz çagasyna bolan söýgüsidir, çünki ol onuň dünýä inmegine sebäp bolandyr;

ç) mähriban aýalyna (ärine) bolan söýgüsidir, çünki onsuz ýaşaýşy ýekeje pursatam göz öňüne getirip bilmersiň;

d) mukaddes Watanyna bolan söýgüsidir, çünki seniň geçmişiň, şu güniň we geljegiň şonuň bilen baglydyr.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**2.Watanyňy goramak seniň:**

a) hukuk borjuňdyr;

b) ahlak borjuňdyr;

ç) ahlak we hukuk borjuňdyr;

d) hukuk we (ýa-da) ahlak borjuňdyr.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**3. Türkmenistanyň Prezidentiniň içerki-daşarky syýasatynyň netijeli durmuşa aşyrylmagyna gatnaşmaklyk raýatlaryň hukugymy ýa-da borjy?:**

a) ahlak borjy;

b) hukuk borjy;

ç) kanuny hukugy;

d) ahlak hukugy.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**4. Türkmenistanyň Prezidenti ýurduň Konstitusiýasyna laýyklykda raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň berjaý edilmegini:**

a) üpjün edýär;

b) gözegçilikde saklaýar;

ç) utgaşdyrýar;

d) kepillendirýär.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**5. Şularyň haýsysy Türkmenistanyň Döwlet nyşany hasaplanmaýar?:**

a) tugra;

b) kasam;

ç) baýdak;

d) sena.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**6. Türkmenistanyň Döwlet nyşanlaryny goramaklyk raýatyň ahlak-hukuk borjumy ýa-da hukugy?:**

a) hukugy;

b) borjy;

ç) hukugy hem borjy;

d) ýagdaýa görä hukugy ýa-da borjy.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**7. Raýatlaryň hukuk kadalaryndan habarly bolmaklary kim üçin has bähbitli?:**

a) döwlet üçin;

b) jemgyýet üçin;

ç) raýat üçin;

d) ählisi üçin.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**8. Jemgyýetde ahlakly bolmak has wajypmy ýa-da kanunlara tabyn bolmak?:**

a) ahlakly bolmak, sebäbi ýokary ahlakly adam kanunlary bozmaýar;

b) kanunlara tabyn bolmak, sebäbi munuň özi raýatyň ahlaklydygynam aňladýar;

ç) ikisem jemgyýet üçin deň derejede wajyp;

d) ikisem wajyp, ýöne käbir ýagdaýlarda kanunlara tabyn bolmak has wajyp.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**9. Watan öňündäki harby gulluk borjuny ýerine ýetirmeklik her bir raýatyň nähili borjy hasaplanýar?:**

a) Bitarap döwletiň raýatynyň ahlak borjy;

b) uruş hereketleri döwründe hukuk borjy;

ç) parahatçylyk döwürde ahlak borjy;
d) ahlak-hukuk borjy.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**10. Esgerlik mekdebini geçen ýetginjek şol synagy geçmedik öz deň-duşundan haýsy häsiýeti bilen has aýratyn tapawutlanýar?:**
a) zähmetsöýerligi bilen;
b) jogapkärçilik duýşy bilen;
ç) batyrlygy bilen;
d) akyl-paýhasy bilen.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**11. Ýurdumyzda dinleriň arasyndaky gatnaşyklar düzgünleşdirilýär:**
a) dinleriň öz kadalary bilen;
b) ahlak kadalary bilen;
ç) hukuk we (ýa-da) ahlak kadalary bilen;
d) hukuk kadalary bilen.
*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**12. Jemgyýetiň milletara we dinara meselelerinde iň esasy üstünligi diýip hasaplanýar:**
a) ylalaşyk gazanmak;
b) düşünişmek;
ç) dowamly gepleşikleri geçirmek;
d) gepleşik geçirmek we düşünişmek.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**13. Saýlawlara we sala salşyklara gatnaşmak biziň ahlak hukugymyzmy ýa-da borjumyz?:**
a) hukugymyz;
b) borjumyz;
ç) hukugymyz hem borjumyz;
d) hukugymyz we (ýa-da) borjumyz.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**14. Saýlawlara we sala salşyklara gatnaşmak biziň kanuny hukugymyzmy ýa-da borjumyz?:**
a) hukugymyz;
b) borjumyz;

ç) hukugymyz hem borjumyz;
d) hukugymyz we (ýa-da) borjumyz.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**15. Raýat saýlawlara we sala salşyklara gatnaşmanlygy üçin nähili jogapkärçilik çekýär?:**

a) hukuk;
b) ahlak;
ç) hukuk we ahlak;
d) hukuk ýa-da ahlak.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**16. Şahsy we jemgyýetçilik bähbitleri özara nähili gatnaşykda bolmaly?:**

a) şahsy bähbitler ileri tutulmaly;
b) jemgyýetçilik bähbitleri ileri tutulmaly;
ç) ikisine-de deň garalmaly;
d) ýagdaýa görä ýerleri çalşylyp durmaly.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**17. Şahsy we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň sazlaşygy bilen bagly aşakda getirilýän garaýyşlaryň haýsysy ýalňyş?:**

a) şahsy bähbit hiç haçan jemgyýetçilik bähbidine ters gelmeli däl;
b) şahsy bähbit elmydama jemgyýetçilik bähbidi bilen utgaşmaly;
ç) jemgyýetçilik bähbidi amal edilende şahsy bähbit hem hasyl bolýar;
d) şahsy bähbidiň jemgyýetçilik bähbidine ters gelmegi adaty ýagdaý.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**18. Jemgyýetçilik çärelerine gatnaşmaklyk raýatlaryň hukugymy ýa-da borjy?:**

a) ahlak hukugy hem borjy;
b) kanuny hukugy;
ç) kanuny borjy;
d) kanuny hukugy hem borjy.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**19. Jemgyýetçilik çäresine gatnaşmazlyk nähili jogapkärçiligiň ýüze çykmagyna getirip biler?:**

a) hukuk;
b) ahlak;

ç) ahlak ýa-da hukuk;
d) ahlak we hukuk.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**20. Raýat öz şahsy emlägine ýetiren zyýany üçin nähili jogapkärçilige çekilip bilner?:**
a) ahlak;
b) hukuk;
ç) ahlak ýa-da hukuk;
d) ahlak we hukuk.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**21. Döwletiň bähbitlerine zyýan ýetirýän, ters gelýän hereketleriň edilmegi bilen nähili jogapkärçilik ýüze çykyp biler?:**
a) hukuk;
b) ahlak;
ç) ahlak we hukuk;
d) ahlak ýa-da hukuk.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**22. Döwlet bilen raýatlaryň arasynda nähili gatnaşyklar döräp biler?:**
a) diňe ahlak;
b) diňe hukuk;
ç) haýsam bolsa biri;
d) ahlak we (ýa-da) hukuk.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**23. Ahlak-hukuk borçlary döwletiň öňünde diňe raýatda bolýarmy ýa-da tersine-de bolup bilýärmi?:**
a) raýatyň döwletiň öňünde borçlary bar;
b) döwletiň raýatyň öňünde borçlary bar;
ç) ikisiniň bir-biriniň öňünde dürli borçlary bar;
d) ikisiniňem borçlary deň derejede bellenilen.
*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**Testleriň jogaplary:** 1-d; 2-ç; 3-b; 4-d; 5-b; 6-ç; 7-d; 8-a; 9-d; 10-b; 11-a; 12-a; 13-ç; 14-a; 15-b; 16-b; 17-d; 18-a; 19-b; 20-a; 21-ç; 22-d; 23-d.

# VII BAP
# GOŇŞY WE MYHMAN GATNAŞYKLARYNYŇ AHLAK KADALARY

## 7.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän esasy gatnaşyklar

**Goňşy arada bir-biriňe hormat-sylag goýmak**

***Goňşy sarpasyny hemişe belent saklap gezmeli. Baýlygyňa, wezipäňe ýa-da gaýry bir artykmaçlygyňa baýrynyp, goňşyňa göwnüýetmezçilik etmeli däl.***

Ykbalyň sizi duşurmagyna görä, goňşularyň garyndaşlaryňdan soň seniň üçin iň ýakyn adamlaryň bolmagy gaty ähtimal, sebäbi olar elmydama seniň gapdalyňda, "tiz kömek" ýaly mydama saňa söýget bolmaga taýýar halda bolup durandyrlar. Ýardamçylyk ikitaraplaýyn bolanda-ha, goňşylar misli dost-dogan kimin gülşüp-oýnaşyp agzybir ýaşaýarlar. Adatça, durmuşda ýüze çykýan ownuk hojalyk meseleleri goňşyň ýardam bermeginde dessine çözülýär. Şol sebäplem türkmenlerde gadymyýetden: "Öý alma, goňşy al" ýa-da "Goňşy halyny goňşy biler" diýilýär. Wepadar goňşyň begenjiňi-gynanjyňy seniň bilen deň paýlaşýar. Şoňa görä-de, herki ynsan goňşusynyň gadyryny bilmeli, onuň sarpasyny saklamaly.

Türkmenlerde ir döwürlerden bäri öýünde bişen nahardan goňşa dadyrmak, myhman gelende goňşyňy hem nahara çagyrmak gowy däp hasaplanypdyr. Şol sebäpli bolmaly eždatlarymyzyň: "Goňşuda bişer, bize-de düşer" ýa "Goňşy aşy, göwün hoşy" diýmekleri. "Goňşokara" däbi türkmenlerde gadymyýetde şeýdip dörän bolmaly. Şu zamanda hem agzalan däp wagyz-ündew edilmäge we gündelik durmuşda giňden ulanylmaga mynasypdyr. Beýan edilenlerden ugur alyp, her ýyl ýurdumyzda döwlet derejesinde "Goňşokara" baýramy bellenip geçilýär. "Goňşokara" syýasaty goňşylaryň bilen sazlaşykly ýaşamaklygyň özboluşly diplomatiýasydyr. Bu çemeleşme ýurduň daşary syýasatynda serhetýaka döwletler babatda hem netijeli

ulanylýar. Goňşy döwletlere edilýän ynsanperwer kömekler "Goňşo-kara" syýasatynyň durmuşa geçirilmeginiň anyk ýüze çykmalarynyň mysallarydyr.

Gündogaryň medeniýetinde "Goňşusy açka, özi dok ýatan hakyky musulman bolup bilmez" diýilýär. Türkmenler bu pikiri ösdürip: "Kyýamat güni goňşudan" diýen nakyly döredipdirler. Munuň özi ahyret hasabynda seniň nähili ynsan bolanlygyň barada goňşyňdan soraljakdygyny aňladýar. Gündelik özara gatnaşykda bolunýanlygy sebäpli, goňşyň sen barada iň ygtybarly maglumatlary özünde jemleýän çeşme bolup durýar.

**Goňşyň bilen ylalaşykda ýaşamak**

***Goňşara ýüze çykýan islendik meselede özara ylalaşyk tapjak bolmaly.***

Adaty durmuşda kadaly goňşy gatnaşyklary şu üç dana paýhasa daýanýar: düşünişmek, geçirimlilik etmek we ylalaşyk gözlemek. Islendik meselede agzalan ýörelgelere goňşylaryň hemmesiniň biragyzdan goldanmaklary zerurdyr.

Goňşy gatnaşyklary dowamly gatnaşyk bolup durýar, kähalatlarda ol ömrüň soňky pursatlaryna çenli uzalyp gidýär. Türkmenlerde her bir dawada, şol sanda maşgala, goňşy gatnaşyklarynda bir tarapyň artyk bolmaklygy ündelýär. Ylalaşmak diplomatiýasynyň ýol almadyk halatynda, onda goňşularyň biriniň göçeni ýagşydyr, dowamly dawa-jenjeliň içinde ýaşamaklyk hiç tarap üçinem bähbitli däl. Magtymguly atamyz şu ýagdaýlary göz öňünde tutup: "Gaçyp gutulmaga uwnar bir ýaman goňşa duş bolan" diýip, aýdan bolmaly ("Ýar gerekdir"). Ata-babalarymyz hem: "Ody gozgasaň öçer, goňşyňy gozgasaň göçer" diýip, adamlary oňşukly ýaşamaga çagyryp öwüt-ündew edipdirler.

Her döwürde hem "Goňşy gadryny goňşy biler" diýleni çyn bolmaly. Şu hakykata bir rowaýatyň üsti bilen göz ýetirjek bolalyň. Rowaýatda aýdylyşyna görä, bir adam gaýry bir obada biriniň howlusyna höwes bolup, ony özüne satmaklygy öýüň eýesine teklip edýär. Öý eýesi howlyň bahasynyň iki mün dinardygyny aýdýar. Alarman: "Howlynyň bahasyny iki esse artyk aýtdyň-la" diýende, öý eýesi: "Dogry, howlyň hakyky bahasy bir müň dinar, ýene-de bir müň

dinary gowy goňşym üçin soraýaryn, ýöne sen bu bahany töläýeňde hem men goňşymdan aýrylyp bilmen” diýip jogap berýär (“Türkmenler hakda ýüz hekaýat. 4-nji hekaýa”).

Bagtyýarlyk zamanamyzda hem özara sylanyşykly, ylalaşykly hem arkalaşykly goňşy gatnaşyklary giňden ýaýran we gündelik durmuşda yzygiderli wagyz-ündew edilýär.

**Goňşyňa diňe peýda getirmek**

***Goňşyňa zyýan (zelel) ýetirmeli däl, başardygyňdan oňa kömek etmeli.***

***Goňşyňy ynjytman gezmek bilen bagly ata-babalarymyzyň döreden birnäçe pähimleri bar. Aýdalyň, “Goňşy öýe kesek atma” ýa “Goňşyň ýykylsa söýget ber”. Herkim goňşusy bilen hoşniýetli gatnaşmaly, oňa hiç haçan zyýan (zelel) ýetirmeli däl, tersine başgalaryň nähak sütemlerinden goňşyňy gorajak bolmaly.***

Durmuşda goňşarada her hili ýagdaý ýüze çykyp bilýär. Mysal üçin, käbir adamlar öz geleňsizligi bilen malyny goňşusynyň mellegine goýberip ýa-da üznüksiz gykylyk-galmagallary bilen ony birahat edip durýarlar. Şu ýagdaýlarda özüňi nähili alyp barmaly diýen soraga, Gündogaryň medeniýetinde şeýle jogap berilýär: “Goňşynyň goňşa ezýet bermezligi gowudyr. Emma iň gowusy goňşynyň ezýetine sabyr etmekdir”. Elbetde, sabryňam çägi bardyr, şonuň üçinem goňşy gatnaşyklarynyň özara sylanyşyk serhedini bozmajak bolmaly.

Gündelik durmuşda her bir adam goňşusynyň haýyş-dilegini başardygyndan bitirjek bolmaly. Musulman dünýäsinde goňşyň zeruryýetini bitirmezlik günä hasaplanylýar. Başga zada güýjüň ýetmeýän bolsa, goňşyň bilen mähirli gatnaşmaly, ýürekdeş-dertdeş bolmaly, hal-ýagdaýyndan yzygiderli habar alyp durmaly, ýöne ony ynjytmaly däl.

**Myhmana hormat-sylag goýmak**

***“Myhman atańdan uly” diýen nakyla eýerip, öý eýeleri myhmana aňrybaşy hormat-sylag etmäge çalyşmaly.***

Ýokarda getirilen nakyldan görnüşi ýaly, eždatlarymyz ataňa näderejede aňrybaş hyzmat edilýän bolsa, myhmanyň hezzet-hormatynyň ondan hem artyk bolmalydygyny nygtapdyrlar. Onuň-da sebäbi türkmenlerde myhmana döwletlilikden nyşan diýip düşünilipdir we myhman alynmaýan öý halanylmandyr.

Gadymyýetde, hatda, duşmany öýüne myhman bolup gaçyp gelen ýagdaýynda hem türkmenler onuň günäsini geçmäni başarypdyrlar. Türkmenler hiç bir döwürde hem ejize ganym bolmandyrlar, ony özlerine peslik bilipdirler. Munuň özi türkmen myhmansöýerliginiň bir ýüze çykmasy hökmünde kabul edilipdir. Türkmeniň gazanyna “myhman paýy” atylman nahar bişirilmeýänliginiň sebäbi şu zatlardan gelip çykýan bolmagy gaty ähtimal.

Myhmançylyk garyndaşlaryň, dost-ýarlaryň arasyndaky gatnaşyklary has-da berkidýär, birek-birege bolan hormat-sylagy artdyrýar, özara bähbitli işlere sebäp bolýar. Magtymguly akyldar hem şulardan ugur alyp: “Gelen aş diýip gelmez, turşutmagyl ýüz, nana mätäç däldir, söze myhmandyr” – diýip, aýdan bolmaly (“Göze myhmandyr”).

Ata-babalarymyzyň myhmansöýer däpleri mynasyp halda dowam etdirilip, häzirki döwürde hem türkmen jemgyýetinde myhman sarpasy belent tutulýar. Durmuş tejribesinden görnüşi ýaly, myhman, goňşy, dost-ýar gatnaşyklary jemgyýeti has-da jebisleşdirýär, onuň agzybirligini berkidýär.

**Myhmany garşy almak**

***Öý eýeleri myhmany güler ýüz bilen öňünden çykyp “Hoş geldiňiz!”, “Gelen döwlet!”, “Gelen ýagşy!” diýen ýaly dilegler bilen garşy almaly.***

***Öý eýeleri myhman kabul edilende tämiz hem gelşikli geýinmeli, ýöne üst-başlary, şonuň ýaly-da zenan maşgalalaryň şaý-sepleri myhmanyňkydan zyýada görünmeli däl.***

Magtymguly Pyragy öz döredijiliginde: “Mert çykar myhmana güler ýüz bile, namart özün gizlär myhman ýoluksa” diýip, myhmany açyk göwün bilen kabul etmekligi halka wesýet edýär (“Meýdan ýoluksa”). Eger-de öý eýesi ýüz-gözüni gamaşdyryp dursa, myhman ol ýerden tiz gitmek bilen bolýar. Şu babatda Zelili şahyryň hem jaýdar aýdan paýhasly sözleri bar: “Ýüz bermeseň gelen garyp myhmana, -ele taýak alyp, uran ýalydyr” (“Iren ýalydyr”).

Myhman myhman kabul edilýän otagyň törüne geçirilýär we ol arkaýyn ýagdaýda ornaşykly oturar ýaly ähli şertler döredilýär. Pur-

satdan peýdalanybam onuň bilen hal-ahwal soraşylýar. Myhman bilen maşgala agzalarynyň öýde barlarynyň hemmesiniň salamlaşmagy edeplilikden nyşandyr. Şeýle edilende myhman özüne edilen hormata minnetdar bolup, özüni arzyly myhman hökmünde ynjalykly duýýar.

**Myhmana hezzet etmek**

***Myhmana öý eýesi gurbunyň ýetdiginden, ýagny mümkinçilikleriniň çäginde hezzet etmeli.***

***Myhmany oňaýsyz ýagdaýa goýjak hereketlerden, ýagny garşy "Iýiň!" diýip minnet etmekden, naharlanýan wagtynda onuň goýberýän säwliklerine ünsi çekmekden, aýdýan geplerine oňlamaz äheňde baha bermekden we ş.m. zatlardan saklanmaly.***

Myhmana hezzet onuň ellerini ýuwdurmakdan başlanýar. Soňra myhmana çaý alnyp berilýär. Myhmana hödür etmekde öý eýesi äwmezlik etmeli däl, emma nahar wagtynda ony howlukdyrmak welin edepsizlik hasaplanýar. Ýöne ýerden atalar pähiminde "Myhmanyň öňüne aş goý, iki elinem boş goý" diýilmeýär. Myhman kabul etjek bolup, bergä-borja batyp ýörmek hem dogry däldir. Eždatlarymyz "Baryny beren uýalmaz" diýipdirler. Gündogaryň ahlagynda hem karz-kowala girip myhmana ýasama hezzet etmeklik ýazgarylýar. Bu meselede ýokdan bar etmeklikde zerurlyk ýokdyr. Emma öý eýesi bar zadyny welin myhmandan gysganmaly däl. Çünki, "Myhman geler işikden, rysgy geler deşikden" diýilýändir. Musulman dünýäsinde hem myhman öz rysgy bilen gelip, baran ýeriniňem günälerini alyp gidýär diýen parasatly garaýyş bar.

Nahar iýlip, töwir edilenden soň, saçagyň üstündäki artykmaç zatlar ýygnalýar, myhmanyň ellerini ýuwduryp, soňra-da oňa çaý hödür edilýär. Gaty bir zerurlyk ýüze çykaýmasa, myhmany içerde ýeke galdyrmak gelşiksizdir.

**Myhmany ugratmak**

***Öý eýeleri myhmany güler ýüz bilen onuň yzyndan ýöräp daşky gapa çenli ugratmaly hem-de ýagşy arzuw-dilegler bilen ony ýola salmaly.***

Myhman kabul eden öýüň maşgala agzalary myhman bilen mähirli hoşlaşmaly, onuň gelmegine özleriniň şatdyklaryny ýüzi-gözi, hereketleri bilen oňa mälim etmäge çalyşmaly, myhman kabul ediş-

likde goýberen säwliklerini geçirmekligi haýyş etmeli, öýündäkilere salam ýollamaly, maşgala agzalary bilen wagt tapyp ýene-de gelip durmagyny ündemeli.

Beýan edilenler öý eýeleri tarapyndan myhman ugratmak edebiniň aňrybaş berjaý edilenliginden habar berýär. Öý eýeleriniň özlerini şeýle alyp barmaklaryny eždatlarymyzyň döreden şu dana pähimi talap edýär: “Myhmanyň gelmegi özünden, gitmegi öý eýesinden”. Başga bir türkmen pähiminde: “Myhmanyň itine-de: “Tur” diýme” diýip nesihat edilýär. Myhman mähirli gatnaşygy duýan halatynda özüni erkin alyp barýar, çakyny bilibem myhmançylykda wagtyny hoş geçirýär.

Myhman bilen hoşlaşylan pursatynda oňa “Sag-aman baryň!”, “Saglykda görşeliň!” diýen ýaly dilegler edilýär. Myhman bolsa, “Hoş sag boluň!”, “Sag oturyň!”, “Gijäňiz rahat bolsun!”, “Toýda duşuşalyň!” diýen ýaly dilegleri edip ýola düşýär. Zerurlyk ýüze çykanda, myhmany öý eýeleriniň awtoulagynda onuň öýüne, awtomobil ýa demirýol menzillerine ýa-da aeroporta çenli eltilip gelinýär.

**Myhmanyň myhmançylykdaky edebi**

***Myhman myhmançylykda özüni edepli alyp barmaly.***

***Ata-babalarymyzyň döreden “Myhman öýüň guly” diýen nakylyna görä, myhman görkezilen ýerde oturmaly, hödür edilen zatlary at dakmazdan iýmeli, düşek salnan ýerde ýatmaly, myhmançylykda halanylmaýan hereketlerden (daş-töweregiňe göz aýlamak, ýerliksiz gürlemek ýa gülmek, el-aýagyňy gelşiksiz hereketlendirmek we ş.m. zatlardan) saklanmaly.***

Myhmançylyga barýan öýüň eýelerini deslapdan habarly etmek edeplilikden nyşandyr. Eždatlarymyz: “Çagyrylan myhman – gadyrdan” diýipdirler. Elbetde, bu ýerde ýakyn garyndaşlar göz öňünde tutulmaýar, olaryň öýüne islendik wagt hem sebäp bilen barlyp bilner. Eger-de, myhmançylyga barmagyň wagty belleşilen bolsa, onda çagyrylan ýere ir barmak ýa-da tersine, gijä galmak gelşikli däl.

Myhmançylyga diýip barýan adam ýagdaýyna görä gelşikli we tämiz geýinmeli. Esasy zat hem myhman öýüniň tertip-düzgünine boýun bolmaly, öz öýündäki käbir endiklerini amal etjek bolmakdan

saklanmaly, özüni juda edepli alyp barmaly, medeniýetsiz hereketlere ýol bermeli däl. Mysal üçin, atalar pähiminde ýazgarylýan şu zeýilli hereketi etmeli däl: “Akmak myhman öý eýesine hödür eder”.

Adatça, myhmançylykda kän eglenilmeýär. Munuň sebäbi-de ilki bilen-ä öz arzyňy gaçyrmak ýagşy däl, onsoňam myhman barlan ýeriň dürli aladalarynyň bar bolmagy mümkin. Myhman myhmançylyk ýerinde oturmaly wagtyny ýagdaýa görä özi kesgitlemäni başarmaly. Aýdylanlar bilen bagly Zelili şahyryň oňlanylmaýan äheňde ýazylan şu şahyrana setirlerini ýatlalyň: “Özüni ýigrendir köp ýatan myhman, bir bimaýa gezen, mazasyz ýaňran” (“Diýmek biläni”).

Umuman, herki zatda çäk bolşy ýaly, myhmançylykda bolmagyňam öz sylanyşykly möhleti bolmaly. Aslynda, görme-görşe gelýänlerem, öý eýelerem, biziň hemmämizem bu dünýäde çäkli döwrüň myhmanlary bolup durýarys.

## 7.2. Goňşy we myhman gatnaşyklarynyň ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar




**1-nji çyzgy**


Goňşy bilen ylalaşykda ýaşamak üçin esasy ýerine ýetirilmeli talaplar
1
Töwerekde aýdylýan gep-gürrüň-lere gulak gabartman, hakykata özbaşdak göz ýetirjek bolmaly
2
Islendik dawaly meselede “bir-birinden ýüz öwürmän, düşünişmäge çalyşmaly
3
Iki tarapam bir-birinden artyk boljak bolmaly, paýhas görkezmeli
4
Iki tarapam özara geçirimlilik etmäge çalyşmaly
5
Iki tarapam dawaly meseläniň çözgüdinde arkalaşjak bolmaly
6
Dawaly meselede ylalaşyk tapmaly we jedeliň dowam etdirilmegine ýol bermeli däl
7
Ahlak jedeli hukuk jedeline öwürmejek bolmaly

**2-nji çyzgy**


Goňşyňa peýda getirmeklik, esasan, nämeleri aňladýar?
1
Kyn gününde ruhy-maddy goldaw bermek
2
Gerek ýerinde, gyssananda arka durmak
3
Iri-ownuk ýumuşlaryny bitirmek
4
Dost hökmünde maslahat bermek
5
Goňşyňda döräp biläýjek oňaýsyz ýagdaýlar barada ony habardar etmek, dogry ýola gönükdirmek
6
Toý-ýaslaryny sowuşmak
7
Syrkawlaryna kömek bermek
8
Mylakatly gatnaşykda bolmak
9
Hiç bir ýagdaýda ony ynjytmazlyk

**3-nji çyzgy**


Türkmenlerde myhman hormaty bilen bagly şu esasy garaýyşlary bilmegimiz hökman
1
Myhman öýe döwlet getirýär diýen ynama uýmaly
2
Myhman atańdanam ýokary görülýär
3
Myhmana özüňde bar zady gysganmak bolmaýar
4
Myhman çagyrylmasa-da gelip biler
5
Myhmany alalamak dürs görülmeýär
6
Myhman paýy atylman nahar bişirilmeýär
7
Myhman almak agzybirlik-den, ynsanperwerlikden nyşan hasaplanýar
8
Myhman alynmaýan öý halanylmaýar

**4-nji çyzgy**



Myhmanyň öňünden sadadan gelşikli geýnip çykmaly
1
Myhmany güler ýüz bilen garşylamaly
2
Myhmany ýagşy dilegler bilen garşylamaly
3
Öýdäkileň bary myhman bilen gelip salamlaşmaly
4
Myhmany mähir bilen öýe çagyrmaly
5
Myhmana hormatly ýerden orun bermeli
6
Myhman bilen mähirli hal-ahwal soraşmaly
7
Myhmanyň göwnüne ýaramajak sözlerden we hereketlerden saklanmaly
8
Myhman garşy almak edebiniň esasy kadalary


**5-nji çyzgy**


Myhmany nahara garaşdyrmaly däl
1
Myhmany nahar wagty howlukdyrmaly däl
2
Myhmanyň ýanynda alada-gaýgyly oturmaly däl
3
Myhmana gyssagly işleriň bardygyny ýatlatmaly däl
4
Myhmana garşy hödür etmeli däl
5
Myhmana hezzet etmek bilen bagly esasy bilmeli kadalarymyz
6
Myhmana üýtgeşik nahar bişirýänligiňi nygtamaly däl
7
Ýerlikli bolsa-da, myhmana nahar wagtynda bellik etmeli däl
8
Myhmany artyk gepe güýmemeli däl
9
Myhman bilen naharlanyp otyrkaň, işdä saklamaly däl
10
Myhmana az iýmegiň-içmegiň peýdalydygyny ýatlatmaly däl

**6-njy çyzgy**


Myhman ugratmak edebiniň esasy kadalary
1
Myhmana hormat goýup, onuň-yzyndan ýöremeli
2
Myhmany daşky gapa çenli ugratmaly
3
Myhman bilen mähirli hoşlaşmaly
4
Myhmana ýagşy arzuw-dilegler etmeli
5
Myhmanyň öz öýlerine gelenine şatdyklaryny bildirmeli
6
Myhmanyň öýündäkilerine salam ýollamaly
7
Myhmanyň wagt tapyp ýene-de gelmegini haýyş etmeli
8
Myhman indi gelende has-da taýýarlykly garşylajakdyklaryny duýdurmaly
9
Mümkinçilik bolanda myhmany barjak ýerine çenli öz awtoulagynda golaýlatmaly
10
Zerurlyk ýüze çykanda myhmana taksi çagyryp bermeli ýa-da tanyşlaryň biriniň ýanyna mündürmeli

**7-nji çyzgy**


Myhman bolmak edebiniň esasy kadalary
1
Golaý garyndaş bolmasaň, myhmançylyga barjak ýeriňi deslapdan habarly etmek ýagşy
2
Myhmançylyga belleşilen wagtyndan irem barmaly däl, gijä-de galmaly däl
3
Myhmaçylyga tämiz we gelşikli geýnip barmaly
4
Myhman ýeriniň tertip-düzgünine boýun bolmaly
5
Görkezilen ýerde oturmaly
6
Hödür edilen zatlary at dakmazdan iýmeli
7
Düşek salnan ýerde ýatmaly
8
Daş-töweregiňe artykmaç göz aýlamaly däl
9
Ýerliksiz gürlemeli ýa-da gülmeli däl
10
El-aýagyňy gelşiksiz hereketlendirmeli däl
11
Myhmançylykda çakyňy bilip oturmaly, özüňi ýigrendirmeli däl

**8-nji çyzgy**

## 7.3. Goňşy we myhman gatnaşyklarynyň ahlak kadalary bilen bagly testler

**1. Türkmenlerde goňşy diýip kim göz öňünde tutulýar?:**
a) töwereginde ýaşaýan maşgalalar;
b) duldegşir ýaşaýan maşgalalar;
ç) ýaşaýan ýeriniň ähli ilaty;
d) serhetýaka döwletleriň ilaty.
*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**2. Goňşa "sylag-hormat" diýip nämä düşünilýär?:**
a) onuň ähli aýdan-goýanlaryny goldamaklyga;
b) islendik başlangyjynda oňa ýardamçy bolmaklyga;
ç) oňa sylag-serpaý ýapyp durmaklyga;
d) onuň toý-ýasynda dik durmaklyga.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**3. Goňşara dawalar hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýärmi ýa-da ahlak?:**
a) hukuk;
b) ahlak;
ç) ahlak ýa-da hukuk;
d) ahlak we (ýa-da) hukuk.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**4. Goňşular köçede köpçüligiň içinde çaga üstünde dawalaşýarlar, bir-birine paýyş sözleri aýdýarlar. Şu ýerde nähili jogapkärçilik ýüze çykyp biler?:**
a) hukuk;
b) ahlak;
ç) ahlak we hukuk;
d) ahlak ýa-da hukuk.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**5. Raýat ygtybarly goňşusy pul karz sorap gelende, puly bar bolsa-da, onuň haýyşyny bitirmän yzyna goýberýär. Netijede, goňşusy bir şahsy işi boýunça düýpli zyýan çekýär. Şu ýerde**

**puluny gysganan raýatyň hereketleri bilen bagly nähili jogapkärçilik ýüze çykyp biler?:**

a) hukuk;

b) ahlak;

ç) ahlak we hukuk;

d) ahlak ýa-da hukuk.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**6. Raýatyň howlusyna goňşusynyň maly girýär we melleginiň içinde gezýär, ýöne maddy zyýan ýetirmeýär. Şu ýerde nähili jogapkärçilik döräp biler?:**

a) ahlak;

b) hukuk;

ç) ahlak we hukuk;

d) ahlak we (ýa-da) hukuk.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**7. "Myhman atańdan uly" diýen nakyl durmuşda nämäni aňladýar?:**

a) myhmana aýratyn hormat goýulmalydygyny;

b) myhmana ýaşyna görä hormat goýulmalydygyny;

ç) myhmany ýakynlaryňdanam ýokarda görülmelidigini;

d) myhmanyň gadyrly kabul edilmelidigini.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**8. Myhman hormaty nämeden görünýär, adatça:**

a) berlen gymmat bahaly sowgatlardan;

b) hödürlenen dürli görnüşli tagamlardan;

ç) gyzgyn garşylanmadan;

d) mähirli gürrüňdeşlikden.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**9. Myhman garşy alnanda aýdylýan sözler:**

a) geleniňiz gowy boldy, esli naharymyz iýilmän galdy;

b) geleweriň, çagyrylýançaňyz garaşyp oturmaly däl;

ç) ýagşy ýigit aş üstüne;

d) geleweriň-geçeweriň, biraz gijä galan bolsaňyz gidýädik.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**10. Myhmanyň gyzgyn garşylanyşy nämeden görünýär, adatça:**

a) mylaýym sözlerden we sylaşykly hereketlerden;

b) öýdäkileriň hemmesiniň myhman bilen gelip salamlaşmagyndan;

ç) myhmana hezzet etmek üçin saýlanan otagdan;

d) myhmanyň öňünden aňrybaşy geýnip çykmakdan.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**11. Myhmançylyga gurply adamlar gelipdir. Öý eýeleriniň bu adamlara olaryň öz öýlerinde iýip-içýän zatlaryny hödürlemäge mümkinçilikleri çäkli. Şu ýagdaýda öý eýeleri näme etmeli?:**

a) myhman sowmak üçin karz almaly;

b) bar zatlary bilen oňşuk etmeli;

ç) olaryň göwnünden turup bilmändikleri üçin özüni myhmanlaryň öňünde müýnli duýmaly;

d) myhmanlary ugradanda, olaryň göwünlerinden turup bilmäni üçin ötünç soramaly.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**12. Myhmana nahar alnyp berlende şu hereketleriň haýsysyna ýol berlip bilner?:**

a) myhmanyň çekinip iýip-içip oturşyna garamazdan, onuň bilen bile naharlanmak;

b) bişiren naharyňy öwmek;

ç) nahar wagtynda köp gürlemek;

d) myhmanyň doýanlygyna garamazdan, oňa garşy hödür etmek.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**13. Myhman ugradylanda aýdylýan sözler:**

a) horlanman öýüňize baraweriň;

b) ýene-de gelip duruň;

ç) uzak ýoldan geljek bolup horlanmaň, özümiz bararys;

d) öýüňize sag-aman baryň.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**14. Wagtyň çäkliligi sebäpli obadan myhmançylyga gelen ata -enesini öýlerine ugratmak üçin demirýol menziline tiz ýetirmek meselesi ýüze çykýar. Ogly:**

a) arkaýyn boluň, men sizi öz awtoulagymda ol ýere bir salymda elterin;

b) arkaýyn boluň, men size häzir taksi çagyryp bererin;

ç) wah, meniň gyssagly barmaly ýerim bar, ýogsam men sizi ol ýere özümjik elterdim;

d) hany göreýin, awtoulagyň ýangyjy bar bolsa, ol ýere sizi özüm eltip gaýdaryn.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**15. Myhman öý eýesi bilen gürrüňdeşlikde nirede säwlik goýberýär?:**

a) taýýarlanan tagamlaryň süýjüdine haýran galýandygyny aýdýar;

b) bu tagamlary taýýarlamagyň tärleri bilen gyzyklanýar;

ç) özüne aýratyn ýaran tagamy öý eýesine hödür edýär;

d) bu tagamlar barada dost-ýarlaryna gürrüň berjegini nygtaýar.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**16. Myhman myhmançylykda haýsy hereketinde säwlik goýberýär?:**

a) işdäsi almasa-da, hödürlenen nahardan iýýär;

b) hernäçe gyzyklansa-da, daş-töweregine ýalt-ýult etmeýär;

ç) öýüň düzgünlerini halamasa-da, sesini çykarmaýar;

d) gürrüňe gyzyp wagtyndan köp oturýar.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**Testleriň jogaplary:** 1-ç; 2-d; 3-d; 4-ç; 5-b; 6-a; 7-b; 8-a; 9-ç; 10-d; 11-b; 12-a; 13-ç; 14-a; 15-ç; 16-d.

# VIII BAP
# TOÝ-ÝAS GATNAŞYKLARYNYŇ AHLAK KADALARY

## 8.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän esasy gatnaşyklar

**Milli däp-dessurlara laýyklykda toý tutmak**

***Toýlarymyzy milli däp-dessurlarymyza laýyklykda asuda ýagdaýda döwrebap şatlyk-şagalaňly guramaly.***

Toý ýakynlaryň we dost-ýarlaryň bilen bilelikde maşgalaň begenjini paýlaşmak üçin geçirilýär. Türkmençilikde dürli toýlar tutulýar: gyz çykarmak, ogul öýermek, perzendiň dogulmagy, çaganyň sünnet edilmegi we beýlekiler. Olaryň ählisi-de milli öwüşgine eýedirler, özleri-de olaryň guramaçylyk esaslary gitdigiçe döwrebap kämilleşdirilýär.

Türkmenlerde ogul öýermeklik iň arzyly toý hasaplanýar. Oba ýerlerinde gelin toýlarynda göreş tutulýar, ýalyga towsulýar, bagşy aýtdyrylýar, at çapdyrylýar, şeýle hem dürli milli oýunlar guralýar. Gelin toýunyň nirede tutulýandygyna garamazdan, gelnalyjy kerweni guralýar, gadymdan gelýän bir giden däp-dessurlar, edim-gylymlar asyl nusgasynda diýen ýaly berjaý edilýär.

Umuman, her bir halkyň milli ýüzüni onuň guraýan toýlaryndan aýdyň görmek bolýar. Şoňa görä-de, türkmençiligimizi saklamak we bizden soňky nesillere miras galdyrmak üçin, ata-babalarymyzdan dowam edip gelýän toý däp-dessurlarymyza döwlet syýasatynda aýratyn orun, olaryň halkyň içinde, ilkinji nobatda hem ýaşlarymyzyň arasynda giňden wagyz-nesihat edilmegine bolsa möhüm ähmiýet berilýär.

**Toýda märeke üýşürmek we hezzet-hormat etmek**

***Toý toýlananda maşgalanyň mümkinçilikleriniň çäginde çagyrjak adamlarynyň sanyny kesgitlemeli we olara toý gününde başardygyňdan hezzet-hormat etmeli.***

Durmuşda hasapsyz zat ýok. Toýa gabat gelen tanşyňy çagyrmaly diýen kada-da ýok. Toýa ýakynlaryň, dost-ýarlaryň we goňşularyň

çagyrylýar. Toýunda plança märeke ýygnanypdyr, üýtgeşik tagamlar berlipdir, birnäçe tanymal bagşylar çagyrylypdyr diýdirjek bolup, iliň agzyna düşjek bolmaklyk nadanlykdan hem kemakyllylykdan nyşandyr.

Mümkinçiliklerini göz öňünde tutman, uly märeke çagyrjak, üýtgeşik binada toý tutjak we myhmanlara dürli tagamlar berjek bolup, ilçilikde bir giden karz-kowala girip, toý toýlaýanlara gabat gelinýär. Esasanam, käbir ýaşlar meniň toýum deň-duşlarymyňkydan kem bolmasyn diýip, ata-enelerini çykgynsyz ýagdaýa salýarlar, soňam ýyllaryň dowamynda bütin maşgala bolup bergilerini üzmek üçin jandaserek bolup ýörýäler.

Ata-eneler şu meselede çagalary bilen üznüksiz halda düşündiriş işlerini geçirip durmaly, olara durmuşda “Ýorganyňa görä aýak uzatmalydygyny” öwretmeli. Toýuny has ýokary derejede guramaga mümkinçilikleri bar ata-eneler bolsa çakdan aşmajak bolmaly, “Isrip - haram” diýen ýörelgeden ugur almaly.

**Toýda tertip-düzgüni üpjün etmek**

***Toý eýeleri toýlary guramaçylykly geçirjek bolmaly we märeke üýşürilen ýerde hem-de onuň töwereginde tertip-düzgüni doly üpjün etmeli.***

Ata-babalarymyz toý toýlamak bilen bagly dürli paýhasly pähimleri döredipdirler: “...Toý-şagalaň – şatlygyň ýeri”, “Geňeşli toý dargamaz” we beýlekiler. Toý toýlamak örän jogapkärçilikli çäre. Siziň üçin şatlykly pursatlar töweregiňdäki adamlar üçin oňaýsyzlyklary döretmese ýagşy. Toý eýeleri märekede dawa-jenjele ýol bermän, toý toýlamany bellenen wagtda tamamlajak bolmaly. Dynç alýan we iş-aladasy bar adamlara azar bermeklik biedeplik hasaplanýar.

Toý eýeleri märekesiniň asuda we guramaçylykly geçmegi üçin toýlary geňeşli geçirmeli, her bir işe jogapkär adamlary bellemeli. Sagdyn durmuş ýörelgesine eýerýän halkymyz uly ynam bilen ýaşaýar, geljek sary öňe barýar.

**Toýa gelen myhmanyň edebi**

***Çagyrylan myhman toýa bellenen wagtynda gelşikli geýnip barmaly we toý eýelerine başardygyndan sowgat-serpaý bermeli, olary mübärekläp dilegler etmeli.***

Ata-babalarymyz: “Hödürsiz tagam iýme, idegsiz toýa barma” diýip, nesillerine wesýet edipdirler. Adatça, toýa çagyrylan adamlar barýar. Toýa wagtyragynda baryp, kän bir gijä galman hem gaýtmaklyk edeplilikden nyşandyr. Toý eýelerini hormatlap, märekä mynasyp geýimde we sowgatly barylýar hem-de mübärek dilegler edilýär: “Gutly bolsun!”, “Düşümli bolsun!”, “Bagtly boluň!”, “Toýuňyz toýa ulaşsyn!”, “Nesip etsin!” we ş.m. Toýa gelen myhman märekede özüni tertip-düzgünli alyp barmaly.

Toýuň kemçiliklerini gözlemek, has beterem dabara göwnüýetmezçilik bilen gybat etmeklik türkmençilikde oňlanylmaýar, baryp ýatan medeniýetsizlik hasaplanýar. Her kim başarsa, gören säwliklerini öz ýanyndan bellige almaly we geljekde gurajak toýlarynda olara ýol bermejek bolmaly.

**Adam ömrüniň çäklidigini ýatlap gezmek**

***Ahlaksyz we bikanun hereketlerden daşda bolmak üçin adam elmydama ahyretini ýatlap durmaly.***

Adam ömrüniň soňky “duralgasy” bilen bagly hakykat elmydama adamyň aňynda bolmaly. Şeýle-de bolsa, adamynyň ahyrky duralgasy baradaky oý-pikirler käbir ýaşlar üçin “boş sözler” bolup eşdilýär we görünýär. Düşnükli sebäplere görä, ýazlagda ýaýnap ýören entek bekemedik beýni gyşyň aladasyny etjekmi?! Tebigatyň şu kanuny kadasyny ýaşlara mümkingadar ir düşündirmeklik, megerem, ýaşuly nesliň iň wajyp ahlak borjy bolmaly. Adam ömrüniň çäkliligi babatda Seýdi şahyryň şeýle parasatly setirleri bar: “Dünýä iki gapyly ajap kerwensaraýdyr, giren geçip eglenmeý ýük ýazdyryp baraýdyr” (“Set para beýle”).

Pany dünýäniň özüne bakna ediji duzaklary kän. Şeýtanyň aldaw torlaryna düşmezlik üçin, ynsan juda seresap ýaşamaly, her bir ädimini oýlanyşykly ätmeli, säwliklere ýol bermejek bolmaly. Çünki, her bir ýalňyş hereketimiz üçin iki dünýede-de hasap bardygyny ýadymyzdan çykarmaly däl. “Ýalňyşmaz - bir Alla” diýilýär. Ýalňyşmajak adam bolmaz, ýöne sen öz säwlikleriň düýpli bolmazlygy barada alada etmeli, soňam her bir goýberen ýalňyşyň tobasyny çekip gezmeli, olaryň täzeden ýüze çykmagyna ýol bermeli däl. Goýberen hatalaryňy ýagşy amallar, sogap işler bilen ýuwjak bolmaly.

Öz goýberen hata işleriň başgalaryň durmuşynda gaýtalanmagynyň öňüni almak üçin, ýaş nesilleriň arasynda öwüt-ündew işlerini ýola goýmaly. Şu babatda musulman dünýäsinde adamynyň arassahalal ömür sürmegi üçin ahyretiň ýatlanyp, wagyz edilip durulmagy ýeterlikdir diýen juda ygtybarly hasaplanýan ynanç-ygtykat bar.

**Ölüm halyndaky adama hyzmat etmek**

***Herki ynsan ölüm ýassygyndaky adamyň ýumuşlaryny ýagdaýa görä tiz bitirmäge çalyşmaly.***

Ölüm halyndaky adamyň iýmek-içmek, derman-däri, tejribeli lukmanlary çagyrmak bilen bagly we beýleki käbir soňky haýyşlaryny kynam bolsa, azda-kände mümkinçilik bolan ýagdaýynda gaýragoýulmasyz ýerine ýetirjek bolmaly. Umuman, ömrüniň ahyrky pursatlaryny başyndan geçirýän adama çaga sereden ýaly seretmeli, agyrylaryna döz gelip bilmän çekýän ezýetlerini deň paýlaşmaga çalyşmaly, her bir çykarýan hokgasyna aňrujy ýagdaý bolsa ýok diýmejek bolmaly.

Durmuşda her bir ynsan rehim-şepagatly bolmaga çalyşmaly, ýagşylyklary köpräk etmeli, goýberen hata işlerinden saplanmak üçin amatly pursatlary elden gidermejek bolmaly. Gündogaryň medeniýetinde: “Syrkawyň bir zeruryýetini bitiren adam misli çaga kimin günälerinden arassalanar” diýen çuň manyly filosofik garaýyş ýörgünli.

**Merhum bilen hoşlaşmak**

***Erkek adamlar ses-sedasyz gözýaş döküp, zenan maşgalalar bolsa mümkin boldugyndan görnetin edepsizlige ýol bermän aglap, merhum bilen hoşlaşmaly, ony soňky ýoluna abraýly ugratmaly.***

Merhum üçin gaty ses bilen aglamak, ýaka ýyrtmak, yzanda-çuwan bolmak, ýerde ýykylyp togalanmak we başga şu zeýilli hereketler türkmençilikde oňlanylmaýar, has beterem olar günä hasaplanylýar. Eždatlarymyz: “Ölen gaýdyp gelmez, aglamak bilen” diýip, kowumlaryny tertip-düzgüne çagyrypdyrlar. Zelili şahyryň şu babatda şeýleräk paýhasly setirleri bar: “Akly bolan ölüsine aglamaz, ölen dirilermi bagyrmak bilen?” (“Gygyrmak bilen”). Garyndaşlar, goňşy-golamlar, tanyş-bilişler merhumyň ýakyn garyndaşlaryny

köşeşdirmek üçin elde baryny etmeli, olaryň çekýän ezýetlerini mümkin boldugyndan paýlaşmaga, azaltmaga çalyşmaly.

Gündogaryň medeniýetinde: “Her kim matama (ýakynynyň ölümine) sabyr etse (ýagny çekip-çydasa), oňa çenden aşa köp sogap berilýär” diýen ynamly garaýyş bar. Hawa, munuň özi ýerine ýetirmesi kynam bolsa, sogap üçin hökman berjaý ediläýmeli talap, kada bolup durýar.

**Merhumyň maşgalasyna gynanç bildirmek**

***Merhumyň maşgalasyna gynanç gijikdirilmän, onuň belli günlerinde bildirilmeli.***

Ata-babalarymyz: “Toýa gitmeseň hem ýasa git” diýip, nesillerine sargyt edipdirler. Merhumyň maşgalasyna gynanç merhumyň belli günleri geçirilende bildirilmegi dogrudyr. Gynanç bildirilende şu dilegler edilýär: “Jaýy Jennet bolsun”, “Ýatan ýeri ýagty bolsun”, “Iman äkidenden bolsun” we ş.m. Eger-de ýogalan çaga bolsa: “Öwez ogluny bersin”, “Galanyňyza uzak ömür bersin” we başgarak dilegler edilýär. Türkmençilikde gynanjyň gaýta-gaýta bildirilip durulmagy dürs hasaplanylmaýar. Uzak aralykda ýaşaýan garyndaşlar we dost-ýarlar merhumyň maşgalasyna öz gynançlaryny ara wagt salybam bildirip bilerler. Musulman dünýäsinde ýasda oturan adamlara duýgudaşlyk bildirmegiň uly sogapdygy aýdylýar.

Merhum üçin berilýän sadakalarda gybata ýol bermezlik maksady bilen, onuň ady diňe ýagşy tarapdan tutulmaly we ýaşan döwründe edip giden öwgä mynasyp işleri ýatlanylmaly. Onsoňam, ýas ýerinde kän gürlenilmeýär, şady-horramlyga-da ýol berilmeýär, köpem iýilmeýär, ýagny duz datmak bilen oňulýar. Umuman, türkmençilikde dünýeden gaýdan bendäniň sylag-hormaty ýokary tutulýar. Bu hakykaty: “Ölüsini sylan baý bolar” ýa “Ölüsini sylamadyk – dirisini sylamaz” diýen nakyllarymyzdan hem aýdyň görmek hem duýmak bolýar.

**Dünýeden gaýdan adamy ýatlap durmak**

***Näçe wagt geçendigine garamazdan, merhumyň ýakyn garyndaşlary, dost-ýarlary ony yzygiderli ýatlap doga-dilegde bolmaly, sadakalar bermeli, gonamçylyga zyýarat etmeli we ol ýerde özlerini edepli alyp barmaly.***

Türkmençilikde “Öli aýatdan doýmaz, diri - hezzetden” diýilýär. Merhumyň ýakynlary ony bütin ömrüniň dowamynda ýatlap gezmeli, ýagny ruhuna barsyn diýip doga-dilegler etmeli, kynrak günde ýaşaýanlara, ilkinji nobatda hem öz garyndaşlaryna sadaka berip durmaly.

Gonamçylyklara zyýarata barlanda ýadygärliklere zyýan ýetirmek, goh-galmagal etmek, hapaçylyga ýol bermek dürs hasaplanylmaýar we ahlak nukdaýnazaryndan jemgyýetçilik tarapyndan berk ýazgarylýar. Her kim gonamçylyklarda başardygyndan arassaçylyk işlerini yzygiderli geçirip durmagy öz endigine öwürjek bolmaly.

Gündogaryň medeniýetinde öwlüýalara barmak hem-de adamyň iň soňunda topraga öwrülýänliginden özleri üçin sapak almak we bu hakykaty ýatlap durmak wesýet edilýär.

## 8.2. Toý-ýas gatnaşyklarynyň ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar




**1-nji çyzgy**


Toý tutmak bilen bagly esasy bilmeli zatlarymyz
1
Toýy maşgalaňa agram salmazdan, ýagdaýyňa görä tutmaly
2
Toýy ullakan bergä-borja batmazdan geçirjek bolmaly
3
Bergä-borja batylyp tutulan toýy il oňlamaz
4
Ýagdaýyň bolaýanda-da toýa diňe iň degişli adamlaryňy çagyrmaly
5
Toý üçin artyk çykdajy edip, “isrip haram” etmeli däl
6
Ýaşlara bu meselede kanagatly bolmaklygy öwretmeli

**2-nji çyzgy**


Toýlary asuda - parahat geçirmek üçin, esasan, nämelere üns bermeli?
1
Toýuň maslahatly guralmagyna we dürli ugurlar boýunça jogapkär adamlaryň bellenilmegine
2
Bidüzgünçilik edýän adamlary tertibe çagyryp biläýjek abraýly adamlaryň toýda dik durmaklaryna
3
Spirtli içgileriň ýa-da adamyň akyl-huşuna täsir edýän beýleki serişdeleriň ulanylmazlygyna
4
Düzgün bozjak bolýanlaryň toýdan dessine çetleşdirilmegine
5
Toýuň wagtynda başlanmagyna we tamamlanmagyna
6
Toýa gatnaşyjylaryň içinde tötänden çagyrylan adamlaryň bolmazlygyna
7
Toý eýeleriniň toý guramak bilen bagly jogapkärçilik duýuşlaryna

**3-nji çyzgy**


Myhmanyň toýa gatnaşmagynyň we ol ýerde özüni alyp barmagynyň esasy kadalary
1
Toýa çagyrylan bolsaň barmaly
2
Toýa bellenilen wagtynda barmaly
3
Toýa märekä mynasyp eşikde barmaly
4
Toý eýelerini gutlamaly, mübärek dilegler etmeli, başardygyňdan sowgat bermeli
5
Toýda ile goşulyp şatlanmaly, medeniýetli dynç almaly
6
Toýda özüňi edepli alyp barmaly, “bolşuň nähili” diýdirmeli däl
7
Toýda gybat etmeli däl, edýäne-de mylaýymlyk bilen ýol bermeli däl
8
Toýdan wagtyragynda gaýtmaly
9
Toýda edep öwrenmeli, toý guramak boýunça tejribe toplamaly

**4-nji çyzgy**



Ynsan ömrüniň çäklidiginden ugur alyp ýaşamagyň adama ýetirýän esasy täsirleri
1
Adam ahlak-hukuk bozulmalaryndan saklanmaga çalyşýar
2
Adam goýberen hata işlerine ökünip gezýär, ýagny olaryň tobasyny çekýär
3
Adam aklanmak üçin sogap işleri köp etmäge çalyşýar
4
Adam töweregindäkileri hata işlerden saklamagyň aladasyny edýär
5
Adam hakyky görelde mekdebine öwrülýär
6
Adam ýokary ahlakly ynsan hökmünde mynasyp ömür sürýär
7
Adam iki dünýäňem hasaplaryndan azat bolýar


**5-nji çyzgy**


Ölüm halyndaky adama hyzmat edýäniň esasy bilmeli zatlary
1
Haýyşyň ýa ýumşuň ahlagyň we hukugyň kadalaryna ters gelmeýändigine göz ýetirmeli
2
Haýyşy ýa ýumşy doly we dogry ýerine ýetirmeli
3
Haýyşy ýa ýumşy mümkingadar tiz ýerine ýetirmeli
4
Haýyşy ýa ýumşy ýerine ýetirmejek bolup bahana gözlemeli däl
5
Haýyşy ýa ýumşy ýerine ýetirmek üçin ähli zerur işleriňi wagtlaýynça goýmaga çalyşmaly, gerek bolsa rugsat almaly
6
Ýagdaýa görä maddy çykdajylary çekmäge taýyn bolmaly
7
Ýagdaýa görä kynçylyklara döz gelmäge taýyn bolmaly
8
Şu hereketler seniň ýnsanperwerligiňi artdyrýär, sogabyňa ýazylýär

**6-njy çyzgy**


Merhumyň ýakynlary onuň bilen hoşlaşmaga hökman gelmeli, bu ýerde agyr syrkawçylykdan başga bahana bolup bilmez
Ýakynyň ölümine kanagat etmeklik sogapdyr
Iliň gözünden düşüp aglamaly däl
1
2
3
4
5
6
7
8
9
Gonamçylykda, ýolda-yzda özüňi edepli alyp barmaly
Merhum bilen hoşlaşylanda esasy berjaý edilmeli talaplar
Gelşiksiz hereketlere (ýerde togalanmak, çabalanmak, we ş.m.) ýol bermeli däl
Merhumy depin etmek bilen bagly ähli däp-dessurlary ýaşulularyň maslahatyna görä berjaý ermeli
Merhumyň uly ýaşly ýakynlary çagalara, aýal-ebtatlara göz-gulak bolmaly, hallaryndan habar alyp durmaly
Şol ýagdaýa görä geýinmeli, esasanam, bu talap merhumyň ýakynlaryna degişli
Merhumyň we onuň maşgalasynyň dost-ýarlary, goňşulary onuň ýakynlaryna ruhy goldaw bermeli, merhumy abraýly jaýlamakda ýardam etmeli

**7-nji çyzgy**

Ýas ýerinde özüňi alyp barmagyň esasy kadalary

1 Ýas ýerine görünmeklik sogapdyr, ony endigiňe öwürjek bolmaly

2 Merhumyň maşgalasyna gynanç onuň belli günlerinde bildirilse ýagşydyr

3 Ýas ýerinde özüňi tukat ýagdaý-da alyp barmaly, şady-horramlyga ýol bermeli däl

4 Ýas ýerinde az geplemeli, özi-de diňe merhum bilen bagly gürrüňlere goşulmaly

5 Merhum diňe ýagşy tarapdan ýatlanylmaly, gybata ýol berilmeli däl

6 Ýas ýerinde juda degişliň bolaýmasa, kän oturmaly däl

7 Ýas ýerinde az iýmeli, has anygy duz dadyp oňmaly

**8-nji çyzgy**

Dünýäden gaýdan adamy ýagşylykda ýatlamak bilen bagly esasy bilmeli zatlarymyz

1 Merhumlary ýatlap doga-dilegler edilip durulmaly

2 Merhumlary ýatlap hemişe sadakalar berlip ýa-da paýlanyp durulmaly

3 Merhumlary ýatlap yzygiderli gonamçylyklara gidilip durulmaly

4 Merhumlaryňyzy ýatlap dursaňyz, bu görelde siziň çagalaryňyza-da täsir eder

**9-njy çyzgy**

## 8.3. Toý-ýas gatnaşyklarynyň ahlak kadalary bilen bagly testler

**1. Toýlary milli däp-dessurlara laýyklykda geçirmeklik hökmany talapmy ýa-da meýletin?:**

a) hökmany talap;

b) meýletin talap;

ç) obada geçirilýän toý babatda hökmany, şäherdäki üçin – meýletin talap;

d) obada geçirilýän toý üçin hökmany talap, şäherde geçirilýän toý babatda ikisem bolup biler.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**2. Ogul öýermek bilen bagly meseleler düzgünleşdirilýär:**

a) diňe ahlak kadalary bilen;

b) diňe hukuk kadalary bilen;

ç) ýagdaýa görä ahlak ýa-da hukuk kadalary bilen;

d) ähli meseleler kadalaryň ikisi bilenem deň derejede.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**3. Adatça, gelin toýy adam ömründe bir ýola tutulýar. Oňa kimleri çagyrmaly?:**

a) ähli tanyş-bilişleriňi;

b) ähli garyndaşlryňy we dost-ýarlaryňy;

ç) ähli garyndaşlaryňy we tanyş-bilişleriňi;

d) ýakynlaryňy, dost-ýarlaryňy we goňşularyňy.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**4. “Toý tutana Alla kömek berer” diýen aýtgydan ugur alyp:**

a) toýy mümkinçilikleriň çäginde tutmaly, azda-kände karz -kowala-da girip bolar, il-gün ýardamçyňdyr;

b) toýy uludan tutmaly, onuň çykdajylaryny ýakynlaryň bilen bile çekmeli;

ç) toýy uludan tutmaly, onuň çykdajylaryny ýakynlaryň we dost -ýarlaryň bilen paýlaşmaly;

d) hiç zadyň gaýgy-aladasyny etmän, aňryňda-bäriňde bar zatlaryňy orta goýmaly, ýöne toýlary pes boldy diýen ada galmaly däl.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**5. Toýuň wagtynda tamamlanmagyna, esasan, kim jogap bermeli?:**
a) toý eýeleri;
b) toý toýlanýan ýeriň ýolbaşçylygy;
ç) toý eýeleri we toý toýlanýan ýeriň ýolbaşçylygy;
d) polisiýa işgärleri.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**6. Toýda iki adamyň sözi azaşýar, ýöne mesele ula ýazmanka olary aralaýarlar. Toýda bolan waka üçin kim ahlak jogapkärçiligini çekýär?:**
a) dawalaşanlar;
b) toý eýeleri;
ç) dawalaşanlar, soňra toý eýeleri.
d) toý eýeleri, soňra dawalaşanlar.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**7. Toýa kim barmaly?:**
a) diňe çagyrylan adam;
b) çagyrylan adam we goňşularyň;
ç) çagyrylan adam we eşidip gelen adam;
d) islän adam.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**8. Gelin toýuna gatnaşýanlardan onuň soňuna çenli kimleriň galmaklygy dogry?:**
a) hemme çagyrylan myhmanlaryň;
b) toý eýeleriniň ýakynlarynyň hem-de oglanyň we gyzyň ähli dostlarynyň hem joralarynyň;
ç) toý eýeleriniň ýakynlarynyň, dost-ýarlarynyň, goňşularynyň;
d) toý eýeleriniň ýakynlarynyň hem-de oglanyň we gyzyň iň ýakyn dostlarynyň hem joralarynyň.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**9. Ömrüň çäklidigi baradaky hakykata düşünip ýaşamak:**
a) adamyny dünýäniň lezzetini görmäge howlukdyrýar;
b) adamyň has jogapkärli bolmagyna sebäp bolýar;
ç) adamyň has seresap ýaşamagyna sebäp bolýar;
d) adamyny her bir meselä oýlanyşykly çemeleşmäge mejbur edýär.
*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**10. Adam ömrüniň çäklidigi baradaky hakykaty ykrar edip we ondan ugur alyp ýaşamalydygyna:**

a) ýaşlar has aýdyň düşünýär;

b) orta ýaşdakylar has aýdyň düşünýär;

ç) ähli ýaşdakylar deň derejede aýdyň düşünýär;

d) ýaşy goýalyşanlar has aýdyň düşünýär.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**11. Agyr haldaky adama kömek etmek biziň nähili borjumyz hasaplanýar?:**

a) ahlak borjumyz;

b) hukuk borjumyz;

ç) ahlak we hukuk borjumyz;

d) ahlak ýa-da hukuk borjumyz.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**12. Ölüm halyndaky adamynyň:**

a) islendik haýyşyny berjaý etmeli;

b) ahlaga ters gelmeýän haýyşyny berjaý etmeli;

ç) kanuna ters gelmeýän haýyşyny berjaý etmeli;

d) ahlaga we kanuna ters gelmeýän haýyşyny berjaý etmeli.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**13. Adam öz ýakynyny ýitirende onuň göze-başa düşüp aglamagy dogrumy?:**

a) hawa, sebäbi seniň merhuma indi hiç haçan ýüzüň düşmez, iň ýakynyň üçin köýüp-ýanmasaň, il-gün näme diýer;

b) ýok, aglanyň bilen merhumy yzyna dolamarsyň;

ç) ýok, aglanyň bilen merhuma haýyr etmegiň deregine zelel edersiň;

d) ýok, sen durkuňy saklamak bilen maşgala agzalaryňa goldaw bermeli, direg bolmaly.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**14. Merhumy soňky ýoluna ugratmaga kimler gatnaşmaly:**

a) ýakynlary, dost-ýarlary;

b) ýakynlary, dost-ýarlary, obadaşlary;

ç) ýakynlary, dost-ýarlary, obadaşlary, şäherdäki goňşylary;

d) islendik adam, bu meselede asla çäklendirme bolup bilmez.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**15. Merhumyň belli günleri geçen bolsa, onuň maşgalasyna gynanç ýakyn wagtda nähili ýol bilen bildirilse has dogry bolar:**

a) telefon üsti bilen;

b) ýolda-yzda;

ç) öýüne baryp;

d) Internetiň üsti bilen.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**16. Türkmençilikde toýa barmak wajyp hasaplanýarmy ýa-da merhumyň belli günlerine?:**

a) ikisine-de deň derejede garalmaly;

b) merhumyň belli günlerine;

ç) toýa;

d) merhum ýaş dünýäden gaýdan bolsa, onda merhumyň belli günlerine, ýogsam – toýa.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**17. Gonamçylykda ýadygärliklere zyýan ýetirmek nähili jogapkärçiligiň ýüze çykmagyna esas bolup biler?:**

a) ahlak;

b) hukuk;

ç) ahlak we hukuk;

d) ahlak ýa-da hukuk.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**Testleriň jogaplary:** 1-b; 2-ç; 3-d; 4-a; 5-ç; 6-d; 7-a; 8-d; 9-a; 10-d; 11-ç; 12-d; 13-a; 14-d; 15-ç; 16-b; 17-ç.

# IX BAP
# UMUMY HÄSIÝETLI AHLAK KADALARY

## 9.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän esasy gatnaşyklar

**Agzybir ýaşamak**

***Her bir adam jemgyýetde agzybir ýaşamaga çalyşmaly.***

Türkmenler ähli döwürlerde öz aralarynda, şeýle hem goňşular bilen gatnaşyklarynda agzybirligi ýol-ýörelge edinip gelipdirler, "Agzybire Taňry biýr, agzalany gaňrybiýr" diýen könelerimiziň parasatly pähimine uýupdyrlar. Ýadyňyzda bolsa, Oguz han atamyz ogullaryna agzybirlik filosofyýasynyň many-mazmunyny ýaýyň oklarynyň jemliginde döwülmeýşi ýaly, agzybir halky hem ýeňip bolmaýandygyny ýönekeý bir mysalyň üsti bilen aýdyň görnüşde äşgär edýär. Nesilbaşymyz Oguz hanyň ogullaryna beren bu sapagy şu günlerde hem öz durmuşylygyny ýitirmän gelýär. Häzirki döwürde hem agzybirlik taglymaty döwletimiziň içeri-daşary syýasatynyň binýatlaýyn esaslarynyň biri hökmünde garalýar. Agzybirlik islendik jemgyýetde özgerişiň we ösüşiň ygtybarly hereketlendirijisi bolup çykyş edýär.

Kadaly durmuşda ýaşamak üçin agzybirlik maşgalada, zähmet toparlarynda we jemgyýetiň beýleki düzümlerinde berk üpjün edilmeli. Tejribeden belli bolşy ýaly, agzybirlik ýok ýerinde asuda-parahat durmuş hem ýokdur. Eždatlarymyz "Agzybirlik at getir, agzalalyk at ýitir" diýip, juda jaýdar belläpdirler. Agzybirligi öz döredijiliginiň naýbaşy ýörelgesi edinen Magtymguly akyldar hem bu meselä öz şygyrlarynda köp ýüzlenipdir. Mysal üçin, "Agzy ala bolan iliň, döwleti gaçan ýalydyr" ("Içen ýalydyr") ýa "Agzalalyk aýrar ili dirlikden, döwlet dönüp, nobat duşmana gelgeý" ("Nogsana gelgeý").

Agzybirlik ahlak ulgamyndaky kadalaryň baş ýörelgesidir, onuň ýüregidir. Şonuň üçin hem ol döwletiň we jemgyýetiň ösüşleriniň, adamlaryň bagtyýar durmuşynyň berdaşly binýady hökmünde ykrar

edilýär. Ahlak ulgamyna degişli ähli kadalar agzybirlige esaslanýar, ony anyk ugurlar boýunça aýdyňlaşdyrýar hem çuňlaşdyrýar.

**Parhsyzlyga ýol bermezlik**

***Her bir adam öz daş-töwereginde bolup geçýän zatlara parhly garamaly, ahlaksyz we bikanun hereketleriň ýanyndan sowlup geçmeli däl.***

Aslynda parhsyzlyk haýwanlara mahsus häsiýetdir. Adam tebigaty boýunça öz töwereginde bolup geçýän zatlara parhsyz bolup bilmeýär, bolmaly hem däl. Şu meselede biziň hemmämiziň ahlaksyz hereketleriň jemgyýet üçin kada öwrülmek howpunyň bardygyna aň ýetirmegimiz gerek. Her bir şahsyýet duş gelen ýerinde ýazykla "edýäniň näme?!" diýmäni başarsa, şony öz ahlak borjy hasaplasa, onda jemgyýetde kämil ahlagyň höküm sürjegi, kanunyň we adalatyň dabaralanjagy şühbesizdir.

Parhsyzlygyň jemgyýete ýetirýän zyýanlary bimöçberdir. Köpçülik tarapyndan ýazgarylýan durmuş pursatlaryna hemmeleriň parhly bolmagy döwletiň syýasy durnuklylygyna, ykdysadyýetiniň kuwwatlanmagyna, jemgyýetiň sagdyn ösmegine, şeýle hem adamlaryň hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna görnetin oňyn täsir edýär. Onsoňam parhly garaýyş jemgyýetde tertip-düzgüni üpjün edýän serişde bolup hem çykyş edýär. Aýdylanlardan ugur alyp, biziň ynsan parhsyzlygynyň garşysyna jemgyýet bolup gaýduwsyz göreşmegimiz, islendik ahlaksyz we bikanun hereketiň öňüni almagymyz gerek.

Ata-babalarymyz: "Ýamanlaryň ýamanlygyny aýt, pälinden gaýtsyn" diýip, adamlary parhly bolmaklyga çagyrypdyrlar. Jemgyýetiň asuda we agzybir ýaşamagy üçin iň bir ýönekeýje hasaplanýan bidüzgünçiligiň hem öňi alynmaly.

"Ol eşekde ýüküm ýok, ýykylsa, habarym ýok" diýen garaýyş ynsan parhsyzlygynyň döreden filosofiýasy bolmaly. Jemgyýetde ýaman göreldäni ýaýratmak üçin parhsyzlykdan täsirli we netijeli serişde ýok bolsa gerek. Parhsyzlyk bilen aýgytly göreşilmese, onda jemgyýetiň ahlagy peselýär. Oýlanyp görsek, biziň parhsyzlygymyzy häsiýetlendirýän hereketlerimiz kändir. Olaryň hemmesiniň bilelikde jemgyýete ýetirýän zyýanyny hasaplasak, onda köp zada göz ýetirmegimiz we

durmuşa başgaça garamagymyz hem mümkindir. Parhsyzlygyň irugiç yzyna aýlanyp gelip, şarpyk kimin seni awundyrjagy şübhesizdir.

**Pespäl bolmak**

***Her bir adam ynsan gatnaşyklarynda pespäl bolmaga çalyşmaly.***

Atalar pähiminde: "Päli pesiň ruhy beýik" diýilýär. Megerem, ynsana mahsus iň oňat gylyk-häsiýetler pespäl adamlarda jemlenen bolmaly. Päli pes adam herki işe yhlasly ýapyşýar, her bir ýagdaýda özüni jogapkärli, parasatly hem adalatly alyp barýar. Islendik etjek işini "Ýedi ölçäp, bir kesýär", elmydama diýen ýaly il-günüň aladasynda gezýär. Şonuň üçin hem päli pes adam jemgyýetde elmydama ýokary hormatdan hem sylagdan peýdalanýar, özi-de durmuşda uly üstünliklere we derejelere ýetip bilýär.

Edil agajyň ir-iýmişiniň köp boldugyça şahalarynyň aşak bolşy ýaly, şahsyýetiň intellektual görkezijileri ýokary boldugyça, ol jemgyýetçilik gatnaşyklarynda özüni şonça-da pespäl alyp barýar. Pespällik beýiklikden, parasatlylykdan, rowaçlylykdan nyşandyr. Danalaryň pähiminde: "Beýikler pesde-de beýikdir, pesler beýikde-de pesdir" diýip, örän dogry bellenip geçilýär.

Pespällik wezipede oturan adamlara aýratyn mahsus bolmaly. Çünki, ýolbaşçylar wezipe ygtyýarlyklarynyň çäklerinde birgiden adamlaryň ykballaryna görnetin täsir edip bilýärler. Her bir ýolbaşçynyň adam gatnaşyklaryny ahlagyň we hukugyň kadalaryna laýyklykda guramagy möhümdir.

Päli pes adam hiç bir işe onuň ähli inçe taraplaryny bilýän we düşünýän adam hökmünde girişmeýär. Özüňe aşa baha bermek bilen mesele çözülende, şahsyýetiň hüşgärligi we seresaplylygy "uklaýar", gözleri garaňkyda kimin hiç zat görmeýär. Bu häsiýetler ulumsy adamlara mahsusdyr. Olar öz hünär derejelerini yzygiderli ýokarlandyrmak barada alada etmeýärler. Şu zeýilli adamlarda bilime-ylma ymtylyş hem juda çäkli bolýar. Elbetde, şeýle çemeleşmäniň netijesinde durmuşda hem önümçilikde gödek ýalňyşlyklara ýol berilýär, nädogry netijelere gelinýär. Pespäl adam bolsa islendik işe "Ýönekeý iş ýok, her bir işiň özüne ýeterlik syrly taraplary bar, ýöne olary "äý-

nekli” görüp bolýar» diýip girişýär. Ata-babalarymyz: “Bilýändirin öýtmek bilmegiň iň ganym duşmanydyr” diýip, hak aýdypdyrlar.

Könelerimizde şeýle-de bir aýtgy bar: “Päl azman, başa bela gelmez”. Men-men diýip döşüne kakýan kişiniň durmuş ýolunda üýtgeşik gazanýan üstünligi, jemgyýetde bolsa üýşüp ýatan abraý-mertebesi ýokdur. Onuň tötänden ýetýän derejeleri hem gysga wagtlykdyr, ýagny soňsuzdyr. Ulumsy hem tekepbir adamyň durmuşda bar aladasy bir özi bolýar, jemgyýete hem peýdasy ýetmeýär diýen ýaly. Çünki, ol şahsy bähbitlerini elmydama jemgyýetçiligiňkiden ýokarda goýýar. Şu zeýilli adamlar köpbilmişlige ýol berýärler, eden işlerini hem göwünli-göwünsiz edýärler, adatça, özlerini medeniýetsiz alyp barýarlar, edepleri-de pes bolýar. Ahyrynda hem Magtymguly atamyzyň aýdyşy ýaly: “Ýaman öz pälinden tapar” diýenleri bolýar (“Sil biläni”). Şonuň üçin hem her bir ynsan tekepbirlik häsiýetinden gaça durmaly. Her kim rowaýatda aýdylýan hakykatdan özüne sapak almaly.

**Geçirimli bolmak**

***Her bir adam ynsan gatnaşyklarynda geçirimli boljak bolmaly.***

Geçirimlilik giň düşünje bolup, ol esasan, ahlak gatnaşyklarynda ýüze çykýar. Bu ýagdaý türkmençilikde maşgala agzalarynyň, şeýle hem ýakyn garyndaşlaryň arasynda giňden ýaýrandyr. Aýdalyň, dogan bilen doganyň ýa-da gaýynene bilen gelniň arasynda döreýän käbir näsazlyklar bilen bagly özara geçirimlik etmek durmuşda köp duş gelýär. Hukuk kadalaryny bozýanlar babatda geçirimlilik etmek, hukugyň dili bilen aýdylanda ýeňillikleriň berilmegi diňe kanunda bellenilen tertipde ýüze çykyp bilýär.

Kämil jemgyýetde adam gatnaşyklarynda özara geçirimlilik umumy häsiýetli alamat bolmaly. Haçan-da beýik hytaý akyldary Konfusiden ömrüň dowamynda asuda we abadan durmuşy üpjün edip biljek güýji bir sözde aňlat diýenlerinde ol ýöne ýerden geçirimliligi agzan däldir. Elbetde, mundan-da başga düşünişmek, kyn günüňde bir-biriňe ýardam bermek, azaşany dogry ýola salmak, şeýle hem beýleki birnäçe ahlak kadalary agzybir jemgyýeti gurmagyň ygtybarly ýol-ýörelgeleri bolup durýar.

Ata-babalarymyz: “Ýagşylyga ýagşylyk her kişiniň işidir, ýamanlyga ýagşylyk är kişiniň işidir” diýen dana pähimi döredipdirler. Dogrudan hem, eger-de ýamanlyga ýamanlyk bilen jogap beriljek bolsa, onda seniň şol etmişli bendeden tapawudyň nämede?! Ýokary ahlakly perzent ata-enesiniň kyn gününde özüni keseki adam ýaly alyp barmaly däldir. Şu hakykata hemmäň anyk göz ýetirmegi gerek, her kim eden günäsi üçin täk özi jogap berýändir, ýagny atalar pähiminde aýdylyşy ýaly “goýnam öz aýagyndan asýandyrlar, geçinem”. Ynsan adatdan daşary ýagdaýlar bolaýmasa, geçirimlilik etmäni başarmaly. Geçirimlilik beýiklikden, mähremlikden, danalykdan nyşandyr. Eždatlarymyz hem: “Geçirimliniň işi şow” diýip, nesillerine öwüt-ündew edipdirler, olary geçirimli bolmaga çagyrypdyrlar.

**Her bir meseläni maslahatlaşyp çözmek**

***Gündelik durmuşda ýüze çykýan herki jemgyýetçilik ähmiýetli we düýpli şahsy meseleleri maslahatlaşyp çözmäge çalyşmaly.***

Türkmeniň taryhy ösüş ýolundan görnüşi ýaly, biziň jemgyýetimiz elmydama ewolýusion ýol bilen özgerdilipdir. Ata-babalarymyz jemgyýetçilik ähmiýetli meseleleriň çözgütlerini durmuşa ornaşdyrmazdan ozal, olary hemmetaraplaýyn öwrenipdirler, synagdan geçiripdirler, diňe şondan soňra olara ak pata beripdirler. Bu ýol türkmenlere göz öňünde tutulmadyk jemgyýetçilik dartgynlygyny, adaty däl ýagdaýlary, heläkçilikli hadysalary aradan aýyrmaga we ýeňip geçmäge hemişe ýardam berip gelipdir. Halkymyzyň mentalitetine düýpli ornaşan “Maslahatly biçilen don gysga bolmaz”, “Ýedi ölçe-de, bir kes” we beýleki türkmen pähimleri ewolýusion ösüş ýolunyň gadymylygyny hem-de netijeliligini subut edýär.

Taryhyň sahypalaryndan aýandyr, haçan-da maddy gymmatlyklaryň we harby güýçleriň çözüp oňarmadyk işlerini akyl-paýhas meýdançasy bolan maslahatlarda netijeli çözülenliginden. Häzirki döwürde döwlet Baştutanymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisleri yzygiderli geçirilýär. Beýleki halklaryňkydan tapawutlylykda, Türkmenistanyň Halk Maslahaty türkmen halkynyň döwlet-jemgyýetçilik gurluşynda özboluşly milli institut bolup durýar. Türkmen halkynyň ähli gatlaklarynyň wekilleriniň

maslahatlara gatnaşmaklary il-ýurt bähbitli oňyn çözgütleriň kabul edilmegine ýardam edýär.

Maslahatlaşmak herki meselede dogry we ygtybarly çözgüt kabul etmäge mümkinçilik berýär. “Diňe jedelde hakykat ýüze çykarylýar” diýen ýerlikli pähimem bar. Durmuşda maslahata barylýan adamynyň seljerilýän mesele babatda ýeterlik ýörite nazary bilimleri hem-de baý durmuş tejribesi bolmaly. Bulardan başga-da, maslahat berýän ýokary ahlakly, ilçilikde hormat-sylagdan peýdalanýan abraýly adam bolmaly.

Tejribeden görnüşi ýaly, hakykatdan hem, maslahatlaşyp edilen iş hökman oňyn netije berýär, ökünmelem bolmaýar. Onsoňam maslahatlaşman bir iş edilse, olam şowuna bolmasa, sen hökman gepe galýarsyň. Eger-de şol iş maslahatlaşyp edilen bolsa, olam paşmadyk bolsa, hiç kim seni günäli hasaplamaýar. Eždatlarymyz hem: “Geňeşsiz işiň puşmany köp” ýa “Geňeşsiz – iş, lezzetsiz – aş” diýip, örän ýerlikli aýdypdyrlar.

Maslahatly iş çözmek tejribesiniň herki döwürde we her bir halkda wajyp ähmiýete eýe bolandygyny Gündogaryň tanymal hökümdarlarynyň biri bolan parasatly Teýmirleňiň nesillerine eden sargytlaryndan hem görmek bolýar. Hususan-da, ol: “Ähli eden işimiň dokuz bölegini geňeş, dürli çäre, maslahatlaşmak bilen ýerine ýetirdim” diýip, dowamatlaryna her bir meseläni maslahatlaşyp çözmekligi wesýet edip gidipdir (“Hökümdaryň hekaýatlary”).

**Ýagşy umytda bolup ýaşamak**

***Her bir adam elmydama ýagşy umytda bolup ýaşamaly, arzuwlaryna ýetmek üçin yhlasly göreşmeli.***

“Ýagşy niýet – ýarym döwlet” diýen pähimden ugur alnanda, gowuluklary arzuw etmek rowaçlykdan hem bagtyýarlykdan nyşandyr. Ýokary ahlakly adam niýetini elmydama ýagşy zatlara gönükdirýär, başgaça aýdylanda, pälini dogry tutup gezýär. Şahyr G.Ezizow: “Oňarsaň, oňat tut köňlüňde päli, oňarsaň, bar zady oňatlyga ýor” diýip, örän dogry wesýet edipdir (“Uzak ýaýlada enäniň hüwdüsi”).

Her bir ýagşy umytda gezýän ynsan hemişe şu hakykatdan ugur almaly. Seniň azap çekip, der döküp ýetýän her bir üstünligiň şol bir

wagtda jemgyýetede hem peýda getirmelidir. Durmuşda diňe şeýle ýol bilen şahsy we jemgyýetçilik bähbitleriniň sazlaşygyny gazanyp bolýar. Peýdaly başlangyç hökman niýetlenişi ýaly hasylam bolýar, ýagny hemmäni rysgal-döwlete, arzuwly durmuşa ýetirýär. Mysal üçin, kämil ahlakly çagalary terbiýeläp ýetişdiren ata-eneler perzentlerine diňe bir özleri däl, eýsem il bolup guwanýarlar. Bu çagalar maşgalasyna-da, jemgyýete-de diňe abraý-üstünlik getirýärler, özleri-de erkana durmuşyň hözirini görüp ýaşaýarlar.

Ýaman zatlary ýüregiňe düwmek göriplikden hem bahyllykdan nyşandyr. Bu häsiýetler ynsany adamkärçilikden aýyrýar. Jemgyýet şu zeýilli adamlara durky bilen garşy çykmalydyr. Şeýle gylykly adamlara “Niýetiňiz - päliňiz ýoldaşyňyz bolsun!” diýmek ýeterlik däl, olar berk ýazgarylmaga degişli. Bir çelek baly bir damja awynyň zäherläp bilşi ýaly, ýaramaz niýetli adam birnäçe adama bir pursatda zyýan ýetirip biler. Şoňa görä-de, türkmen jemgyýetinde ýaşlykdan çagalara diňe ýagşy zatlary arzuw etmeklik ündelýär.

Ýagşy arzuwlar hem amallar aýrylmaz bitewülikdir, olaryň biri beýlekisinden gelip çykýandyr, ýagny amallar niýetlere görä diýlenidir. Işjeňlik görkezmän, ýöne ýatan ýeriňden ýagşy niýet edeniň bilen arzuwyňa ýetjek gümanyň ýokdur. Ýagşy arzuwdyr hyýallar çuňňur akyl-paýhasa eýerýän yhlasly zähmetiň netijesinde hasyl bolýandyr. Magtymguly atamyz bu hakykaty: “Hyýal bir iş bitirmez, gola närse getirmez” diýip düşündirýär (“Owazym”).

Durmuşda ýagşy arzuwlar hem amallar seni eşretli günlere ýetirýär, ýaman niýetler hem amallar bolsa päliňe görä “hasyl” berýändir. Ýere arpa tohumy taşlanyp, bugdaý dänesi alynýan däldir. Kalbyňda ýagşy hyýallara atlanyp, peýdaly amallar bilen bolmaly, maksadyňa ýetmek üçin ýürekden dalaş etmeli. Seniň diýeniň çykmadymy, ruhdan düşmän, ýagşy arzuwlar ugrunda göreşi dowam etdirmeli. Onda-da bolmadymy, lapykeçlige ýol bermän, başga bir tarapa sowulmaly, durmuş giňişliginde ýagşy arzuw-hyýally ýoldur ýodalar kändir, ykbalyň yzyna sabyrly düşübermeli. Ýagşy niýet hem dogry amallar ahyrynda adamyny garaşýan bagtyýar durmuşyňa ýetirer. Hawa, atalar pähiminde hem: “Umytly guş Käbä ýetmiş” diýilýär.

Ynsan tebigatyň her bir eçilen gününi ýagşy arzuw-hyýallar bilen garşylap, haýyrly işler bilen meşgul bolmaly, ýagny ruhubelentlik bilen ýagşy niýetlerini durmuşa geçirmäge ýürekden dalaş etmeli. Özüň, maşgalaň, jemgyýet üçin gündelik etmeli işleriňi meýilleşdirmeli. Ýalta adam iş etmegiň deregine elmydama bahana gözläp gününi geçirýär ýa-da ugruny tapsa, şol işi başgalaryň üstüne atmaga çalyşýar. Tabşyrylan işi ertä goýýan adam jogapkärsizdir, durnuksyzdyr, oňa çynlakaý meselede bil baglap bolmaz.

**Ahlaksyz hereketleriňden utanmak**

***Her bir adam özüniň ahlaksyz hereketlerinden utanmaly, olaryň gaýtalanmagyna ýol bermejek bolmaly.***

Türkmen jemgyýetinde her bir adama ýalňyşlaryna düşünip puşman etmäni, utanç-haýaly bolmany ýaşlykdan öwredilýär. Bu ýerde esasy talap hem şahsyýetiň öz ahlaksyz hereketlerine diňe bir düşüneni we olardan utanany ýeterlik däl, mesele şol hereketleriň mundan buýana gaýtalanmagyna ýol berilmezligindedir. Şoňa görä-de, her bir ynsan oýlanyşyksyz hereketlerden daşda durjak bolmaly, seresaplylygy we hüşgärligi elden bermeli däl, ýogsam “Soňky tüýkülik sakgal ezmez” diýenleri bolýar. Magtymguly akyldaryň aýdyşy ýaly: “Akmak özün akyl bilen deň eýlär, bir iş tutar, soňrasyndan aň eýlär” etmeli däl (“Joşy ýandyrar”).

Her bir şahsyýet özbaşdak, şeýle hem bütin jemgyýet bilen bilelikde ýokary ahlaklylygy, ahlaksyz etmişlerden utanmaklygy halkyň döwrebap mentalitetine öwürmek üçin ähli zerur tagallalary etmeli. Şu ýerde biziň her birimiziň “Ýalňyşyňa düşünmek – zeleliň ýarsyndan gaýtmak” diýen pähime uýmagymyz, öte wajypdyr. Şeýlelikde, utançly-haýaly bolmak kämil ahlaklylygyň binýatlaýyn esaslarynyň biri bolup durýar. Utanç-haýa ynsany bir giden ahlaksyz we bikanun hereketlerden saklanmagyna getirýär we ony dogry ýola ugrukdyrýar.

Gündogaryň ahlagynda utanç-haýa ynsany erbetliklerden saklaýar, şonuň üçin hem utanç-haýa adamdaky ähli häsiýetleriň şasydyr diýip aýdylýar. Şundan ugur alyp hem musulman dünýäsinde utançhaýaly ynsana biçak ýokary ahlakly adam hökmünde baha berilýär.

**Il-günüňe ýagşylyk etmek**

***Her bir adam il-gününe ýagşylyk etmegi adamzat ýaşaýşynyň baş wezipesi hasaplap, bu ugurda anyk işleri amala aşyrmaga çalyşmaly.***

Ynanylan işi ýa-da wezipe-borçlaryňy ak ýürekden ýerine ýetirmek, jemgyýetde kösenýänlere goltgy bermek, mätäçlere kömek etmek her bir ynsanyň esasy ahlak-hukuk borçlarynyň biri bolup durýar. Il-günüňe ýagşylyk açyk göwünden, ýagny hiç hili şahsy bähbit gözlemezden we eden işiňi diliňe çolap ýörmezden edilmeli. Ýöne ýerden: "Ýagşylyk et, derýa at, balyk biler, Balyk bilmese, Halyk biler" diýilmeýär. Diňe şu ýagdaýda onuň sogaby bar. Sogaplaryň bolsa, seniň geljekki üstünlikleriň, bagtyýar durmuşyň ygtybarly binýadydyr.

Türkmeniň taryhynyň ähli döwürlerinde hem ýagşylyk edýän adamlar mynasyp sylag-hormata eýe bolupdyrlar. Muny ata-babalarymyzyň döreden dana pähimlerinden hem görmek bolýar. Eždatlarymyz: "Bir ýagşylyk müň belany gaýtarar" ýa "Ýagşylyga ädilen ädimde müň sogap bar" diýip, nesillerini il-güne ýagşylyk etmeklige çagyrypdyrlar. Magtymguly atamyzyň döredijiliginde hem şu meselä aýratyn ähmiýet berilýär. Mysal üçin, "Alkyşy köp alsaň, işiň oň bolar" ("Gara reň bolar") ýa-da "Saýa bolar mätäçlere nan berseň, bir aja nan bermek haçdyr, ýaranlar" ("Keçdir, ýaranlar").

Öňe sürülýän filosofiýa Gündogaryň medeniýetiniň içinden hem eriş-argaç bolup geçýär. Mysal üçin, şeýle pikirler aýdylýar: "Her kim bir ýagşylyk-sogap iş etse, oňa on esse edip gaýtarylar" ýa "Eger ýagşylyk etseňiz, özüňiz üçin ýagşylyk edýärsiňiz". Hatda, ýamanlyk eden adamlara hem ýagşylyk etmeklik ündelýär, sebäbi ol adamyny günälerinden saplaýar diýen çuň manyly filosofik garaýyş bar. Musulman dünýäsinde: "Ýagşylyk, misli sabynyň donuň kirini ýok edişi dek günäni ýok edýär" diýip düşünilýär. Umuman, ýagşylyk jogapsyz galdyrylmaýar, ýatdanam çykarylmaýar, onuň hasabam dürs ýöredilýär, iki dünýäňe-de delalaty köpdür. Könelerimiz ýöne ýerden: "Altyn ýerde ýatmaz, ýagşylyk ýolda" diýen däldirler.

**Abraý-mertebe üçin ýaşamak**

***Her bir adam bütin ömrüniň dowamynda başga zatlara kowalaşman diňe abraý-mertebe diýip ýaşamaly.***

Ata-babalarymyz abraý-mertebe meselesini elmydama üns merkezinde saklapdyrlar. Türkmenleriň taryhyny yzarlasaň, olar abraý-mertebe üçin barja zatdan geçýän ekenler. Taryhymyzyň pajygaly ýyllaryndan belli bolşy ýaly, türkmenler Watan, abraý-mertebe, ar-namys üçin şirin janlaryny orta goýmandyrlarmy?! Diňe abraýa dalaş edýän adam ar-namysly bolup bilýändir we Watanyna ygtybarly gulluk edýändir.

Edebi we taryhy çeşmeler şaýatdyr, owal-ahyr ýer ýüzüniň iň tanymal tüçjar baýlarynyň hem bakyýet dünýesine mal-baýlygyny, zer-hazynasyny äkidenleri ýokdur. Magtymguly Pyragy hem "Halal, haram – ýygan malyň, soňra senden galajakdyr" diýip, halka zemin ýaşaýşynyň soňuny saýmaklygy ündäp geçipdir ("Alajakdyr"). Ynsan arassa-halal zähmetiňe berlenine şükür edip ýaşamany başarmaly. Hiç kim rysgalyna goýberilenden artyk alyp bilmez. Nädogry, ýagny ahlaksyz-bikanun ýollar bilen gazananlaryň üçin bolsa, iki dünýäde hem soragy bardyr. Şu häsiýetli adamlary göz öňünde tutup, Seýdi şahyr: "Nebsi daşsa, aýrar akyldan, huşdan, ol nebsi-şeýtany uran ganymat" diýip, terbiýeçilik äheňde wagyz-ündew eden bolmaly ("Döwran ganymat").

Ýokarda beýan edilenleri tassyklaýan bir rowaýata ýüzleneliň. Rowaýata görä üç dost eslije gyzyl tapýarlar. Begençlerine oturyp nahar-şam edinmekçi bolubam, içlerinden birini bazara iýmek-içmek üçin zat getirmäge ugradýarlar. Oljaň goragynda galan iki dost altyny özara paýlaşmak barada dilleşip, üçünji dostlaryny öldürmeli diýen karara gelýärler. Bazara gideniňem nebisi oýanyp, men bularyň naharyna awy goşsam, bar baýlyk maňa galar diýip ýaman hyýala münýär. Dostlary nahar alyp gelende, beýleki ýoldaşlary ony taýak bilen urup öldürýärler, soňam nahar iýmäge oturýarlar. Şeýlelikde, bularyň üçüsi-de baýlyk üstünde nahak heläk bolýarlar ("Ajaýyplyklaryň düri". sah.14-15).

Adam baýlyga, wezipä we ynsan ömri bilen geçýän beýleki zatlara kowalaşman, dowamaty ýüzýyllyklara uzap bilýän abraý-mertebe üçin ýaşamaly. Şondan gymmatly hem beýik zat ýalançyda ýokdur. Eždatlarymyz: "Maly giden garyp däl, abraýy giden garyp" diýip,

juda ýerlikli belläpdirler. Her bir ynsan çagasy diňe abraý-mertebäniň gözleginde bolmaly, onuň ugrunda çynlakaý göreşmeli. Ýol sökmelem bolsa, der dökmelem bolsa, kynçylyklara döz gelmelem bolsa, hiç ýaýdanmaly däl.

Gündogaryň medeniýetinde şu babatda: “Atly-abraýly bolmak derejeden, wezipeden belentdir” ýa “Adam dört zatdan serhoş bolup biler: şerapdan, ýaşlykdan, baýlykdan we wezipeden” diýmek bilen, ynsanlary pany dünýäniň wagtlaýyn aýşy-eşretlerinden seresap we hüşgär bolmaklyga çagyrýar. Şu sanawa gaharam goşmak ýerliklidir. Çünki, “gahardan serhoş” adam durmuşda köp ýalňyşlyklara ýol berýär. Ýöne ýerden ata-babalarymyz “Gahar öňden ýörär, akyl – yzdan” diýen däl bolmaly.

Zemine “myhmançylyk döwrüň” tamamlanandan soň, seni ötegçi hökmünde diňe abraý-mertebäň, görnükli eden işleriň boýunça ýatlaýarlar, ruhuna barsyn diýip doga-dilegler edýärler. Şu filosofiýadan ugur alynsa, onda abraý-mertebe hakykatdan hem ömrüňi bagyş etmeli gymmatlyklardyr. Adamzat taryhynda öňde-soňda şu garaýşy tassyklaýan subutnamalar ýeterlikdir. Müň ýyl mundan öň ýazylan we häzirki döwürde hem meşhurlygyny ýitirmän gelýän Kowusnama kitabynda: “Abraý-at bilen ölmek ýaman atly ýaşamakdan ýagşydyr” diýen pikir geçýär (“Kowusnama”, sah. 90). Yşk mülküniň şasy hasaplanýan Mollanepes şahyr hem: “Kyrk ýyl maýa gezinçäň, bütin bir ýyl ner gezgin” diýip, kowumlaryna wesýet edýär (“Ner gezgin”).

Şu mesele bilen bagly garaýyşlary belli alym Robin S. Şarmanyň şu jaýdar aýdan pikiri bilen jemläliň: “Biz dünýä inenimizde aglaýarys, dünýä bolsa ýene bir ynsanyň doglanyna begenýär. Ýagty jahany terk edenimizde biz begenip gider ýaly, dünýä bolsa biziň ölümimize gynanar ýaly derejede ýaşalyň!” Dogrudan hem, arassa-halal ýagdaýda il-günüňe peýdaly adam bolup ýaşap, Jennet sary ýola rowana bolan adam üçin gynanmaga esas ýokdur.

**Saglygyň barada alada etmek**

***Her bir adam saglygy barada gündelik alada etmeli.***

Saglyk ynsanyň zemin ýaşaýşynyň ähli üstünlikleriniň gözbaşydyr. Ýöne ýerden atalar pähiminde “Saglygym – baş baýlygym”

ýa-da “Baýlygyň sakasy – saglyk” diýilmeýär. Elbetde, kesellemeýän adam bolmaz, esasy mesele her bir derdiň dermanynyň bolmagyndadyr. Musulman dünýäsinde dogry nygtalyşy ýaly, saglygyň gadyryny hassa bolmazdan öňünçä bilmegiň zerur. Munuň üçin adam öz saglygy barada gündelik alada edip gezmeli, ynsanyň saglygynyň onuň uzak ömür sürmekliginiň kepili bolup durýandygyna düşünmeli. Magtymguly akyldar şu babatda şeýle aýdýar: “Jan saglygyň bolmaz hiç deňi-taýy, agşam ýatyp, ertir şükrüň kyl ýagşy” (“Mal ýagşy”).

Saglygy barada gündelik alada edýän adam durmuşda şu ýörelgelere hökman eýermeli**:** spirtli içgilerden we narkotik serişdelerden daşda durmaly we bedenterbiýe ýa-da sportuň dürli görnüşleri bilen meşgul bolmaly; bedenini, egin-eşigini, ýaşaýan jaýyny we işleýän ýerindäki otagyny elmydama arassa-tämiz ýagdaýda saklamaly; wagtynda we dogry iýmitlenmeli; ukusyny doly almaly; beýnisine çakdan aşa agram salmaly däl, arassa howada köp bolmaga çalyşmaly.

Ýurdumyzda ýokarda beýan edilenleri doly göz öňünde tutýan “Saglyk” döwlet maksatnamasy hemişelik esasda hereket edýär. Maksatnamanyň talaplaryny doly we giňişleýin durmuşa geçirmek boýunça ýörite meýilnamalar işlenip düzülýär. Iň esasy guwandyryjy zat hem bu ugurda alnyp barylýan işleriň dünýä ülňüleriniň talaplaryna laýyklykda döwrebap kämilleşdirilip durulmagydyr.

**Hassanyň halyny soramak**

***Ýarawsyz garyndaşlaryň, dost-ýarlaryň halyndan yzygiderli habar alyp durmaly, olaryň haýyş-isleglerini tiz bitirmäge çalyşmaly.***

Ata-babalarymyzyň döreden dana pähiminde: “Hassa soramak adat, hal soramak medet” diýilýär. Durmuşdan belli bolşy ýaly, hassadan habar tutulanda onuň derdi ýeňleýär we göwni giňeýär, ol bimöçber ruhy goldaw tapýar. “Şu keselden açylanlaryň bardygy barada okadym ýa-da eşitdim” diýip tanymal lukmanlar ýa-da täsirli dermanlar barada gürrüň berlende, munuň özi hassanyň şükranalygyny bekedýär, onuň kesel bilen göreşmäge güýç-kuwwatyny artdyrýar.

Hassa soralanda onyň tiz sagalmagy üçin şu doga-dilegler edilýär: “Tiz aýak üstüne galaweriň!”, “Emgek bolup aýrylsyn!”, “Aman-sag bäri bakaweriň!”, “Ahyry haýyr bolsun!”. Onsoňam her bir adam syr-

kaw soramanyň edebini berk berjaý etmeli, ýagny onuň ýanynda uzak eglenmeli däl, köp gürlemeli däl, ýerliksiz degişmeli ýa-da gülmeli däl we käbir beýleki oňlanylmaýan hereketlerden saklanmaly.

Hassa haldaky adamyny gören öz saglygy barada hem çynlakaý oýlanyp ugraýar, saglygy barada yzygiderli alada etmelidigine göz ýetirýär. Şol pursatdan hem agyryp-ynjaýan ýerleri barada lukmanlar bilen maslahatlaşyp, bejergi işlerini geçirip başlaýar.

Şerigatyň kadalaryna görä, syrkawyň halyny sorap durmak ynsanyň ahlak borjy hasaplanýar we munuň üçin oňa kän sogaplar bagyş edilýär, şeýle hem agzalan kadalarda hassanyň ýanynda geçirilen wagtyň adam ömrüne goşulmaýandygy aýdylýar.

**Dogry naharlanmak**

***Her bir adam dogry naharlanmagyň edebini berjaý etmeli:***

– nahardan öň we soň elleriňi ýuwmaly, nahardan soň dişlerini arassalamaly;

***– nahary ýerde ýa-da stoluň başynda oturyp iýmeli;***

***– nahary gyzgyn iýmeli we çaýy gyzgyn içmeli däl;***

***– nahary artyk iýmeli däl;***

***– nahar köplük bolup iýlende, bileräk turmaly;***

***– nahar başyndakylaryň ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutmaly.***

Görşümiz ýaly, naharlanmagyň özboluşly edebi bar. Ýokarda beýan edilen kadalar bilen baglanyşykly ata-babalarymyz birnäçe pähimleri döredipdirler. Mysal üçin, “Nahardan öň elini ýuwmadyk özüni sylamaz, nahardan soň elini ýuwmadyk – iýen duzuny”, “Az iýen – arassa, köp iýen - hassa”, “Iýeniň – az, saglygyň – saz” we başgalar.

Naharyňy gyzgyn iýmek we çaýy gyzgynka içmek aşgazan kesselleriniň döremegine getirip bilýär. Uly ýaşdaky adamlara nahary kän iýmek ýa-da süýji, ajy, duzly zatlary köp iýmek olaryň saglygyna ýaramaz täsir edýär.

Gündogaryň medenýetinde bulardan başga-da ynsanlara şular sargyt edilýär: nahary sag eliň bilen iýmek; nahardan soň doga-dileg etmek; nahary ýassanyp ýa-da ýatyp iýmezlik. Nahary dik duran ýeriňden iýmek hem dürs görülmeýär. Onsoňam, ýaş aýratynlyklaryna garamazdan, nahary çakdan aşa köp iýmek ahlaksyzlykdan nyşan hasaplanýar.

**Şükürli-sabyrly bolmak**

***Her bir adam özüniň herki durmuş ýagdaýyna şükür etmeli hem sabyrly bolup ýaşamaly.***

Türkmenler islendik döwürde hem kanagatly bolmaga çalşypdyrlar, herki gününe şükür edipdirler, sabyr bilenem ýagşylyklara garaşypdyrlar, elmydama ýagşy doga-dilegde bolupdyrlar. Könelerimiz şükürli-sabyrly bolmak ýöne dil ujundan aýdylman, hökman adamyň hereketlerinde ýüze çykmaly diýip düşünipdirler. Şükürli bolmak kanagatly bolmakdyr, betnebislige ýol bermezden, şu günki günüňe hem-de rysgalyňa berilýänine kaýyl bolup gezmekdir. Gadymy rowaýatlaryň birinde aýdylyşyna görä, bir bende aýakgabym ýok diýip zeýrenip duran halyna aňyrdan bir aýagy ýok adamyň pişekli gelýänini, onuň aňyrsyndan bolsa iki aýagy ýok adamyň elleri bilen oturan tigirçegini itekläp gelýänini görýär we öz gününe şükür etmelidigine düşünýär. Ynsan ömrüniň asyl many-mazmunyna baha bermek bilen, G.Eziziow öz şahyrana setirlerinde: “Bu dünýäňe mahsus ähli zatlaryň senden sowlup geçmeýänne şükür et” diýip, adamlara şahsy durmuşynda şükürli bolmaklygy wesýet edipdir (“Söýüň çagaňyzy”).

Sabyrly bolmak diýmek ykbalyňda duş gelýän kynçylyklara mertlerçe döz gelip, olar bilen çynlakaý göreşmekdir, şeýle ýol bilen arzuwyňa ýetmekdir. Durmuşda azapsyz üstünlige ýetilmeýär. Eždatlarymyz sabyrlylyk babatda şu dana ýörelgelere eýeripdirler: “Sabyrlylyk haýra getir, bisabyrlyk şere ýetir”; “Sabyr – müşgil işleriň açarydyr”. Seýdi şahyr aýtmyşlaýyn: “Sabyr bilen biten işler düz bolar” (“Ýaz bolar”). Türkmenler ýokarda beýan edilen dana pähimlere uýup ýaşaýarlar.

Mümkin ahlaksyz, bikanun ýollar bilen ýaşaýyş şertleriňi gowulandyryp bolar, ýöne munuň özi binýatsyz jaý galdyran ýalydyr, ygyň ugruna gatyrak şemala hem gaýdyberer. Umuman, ahlaksyz hem bikanun ýollar bilen ýetilen üstünlikler gorkulydyr, soňunyň nireden çykjagy we näme bilen gutarjagy belli däldir. Arassa-halal ýol bilen gazanylmadyk netijeleriň ygtybarsyzdygy, wagt babatda çäkliligi hakdyr, özi-de adamzat taryhynda nijeme gezek subut bolandyr. Şu

hakykatdan ugur alyp, Magtymguly akyldar: “Bu dünýä mülkünde soltandyr, şadyr, kysmatyna kaýyl bolsa adamzat” diýip, aýdan bolmaly (“Adamzat”).

**Gybatdan daşda durmak**

***Özüne hormat goýýan adam gybat etmeli däl, gybaty diňlemelem däl, gybat edýäne-de ýol bermeli däl.***

Ata-babalarymyz gybatyň ahlaksyzlygy bilen bagly birnäçe paýhasly pähimleri döredipdirler. Olaryň ählisinde hem ynsan gatnaşyklarynda gybat etmek häsiýetiniň howply-hatarlydygy ündelýär. Mysal üçin: “Gybat duşman artdyrar, zähmet – dost”, “Hakykat egiler, töhmet döwüler” we başgalar.

Çybatçy – başga biri barada keseden gürrüň ýaýradyp ýören adamdyr. Edilýän gürrüň hakykat bolsa, ol gybat bolýar, hakykat bolmasa - töhmet hasaplanýar. Musulman dünýäsinde: “Eşiden zadyňy ile aýdyp ýörmek ýeterlik günädir” diýilýär.

Gybatkeşi ýanyňa getirmeli däl, gepinem diňlemeli däl, başarsaň, onuň agzyny ýumdurmaly. Gybaty eden bilen ony diňläniň jogapkärçiligi deňdir. Magtymguly akyldar: “Diliňi saklagyl kesgir gybatdan, möminleri Hak saklasyn töhmetden, günähiň agyrdyr çeke bilmez sen” diýip, kowumlaryna gybat etmezligi sargyt edipdir (“Çyka bilmez sen”).

**Göriplik we bahyllyk etmezlik**

***Özüne hormat goýýan adam göriplikdir bahyllyk etmeli däl, şeýle häsiýetli adamlary bolsa, ýazgarmaly.***

Durmuşda göriplikdir bahyllygyň ýüze çykmalary elhenç ýagdaýlara eltip bilýänligi sebäpli, bu ýaramaz häsiýetleri ähli döwürlerde hem-de ähli halklarda ýazgarypdyrlar. Şonuň üçin hem göriplikdir bahyllyk türkmenlerde iň ýigrenilýän ynsan häsiýetleri hasaplanýar. Her kim oňardygyndan şu zeýilli adamlardan daşda durmaga we olaryň ahlaksyz hereketlerine garşy çykmaga çalyşmaly. Bu iki ýakyn “gardaşyň” keşplerinde meňzeşlikler juda kän. Olaryň ikisi-de: gysganç, husyt, päli ýaman, nebisjeň, utanç-haýasyz, ýalançy, diňe özüni bilýän, dawaçyl, özdiýenli, rehimsiz, aňsat eklenç gözleýän, gybatkeş, namart, gorkak, hemmäň özünden pesde bolmagyny isleýän, başga

biriniň bagtyýar durmuşyna we üstünliklerine guwanyp bilmeýän, umuman, edepsiz hem medeniýetsiz adamlardyr.

Magtymguly atamyz hem öz döredijiliginde şu häsiýetli adamlary ýazgaryp gelipdir. Mysal üçin, "Dünýäde bahylyň ýüzüni görme, aş bilen nanyňy alyşyp berme" ("Malyna degmez") ýa-da "Nebsiňi yzzatlap, şeýtana uýsaň iman bilen abyraýdan daş goýar" ("Gyş goýar"). Eždatlarymyzam şu pisint adamlary näletläpdirler. Mysal üçin, "Göribiň garny dok bolsa-da, gözi aç", "Bahyldan daş sorandan, jomartdan aş sora" ýa-da "Bahylyň jaýy jähennem, sahynyň jaýy jennet" we başgalar.

Jemgyýet görip we bahyl adamlary ýazgarmaly, olaryň garşysyna wagyz-ündew işleriniň ähli görnüşlerini ulanmak bilen göreşmeli. Türkmençilikde ir döwürlerde-de telek iş edýän adama "Niýetiňi-päliňi düzüw tut!" diýip, ony dogry ýola salmaga çalşypdyrlar. Bu tejribe şu günlerde hem üstünlikli dowam etdirilýär.

**Adalata esaslanmak we adyl bolmak**

***Her bir adam, ilki bilenem wezipeli adam, döwlet gullukçysy islendik çözgüdinde adalata esaslanmaly hem-de adyl bolmaly.***

Çözgüdiň adalatly bolmagy durmuşda käbir ýagdaýlara bagly bolup durýar. Birinjiden, jemgyýetde kanunlaryň hökmürowanlygy üpjün edilmeli, ýagny kanunlar hemme zatdan ýokarda tutulmaly, ikinjiden bolsa, jemgyýetiň aglaba bölegi kämil ahlakly adamlar bolmaly. Eger-de, jemgyýetde kanunlar doly güýjünde işlemese, döwrüň talaplaryndan yza galsa ýa-da adamlaryň ahlagy pes bolsa, onda adalatly çözgüdiň çykarylmagyny gazanmak we adalat jemgyýetini berkarar etmek juda kyn wezipä öwrülýär.

Biziň ýurdumyzda kanunlaryň milliligimize we halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyk gelmegi bilen kanunyň hökmürowanlygyna, adalatyň ýaýbaňlanmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Şonuň üçin hem döwletde kanunlaryň işlemegi üpjün edilmeli we islendik meselede hemmä gyradeň garalyp, jedel diňe hakykata esaslanyp çözülmeli. Görşümiz ýaly, ata-babalarymyz ýöne ýerden: "Hakykat – altyndan gymmat" diýmändirler. Gündogaryň medenýetin-

de hem islendik “hököm” çykaryja dawagärleriň ikisine-de deň garamak we deň derejede hak-hukuk bermek ündelýär.

Has anyk aýdylanda, adalatly bolmak diýmek hakykata esaslanyp kyn gündäkilere we hemaýat-goldawa mätäç adamlara penakär, hossar, howandar bolmak diýmekdir. Şu nukdaýnazardan adalat ýörelgesine eýermeklik ýolbaşçy işgärlere, onsoňam maşgalabaşylara aýratyn mahsus bolmalydyr.

**Ynsanperwerlik ýörelgesine eýermek**

***Döwlet, jemgyýet, her bir şahsyýet durmuşda elmydama ynsanperwerlik ýörelgesine eýermäge çalyşmaly.***

Türkmenler her bir döwürde hem adam hakyndaky aladany jemgyýetiň baş wezipesi hasaplapdyrlar. Şol sebäplem ynsanperwerlik halkymyz üçin aýratyn mahsus häsiýet bolupdyr, özi-de diňe bir ýurduň içeri syýasatynda däl, eýsem onuň daşary syýasatynda hem giňden ulanylypdyr. Hormatly Prezidentimiziň “Döwlet guşy” romanynda Berdimuhamet aga türkmen häsiýetiniň aýratynlyklary barada öz şahsy ýatlamalarynda: “Biziň ata-babalarymyz öz döreden döwletleriniň çäklerinde ýaşaýan gaýry halklary, dini başga adamlary hiç haçan gyrakladan, kemsiden däldir. Tersine, türkmenleriň anyk ýörelge edinýän parahatçylyk söýüji syýasaty, adalatlylygy, ynsanperwerligi olara orta asyrlarda Aziýanyň, Gündogar Ýewropanyň we Demirgazyk Afrikanyň ähli künjeklerinde köp-köp ululy-kiçili döwletleri, şol sanda beýik soltanlyklary gurmaga kömek etdi” – diýip buýsançly belleýär (sah.231).

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ähli Döwlet maksatnamalarynyň binýadynda raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini we derejesini gyşarnyksyz ýokarlandyrmak wezipesi durýar. Özgertmeleriň sosial ulgama gönükdirilmeginiň özi adamlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesine we saglygyna oňyn täsirini ýetirýär. Şäherlerde we obalarda döwrebap ýaşaýyş jaý toplumlarynyň emele gelmegi, şeýle hem täze gurlup ulanmaga berilýän, dünýäniň ylymda we tehnikada iň soňky gazananlary bilen enjamlaşdyrylýan medeniýet, lukmançylyk we sport-sagaldyş merkezleri, şypahanalar, okuw mekdepleri we mekdebe çenli çagalar edaralary, ilat üçin niýetlenen

goşmaça iş orunlary – bular entek ýurdumyzda adam hakynda edilýän ynsanperwer häsiýetli aladalaryň hemmesi däl. Şu ugurda döwlet derejesinde kabul edilýän maksatnamalaryň giň toplumynyň bolmagy hem türkmen jemgyýetinde adam aladasynyň bimöçberliginden habar berýär. Bilşimiz ýaly, Türkmenistan döwleti serhetýaka goňşy döwletler babatda hem ynsanperwer syýasatyny alyp barýar. Munuň şeýledigini biz bu döwletlere yzygiderli edilýän ynsanperwer häsiýetli kömeklerden hem görýäris.

Jemgyýet bilen şahsyýetiň arasyndaky gatnaşyklar ynsanperwerlik ýörelgesine eýermeli, özi-de hemişe ikitaraplaýyn häsiýete eýe bolmaly. Diňe şu şertlerde ynsan gatnaşyklarynda özara ynsansöýüjilik, rehim-şepagat, haýyr-sahawat, mähremlik, duýgudaşlyk ýüze çykyp bilýär. Döwlet we jemgyýet ynsanperwerlik syýasatyny yzygiderli wagyz-ündew edip durmaly, bu meselede anyk işleriň üsti bilen hemmeler üçin görelde mekdebi bolmaly.

**Paýhasly hereket etmek**

***Her bir adam islendik durmuş meselesinde paýhasly hereket etmäge çalyşmaly.***

Eždatlarymyz: “Äwmek - şeýtandan, sabyr - Rahmandan” diýip, nesillerine her bir işde parasatly hereket etmekligi, eserdeň bolmaklygy wesýet edipdirler. Aýdylanlardan ugur alyp, ynsan her bir durmuşy meseläni doly we hemmetaraplaýyn öwrenmän gutarnykly netijä gelmejek bolmaly, ýagny hiç bir işde gyssanmaçlyga ýol bermeli däl, islendik işi oýlanyşykly etmeli. Her bir adam şeýle çemeleşmäni durky bilen kabul edip, ony öz endigine öwürjek bolmaly, soňunda hem häsiýetine geçirmäge çalyşmaly.

Umuman, adam gündelik durmuşynda hiç bir ýagdaýda hem meýilleşdirýän işini “alňasan öler” diýen derejä ýetirmejek bolmaly. Onsoňam her bir seljerilýän meseläniň anygyna-şänigine her kimiň hut özi ýetmäge çalyşmaly, düşünmezden başga biriniň pikirini, goý ol dogram bolaýan-da, oňa özem göz ýetirmezden goldajak bolmaly däl. Alňasamazdan akylly-başly hereket etmeklik danalykdan, parasatlylykdan, seresaplylykdan, şükranalykdan, sabyrlylykdan nyşandyr. Şu ýagdaýlara esaslanyp danalarymyz: “Paýhasly iş - ganatly guş” diýen bolmaklary mümkindir.

**Töwekgel bolmak**

***Her bir adam islendik durmuş meselesiniň çözgüdinde töwekgel bolmaly.***

Her bir adam ilki bilen öz öňünde goýýan maksadynyň we onuň bilen bagly amal etjek bolýan hereketleriniň dogrudygyna, ahlaga garşy gelmeýändigine, kanunyň çägindedigine, adalatlydygyna göz ýetirmeli. Şulara ynam bolanda, adam hökman töwekgel hereket etmeli, özi-de maksadyma ýetermikäm diýip asla ikirjiňlenmeli däl. Seýdi şahyr aýtmyşlaýyn: “Töwekgeliň gyşy mydam ýaz bolar” diýen ynam bilen işe girişmeli (“Ýaz bolar”).

Ata-babalarymyz ýokarda beýan edilen ýagdaýlar ýüze çykan halatynda, nesillerine töwekgel hereket etmekligi sargapdyrlar. Bu hakykata eždatlarymyzyň döreden şu dana pähimlerinden hem göz ýetirmek bolýar: “Işi töwekgel bitirer”, “Ýola çykan ýoldan gaýtmaz”, “Töwekgeliň işi ileri” we başgalar. Magtymguly Pyragy hem öz döredijiliginde şu meselä aýratyn ähmiýet beripdir. Akyldar bir goşgusynda: “Töwekgel et, Taňra tabşyr işiňi, sabyr bilen biter tiz hem bolmasa” diýip, kowumlaryna her bir işde töwekgel bolmaklygy wesýet edipdir (“Duz hem bolmasa”).

Umuman, ýokarda aýdylanlardan görnüşi ýaly, töwekgelçilige ýol berlende, ýagny maksada okgunly hereket edilende arzuw-hyýallaryň hökman myrat bolýandygy we üstünliklere ýetilýändigi barada ynamly netije çykarmaga doly esas bardyr.

**Ugurtapyjy bolmak**

***Her bir adam herki ýagdaýdan ugurtapyjylygy bilen baş alyp çykmany başarjak bolmaly.***

Jemgyýetçilik gatnaşyklaryna girmek, edil küşt oýnunda bolşy ýaly, her bir göçümiňde senden seresaplylygy, hüşgärligi, paýhaslylygy, ugurtapyjylygy we öňdengörüjiligi talap edýär. Bu häsiýetler adamyny durmuşynda dogry ýola ugrukdyrýar hem-de birnäçe göze görünýän-görünmeýän betbagtçylyklardan goranmakda oňa ýardam berýär.

Ugurtapyjylyk – tutanýerli yhlasyň bilen çylşyrymly ýagdaýdan amatly çykalgany tapmagyň hötdesinden gelmekdir. Bu iş ýiti ze-

hine we akyl-paýhasa daýanýar. Ugurtapyjy bolmak üçin durmuşda döreýän her hili bulaşyk wakalary, pursatlary inçeden seljermäge we dogry çözgüde çykýan ýollary agtarmaga ukyply bolmaly hem-de bu endigi öz häsiýetiňe geçirmek barada irginsiz alada etmeli.

Durmuşda ugurtapyjylygyň mysallary kän. Rowaýata görä, bir adam ogurlykda tutulýar. Patyşa ony dardan asmakçy bolanda, ogry: "Meni öldürmeseňiz, men size toprakdan gyzyl öndürip bereýin" diýýär. Bu bähbitli teklipden patyşa ýüz öwrüp bilmeýär. Ogry görkezilen ýerde köp der döküp, zähmet çekip, topragy ekişe doly taýýar edip goýýar hem-de patyşadan tohum sepmek üçin "hiç bir günäsi ýok adamyň" gerekdigini aýdýar, ýogsam ýerden gyzyl önmejegini duýdurýar. Patyşa näçe jan etse-de, hiç bir günäsiz adamyny bütin ýurduň içinden tapyp bilmeýär. Ahyrynda hem patyşa ogra: "Bar seniň günäňi geçdim, özüňem, gyzylyňam gerek däl" diýmeli bolýar ("Paýhaslaryň çemeni", sah. 88-90).

Başga bir rowaýatda, Şa ölüme hököm edilen bendäň halyna dözmän, oňa suw bermekligi buýurýar, jezany ýerine ýetirijä-de tä ol suwuny içip bolýança oňa degmezligi tabşyrýar. Ölüm jezasy berlen suwy içmän, tersine suwly küýzäni döwýär. Şanyň muňa juda gahary gelýär. Ýeserje ýigit öňürdip: Şahym men suwy içen däldirin, Sizem öz sözüňizde durarsyňyz diýip tama edýärin" diýip zordan seslenipdir. Şa ýesiriň bu mekirligine güljeginem gaharlanjagynam bilmän, ahyrynda hem ony ölüm jezasyndan boşadypdyr ("Türkmenler hakda ýüz hekaýat". 39-njy hekaýa).

Rowaýatlardan görşümiz ýaly, günäli adamlaryň ikisem ugurtapyjylygy bilen şol döwrüň adalatly jezasyndan azat bolup bilipdirler. Elbetde, häzirki günlerde biz ugurtapyjylykdan ahlak-hukuk kadalarynyň çäginde peýdalanmany başarmaly, ony ýagşy niýetli işler bilen bagly ulanmaly.

**Öňdengörüji bolmak**

***Her bir adam herki çylşyrymly ýagdaýda öňdengörüjiligi bilen dogry çözgüde çykmaga çalyşmaly.***

Öňdengörüjilik - soňraky ädimleriňi ýalňyşman ätmek, özüňi garaşylmadyk näsazlyklardan we säwliklerden goramagy üpjün etmek üçin oýlanyşykly hem-de seresap hereket etmekdir. Munuň üçin

çylşyrymly durmuş pursatlarynda özüňe gerek maglumatlary almak maksady bilen, öz soraglaryňa berläýjek jogaplary deslapdan seljerip, soňraky amal etmeli hereketleriňi meýilleşdirmegi oňarmaly. Şonuň ýaly-da garşydaşyň "derisine" girip, seniň gyzyklanýan meseläň bilen bagly saňa berläýjek soraglary öňünden aňlap, olaryň köpugurly esaslandyrylan jogaplaryny taýýarlap goýmaga başarnyklaryň bolmaly. Iki ýagdaýda hem wakalaryň özgerişini bolmanda 1-2 göçüm öňünden görjek bolmaly. "Kowusnama" kitabynyň awtory ogluna: "Haýsy işe girişjek bolsaň, ozaldan ondan çykmagyň ýoluny agtargyn" diýip, örän ýerlikli sargyt edýär ("Kowusnama", sah. 201).

Görşümiz ýaly, islendik durmuş pursatynda adam öňdengörüjiligi bilen meýilleşdirýän hereketlerini amal etmegiň yzygiderliligini, ýagny olaryň nobatyny logikanyň talaplaryna laýyklykda dogry kesgitlemäni başarjak bolmaly.

**Tutanýerli bolmak**

***Her bir adam islendik bir oňyn işe tutanýerli ýapyşmaly.***

Tutanýerlilik, başgaça aýdylanda, erjellik, maksada okgunlylyk durmuşda şahsy üstünliklere ýetmekde ynsan üçin zerur häsiýetleriň biri bolup durýar. Tutanýerli adam her bir döwletli başlangyjyny soňuna çenli ýetirmän, yzyna gaýtmaýar, diýen sözünde berk durýar. Tutanýerli adam her bir işde, eždatlarymyzyň aýdyşy ýaly, "Atylan ok daşdan gaýtmaz" diýen pähime uýýar, ýadamany-ýaltanmany bilmeýär, elmydama gara zähmetde gününi geçirýär. Erjel adam durmuşda köp üstünliklere ýetip bilýär, özi-de jemgyýet üçin mynasyp görelde mekdebi bolup çykyş edýär. Umuman, her bir şahsyýetiň durmuş ýol kartasyny üstünlikli amal etmekde tutanýerliligiň ähmiýeti biçak uludyr.

**Batyr bolmak**

***Her bir adam öz öňünde goýan maksatlaryna ýetmek üçin batyrgaý hereket etmeli.***

Öňde goýan maksatlaryna ýetmek üçin her bir adam akylly-başly, töwekgel, adalatly, tutanýerli, ugurtapyjylykly hem öňdengörüjilikli hereket etmeli. Şeýle häsiýetlere eýe bolup, islendik bir ugurda netije gazanmak üçinem orta çykýan adam batyr bolmaly. Başgaça

aýdylanda, gaýratly, merdana, rüstem bolmaly, ýagny hiç bir zatdan çekinmän, gorkman, dogumly hereket etmäni başarmaly. Elbetde, bu ýerde adamyň tebigy güýjüniň mümkinçilikleriniň çägi barada gürrüň gidenok. Zerur ýerinde tebigy güýjem ynsana gerek, ýöne bu meselede esasy zat adamyň ýüregi batyr bolmaly, maksada okgunly hereket etmek üçin içki hyjuwy gaýnap-joşup durmaly. Şu babatda ata-babalarymyzyň döreden örän ýerlikli pähimi bar: “Batyrlyk bilekde däl, ýürekde”. Beýan edilenler ilki bilen ynsanyň gaýduwsyzlygyndan, merdanalygyndan hem-de akyl-paýhasyndan nyşandyr.

Gorkak adam dünýäde iň bagtsyz ynsanlaryň biridir. Könelerimiz aýtmyşlaýyn: “Batyr bir öler, gorkak – müň”. Jemgyýetde gorkak adamlaryň hormat-sylagy pes bolýar, gepem kän bir ýer almaýar, durmuşda tapawutly bir ýetýän şahsy üstünliklerem ýokdur, ýoldaşlarynam sanaýmalydyr.

**Ruhubelent bolmak**

***Her bir adam kynçylyk ýüze çykanda ruhdan düşmän, olar bilen göreşmäni başarmaly.***

Ynsan her bir kyn gününde hem sussupeslige ýol bermeli däl. Ruhdan düşmeklik gutulgysyz ýeňlişi aňladýar. Bu ýagdaý ynsan gatnaşyklarynda kynçylyga sezewar bolanyň durumsyz, ejiz, namart adamdygyna güwä geçýär. Adam kyn gününde ruhubelentligini saklap bilende, ol göreşlerde taplanýar, bekeýär, onuň ýaşaýşa bolan ynamy we hyjuwy artýar. Şeýlelikde, ol ýuwaş-ýuwaşdan ile goşulýar, oňun durmuşynda, şatlykly pursatlar, oňyn netijeler görnüp başlaýar.

Adam ruhdan düşende onuň durmuşy gara buluda bürenýär we ol galan ömrüni bimany geçirýär, adatça, kesele ýolugýar. Her kim şu zeýilli adamlardan daşda durjak bolýar, sebäbi olaryň bolşy hemmäni göwnüçökgün hala salýar, adamyny ahy-nalyşa we zeýrenişe meýilli edýär, onuň elinden şükürini we sabryny alýar. Gündogaryň medenýetinde hem adamyň ruhdan düşmekligine ejizlik hökmünde garalýar hem-de berk ýazgarylýar.

## 9.2. Umumy häsiýetli ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar




**1-nji çyzgy**


Ahlak-hukuk bozulmalarynyň deslapdan öňi alynýar
1
Ahlak-hukuk bozulmalarynyň sany azalýar
2
Jemgyýetde tertip-düzgün berkeýär
3
Jemgyýetde adalat dabaralanýar
4
Adamlarda jogapkärçilik duýgusy artýar
5
Ýaşlaryň ahlagy güýçlenýär
6
Adamlaryň ahlak-hukuk medeniýeti ösýär
7
Adam parhlylygy bilen adamdyr. Bu mümkinçilikden durmuşda hökman peýdalanylmaly
8
Ynsan gatnaşyklarynda parhly garaýşyň jemgyýete ýetirýän esasy oňyn täsirleri

**2-nji çyzgy**


Pespäl häsiýetli adamynyň esasy artykmaç taraplary
1 Ahlaksyz we bikanun hereketlerden daşda durýar
2 Jogapkärli
3 Adalatly
4 Ynsanperwer
5 Il bähbidini ileri tutýar
6 Işine yhlasly
7 Parasatly
8 Sözüniň eýesi
9 Seresaply
10 Sada
11 Ähli babatda edepli

**3-nji çyzgy**


Geçirimliligiň esasy bähbitli taraplary
1
Dawa-jenjel aradan aýrylýar
2
Göwnedegişmeleriň sany kemelýär
3
Garyndaşlyk-dostluk gatnaşyklary dikeldilýär
4
Garyndaşlyk-dostluk gatnaşyklarynyň berkemegi üçin amatly şertler döreýär
5
Jemgyýet has-da agzybirleşýär
6
Jemgyýet has-da ynsanperwer häsiýete eýe bolýar
7
Jemgyýetde rehim-şepagat duýgulary güýçlenýär
8
Jemgyýet gep-gürrüňden, gybatdan barha arassalanýar
9
Adamlar bir-birinden artyk bolmaga çalyşýarlar
10
Dawaly meselelerde ylalaşyk tapmaga ýykgyn edilýär

**4-nji çyzgy**


Maslahatly çözgüdiň şahsyýet we jemgyýet üçin esasy peýdaly taraplary
1
Ýalňyşlyklaryň we säwlikleriň öňi alnyp, ygtybarly çözgüt çykarmak üçin oňaýly şertler döreýär
2
Ähli babatda oňyn netijelere ýetilýär we täze üstünliklere çykmaga binýat döredilýär
3
Şahsyýeti we jemgyýeti dogry ýola ugrukdyrýar, hemmeler üçin has bähbitli pikirler ýüze çykarylýar
4
Şahsyýet we jemgyýet pähim-paýhasly maslahatlaryň netijesinde giden serişdeleri tygşytlaýar, oňyn netijelere gysga möhletlerde ýetilýär
5
Şahsyýet we jemgyýet özüni ynamly, arkaly we arkaýyn duýýar
6
Maslahatly çözgüde görä hereket edilende, oňyn däl netijeler üçin hiç kim seni ýazgarmaýar

**5-nji çyzgy**


Halal rysgal-döwlete ýetilýär, şahsy üstünlikler gazanylýar
1
Jemgyýete peýda getirilýär, bähbitli başlangyçlara badalga berilýär
2
Adam geljegine ynamly we umytly garaýar
3
Adam gorkusyz hem aladasyz ýaşaýar
4
Maşgalada göreldeli çagalar terbiýelenýär
5
Adam ruhubelent halda bagtyýar durmuşda ömür sürýär
6
Adam jemgyýetde abraý-hormatdan peýdalanýar
7
Adam jemgyýet üçin görelde mekdebine öwrülýär
8
Jemgyýetiň ahlagynyň ösmegine we ynsanperwerleş-megine oňyn täsir edýär
9
Ýagşy umytda ýaşamak bilen gazanylýan esasy üstünlikler

**6-njy çyzgy**




**7-nji çyzgy**




**8-nji çyzgy**


Abraý-mertebe diýip ýaşaýan adamynyň ahlak keşbini häsiýetlendirýän esasy alamatlar
1
Arassa-halal zähmetiniň hasabyna ýaşaýar
2
Jemgyýete diňe peýda getirýär
3
Köpçüligiň bähbidini elmydama ileri tutýar
4
Bolan durmuşyna kanagat edip ýaşaýar, gerek ýerinde nebsine haý diýmäni başarýar
5
Elmydama sabyrlylyk bilen ýagşy zatlaryň arzuwynda gezýär
6
Görüplikdir bahyllyk häsiýetinde asla bolmaýar
7
Çagalaryna talabalaýyk terbiýe berýär
8
Aýagyny elmydama dogry basýanlygy üçin, hiç kimden we hiç zatdan heder etmän ýaşaýar
9
Ahlak-hukuk kadalaryna hormat goýýar we olary gyşarnyksyz berjaý edýär
10
Köpçülikde uly hormat-sylagdan peýdalanýar
11
Abraýly adamynyň ady mydama ýagşylykda ýatlanýar

**9-njy çyzgy**


Seýrek keselleýär
1
Saglygy bilen bagly derman-därä çykdajylary az bolýar
2
Zähmet ukyplylygy ýokary bolýar
3
Ruhubelent bolýar
4
Ýaramaz endiklerden daşda durýar
5
Arassaçylyk kadalaryny doly berjaý etmäge çalyşýar
6
Saglygyny beketmek üçin bedenterbiýä we sporta aýratyn üns berýär
7
Tebigatda we arassa howada köp bolmaga çalyşýar
8
Saglyk ähli üstünlikleriň binýadydyr
9
Saglygy barada gündelik alada edýän adamynyň gazanýan esasy üstünlikleri

**10-njy çyzgy**




**11-nji çyzgy**




**12-nji çyzgy**




**13-nji çyzgy**




**14-nji çyzgy**




**15-nji çyzgy**




**16-njy çyzgy**




**17-nji çyzgy**




**18-nji çyzgy**




**19-njy çyzgy**




**20-nji çyzgy**




**21-nji çyzgy**




**22-nji çyzgy**




**23-nji çyzgy**




**24-nji çyzgy**

## 9.3. Umumy häsiýetli ahlak kadalary bilen bagly testler

**1. Agzybirligiň ilkinji ygtybarly binýady nirede tutulýar?:**

a) maşgalada;
b) mekdepde;
ç) zähmet toparynda;
d) jemgyýetde.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**2. Jemgyýetde agzybirligi, esasan, nämäniň hasabyna saklap we güýçlendirip bolar?:**

a) bilimiň we sowadyň hasabyna;
b) ahlagyň we edebiň hasabyna;
ç) giň dünýägaraýşyň we gözýetimiň hasabyna;
d) hukuk goraýjy edaralaryň hasabyna.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**3. Ahlaksyz hereketleriň öňüni almaga, esasan, kim borçly?:**

a) ata-eneler;
b) mekdep mugallymlary;
ç) ýaşuly nesil;
d) jemgyýetiň her bir agzasy.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**4. Parhsyzlygyň jemgyýete ýetirýän iň erbet zyýany:**

a) ahlak pese düşýär;
b) bidüzgünçilikler artýar;
ç) ynsan gatnaşyklarynda hormat-sylag azalýar;
d) agzalalyk köpelýär.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**5. Pespäl adam märekede:**

a) ilden saýlanmany halamaýar;
b) öwünmäni halamaýar;
ç) çetde oturmany halamaýar;
d) kän göze ilmäni halamaýar.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**6. Päli pes adamynyň:**

a) ilden talaby pes bolýar;
b) dost-ýary çäkli bolýar;

ç) islegleri pes bolýar;
d) kanagaty köp bolýar.
*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**7. Şulardan haýsysy has geçirimli bolmaly?:**
a) ýaşuly;
b) ýaşkiçi;
ç) ilki ýaşkiçi, soňra ýaşuly;
d) ikisinden haýsam bolsa biri.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**8. Är-aýal gatnaşyklarynda ýüze çykýan meselelerde kim has geçirimli bolmaly?:**
a) aýaly;
b) äri;
ç) ikisem deň derejede;
d) ikisinden biri.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**9. Şu ýagdaýlaryň haýsysynda geçirimlilige ýol ýok?:**
a) gelin gaýynlarynyň ýüzüne gelse;
b) ogul atasynyň ýüzüne gelse;
ç) ini agaň ýüzüne gelse;
d) ar-namys meselesi ara düşse.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**10. Kada bolşuna görä, geçirimlilik etmek haýsy gatnaşyklarda ýüze çykýar?:**
a) ahlak gatnaşyklarynda;
b) hukuk gatnaşyklarynda;
ç) ahlak ýa-da hukuk gatnaşyklarynda;
d) ikisinde-de.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**11. Has ygtybarly maslahaty kim berip biler?:**
a) ýakyn garyndaşyň;
b) ynamly dostuň (joraň);
ç) edepli, sowatly we tejribeli adam;
d) köp kynçylyklary başyndan geçiren adam
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**12. Maslahatly çözgüt ýol almasa, kim günäkär hasaplanar?:**
a) maslahaty beren;
b) maslahaty alan;
ç) ikisem deň derejede;
d) hiç kim, boljak işdir.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**13.Ýagşy umytdyr arzuwlar kime peýda getirmeli?:**
a) şahsyýetiň özüne;
b) jemgyýete;
ç) ilki şahsyýetiň özüne, soňra jemgyýete;
d) ilki jemgyýete, soňra şahsyýetiň özüne.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**14. Päli ýamanyň hereketlerinden kim kösenýär?:**
a) onuň özi;
b) töweregindäkiler;
ç) onuň özi we töweregindäkiler;
d) onuň özi ýa-da töweregindäkiler;
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**15. Arzuwlaryňa ýetmek üçin näme etmeli?:**
a) şol ugurda hereket etmeli;
b) arzuwyňa ýetmek üçin köp dileg etmeli;
ç) arzuwyňy günde ýatlap durmaly;
d) arzuwyňy günde ýatlamaly we dileg etmeli.
*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**16.Adam üçin iň esasy zat ahlaksyz:**
a) hereketlerinden utanmak;
b) şol hereketleriň gaýtalanmagyna ýol bermezlik;
ç) hereketlerinden utanmak we olaryň gaýtalanmagyna ýol bermezlik;
d) hereketlerinden utanmak ýa-da olaryň gaýtalanmagyna ýol bermezlik
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**17. Utanç-haýaly adamynyň häsiýetinde:**
a) durmuşda seresap bolmak;
b) her bir işe jogapkärçilikli çemeleşmek;
ç) çylşyrymly pursatda paýhasly hereket etmek;

d) nähak azar berilse-de, utanyp, çydap gezmek.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**18. Ýagşylyk edýän bolsaňyz, onda bilip goýuň:**

a) onuň hasabyny dürs ýöretmeli;

b) olar barada dost-ýarlaryňyzy habarly etmeli;

ç) kime ýagşylyk eden bolsaňyz, ondan garşylyklaýyn ýagşylyga garaşmaly;

d) ýagşylyk edip, bähbit gözlemeli däl.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**19. Durmuşda ýamanlyk eden adam babatda özüňi nähili alyp barmaly?:**

a) ondan gaçarak durmaly, seresaplylygy elden bermeli däl;

b) jaý ýerinde senem ýamanlyk etmeli;

ç) ýamanlygy ýatlap ýörmeli däl;

d) başarsaň ýamanlyga ýagşylyk bilen jogap bermeli.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**20. Ynsan ýaşaýşynyň manysy nämede?:**

a) diňe arassa-halal ýaşamakda, abraýly bolmakda;

b) diňe baý ýaşamakda, baý adam abraýlydyr;

ç) diňe wezipe eýeläp ýaşamakda, şonuň özi abraýdyr;

d) wezipäň we baýlygyň bar bolsa, diýmek abraýyňam hökman bardyr.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**21. Ynsanyň rysgal-döwleti bilen bagly aşakda getirilýän garaýyşlaryň haýsysy ýalňyş?:**

a) ynsanlara rysgal-döwlet deň paýlanýar;

b) her bir ynsanyň rysgal-döwleti aýrydyr;

ç) rysgal-döwletiň üstüni haram ýollar bilen köpeldip bolar:

d) haram ýollar bilen toplanan baýlyk adamyny abraýdan aýyrýar.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**22. Saglygyňy kadaly ýagdaýda saklamak üçin aşakda görkezilenleriň içinden iň esasy berjaý edilmeli zat näme?:**

a) iş otagyňy arassa saklamak;

b) egin-başyňy arassa saklamak;

ç) bedeniňi arassa saklamak;

d) öýüňi arassa saklamak.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**23. Şularyň haýsysy adam saglygynyň garşysyna düýpli täsir edip bilmez?:**

a) dişleriňi wagtly-wagtynda ýuwmazlyk;
b) ir turmazlyk;
ç) dogry iýmitlenmezlik;
d) arassa howada az bolmaklyk.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**24. Hassanyň halyndan habar tutup durmaklyk biziň ahlak hukugymyzmy ýa-da borjumyz?:**

a) borjumyz;
b) hukugymyz;
ç) ýagdaýa görä hukugymyz ýa-da borjumyz;
d) ikisem bolup biler.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**25. Agyr haldaky hassa soralanda has laýyk hereket:**

a) onuň özüni görmeli, ýöne ýanynda köp oturmaly däl;
b) onuň özüni görmeli, ýöne ýanynda artyk gürlemeli däl;
ç) onuň özüni görmeli, ýöne ýanynda ýerliksiz degişmeli däl;
d) onuň ýakynlary bilen derdinişmek ýeterlikdir.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**26. Agzybir türkmen maşgalasynda nahara kim ilki bismilla etmeli?:**

a) ata;
b) ata, ol ýok wagtynda ene;
ç) ata we ene bilelikde;
d) kimem bolsa maşgalanyň iň uly ýaşly agzasy.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**27. Nahar iýlenden soň, onuň esli bölegi galýar we ertire galsa zaýalanjagy görnüp duransoň maşgala agzalary şu ýagdaý bilen bagly birnäçe meselä üns berýärler, olaryň haýsysy has wajypka?:**

a) nahary artyk bişirip, tygşytsyzlyga ýol bermeli däl;
b) nahary gereginden artyk bişirmeli däl;
ç) nahary isrip etmezlik üçin ony paýlamaly;
d) nahary isrip etmezlik üçin ony iýmeli.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**28. Şükür etmek nämäni aňladýar?:**

a) günüňden razy bolmagy;

b) ykbalyňdan nalamazlygy;

ç) günüňden razy bolmagy we nalamazlygy;

d) ykbalyňdan razy bolman, kynçylyklar bilen göreşmegi.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**29. Sabyr etmek nämäni aňladýar?:**

a) päsgelçilikler bilen göreşmegi;

b) ýagşy umytda bolup ýaşamagy;

ç) ýagşy umytda bolmagy we päsgelçilikler bilen göreşmegi;

d) arzuw-hyýala çümmezden, durmuşyňa kanagat etmäni.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**30. Şularyň içinden haýsysy gybat üçin ahlak jogapkärçiligini çekmeli?:**

a) gybaty eden;

b) gybaty diňlän;

ç) gybat edýäni saklamadyk;

d) hemmesi.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**31. Gybat bilen töhmediň tapawudy nämede?:**

a) gybat – hakykat, töhmet – toslama;

b) gybat – toslama, töhmet – hakykat;

ç) gybat hakykatam bolup biler, toslama-da, töhmet hemişe toslama;

d) töhmet toslama-da bolup biler, hakykatam, gybat hemişe hakykat.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**32. Görip we bahyl adamlardan kim kösenýär?:**

a) özleri;

b) töweregindäkiler;

ç) özleri hem töweregindäkiler;

d) ilki töweregindäkiler, ahyrynda, esasan, özleri.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**33. Durmuşda duş gelýän görip we bahyl adamlara jemgyýet nähili garamaly?:**

a) olardan hüşgär bolmaly;
b) olardan gorkmaly;
ç) olary ýazgarmaly;
d) olary terbiýelemeli.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**34. Adalatly çözgüt diýip nähili çözgüde aýdylýar?:**

a) hakykata esaslanýan çözgüde;
b) kanuna esaslanýan çözgüde;
ç) hakykata ýa-da kanuna esaslanýan çözgüde;
d) dogry çözgüde.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**35. Adalatyň hatyrasyna:**

a) kemsidilenleriň hukugyny ýokary tutmaly;
b) kemsidilenleri borçlaryndan azat etmeli;
ç) kemsidilenlere goşmaça hukuklary bermeli;
d) hemmä gyradeň garamaly.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**36. Türkmen döwleti ynsanperwerlik syýasatyna goldanýar:**

a) içeri syýasatda;
b) daşary syýasatda;
ç) ikisinde hem;
d) içeri ýa-da daşary syýasatda.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**37. Jemgyýet bilen raýatyň arasyndaky gatnaşyklarda ynsanperwerlige kim eýermeli?:**

a) diňe jemgyýet;
b) diňe raýat;
ç) diňe jemgyýet ýa-da raýat;
d) ikisem deň derejede.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**38. Iki juwan bir-birine aşyk bolýar. Bularyň nikalaşmak meselesi ilkinji nobatda nämä daýanmaly?:**

a) söýgi duýgusyna;

b) paýhasa;

ç) ilki paýhasa, soňra söýgi duýgusyna;

d) ilki söýgi duýgusyna, soňra paýhasa.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**39. Her bir adam önjeýli hem netijeli işlejek bolsa, meselelerini:**

a) çalt çözmeli;

b) oýlanyşykly çözmeli;

ç) çalt hem oýlanyşykly çözmeli;

d) oýlanyşykly hem çalt çözmeli.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**40. Töwekgelçilik etmeli, haçan-da, hereketleriň:**

a) kanuna laýyk bolsa;

b) ahlaga ters gelmese;

ç) kanuna laýyk we ahlaga ters gelmese;

d) kanuna laýyk bolsa ýa-da ahlaga ters gelmese.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**41. Söwda-satyk işlerinde töwekgel hereket etmek üçin adam, esasan, göz ýetirmeli, hereketleriniň:**

a) bähbitlidigine;

b) adalatlydygyna;

ç) düşewüntlidigine;

d) çykdajylarynyň azdygyna.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**42. Ugurtapyjylyk görkezilende:**

a) kanunyň çäginde hereket etmeli;

b) ahlagyň çäginde hereket etmeli;

ç) ikisiniňem talaplaryny doly göz öňünde tutmaly;

d) meseläniň çözülenini, işiň bitenini bilmeli.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**43. Ugurtapyjy adam mesele çözende, esasan:**
a) amatly pursadyň dörärine garaşmaly;
b) paýhasly hereket etmeli;
ç) ýagdaýy inçeden seljermeli;
d) çözgüdi alňasaman kabul etmeli.
*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**44. Öňdengörüjilik has beter nämä esaslanmaly?:**
a) mekirlige;
b) yhlas-gaýrata;
ç) düýpli seljermä;
d) tejribä.
*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**45. Öňdengörüjiligiň üstünliginiň sebäbi nämede?:**
a) tötänlikleriň gabat gelmeginde;
b) seresaplylykda;
ç) garşydaşyň pikirlerini deslapdan aňlamakda;
d) dürs pikir ýöretmä (logika) eýermekde.
*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**46. Tutanýerli adamyny häsiýetlendirýän ýagdaýlar:**
a) ýadamany-ýaltanmany bilmeýär;
b) hiç bir esassyz başga bir bähbitli ýola sowlup bilýär;
ç) päsgelçiliklerden gorkmaýar hem gaçmaýar;
d) yhlasly zähmet çekýär.
*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**47. Tutanýerli adam başlan işini hiç wagt:**
a) taşlamaýar;
b) soňa goýmaýar;
ç) harsal etmeýär;
d) göwnemese ahyryna ýetirmeýär.
*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*
**48. Batyr adam diýip kime aýdylýar?:**
a) fiziki güýji bilen beýlekilerden tapawutlanýan adama;
b) ýüreginiň batyrlygy bilen beýlekilerden tapawutlanýan adama;

ç) ilki ýüreginiň batyrlygy, soňra fiziki güýji bilen tapawutlanýan adama;

d) ilki fiziki güýji, soňra ýüreginiň batyrlygy bilen tapawutlanýan adama.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**49. Kada bolşuna görä, gorkak adamynyň batyr adamdan tapawutlylykda:**

a) akyl-huşy pesdir;

b) abraýy pesdir;

ç) dostlary azdyr;

d) sözi kän bir ýer alýan däldir.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**50. Ruhdan düşmek ynsanda adaty ýagdaýmy ýa-da ýazgarylmaly ýagdaý?:**

a) adaty ýagdaý;

b) ýazgarylmaly ýagdaý;

ç) anyk pursaty şahsyýetiň kabul edişine baglylykda netije çykarylýar;

d) anyk pursaty şahsyýetiň we köpçüligiň kabul edişine baglylykda netije çykarylýar.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**51. Ruhdan düşmek mahsus:**

a) ejiz-gorkak adamlara;

b) özüne ynamy pes adamlara;

ç) kynçylyklardan gaçýan adamlara;

d) hemme adamlara.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**Testleriň jogaplary:** 1-a; 2-b; 3-d; 4-a; 5-ç; 6-b; 7-a; 8-a; 9-d; 10-a; 11-ç; 12-d; 13-d; 14-ç; 15-a; 16-ç; 17-d; 18-d; 19-b; 20-a; 21-a; 22-ç; 23-b; 24-a; 25-d; 26-a; 27-b; 28-d; 29-d; 30-d; 31-a; 32-d; 33-b; 34-a; 35-d; 36-ç; 37-d; 38-ç; 39-d; 40-ç; 41-b; 42-d; 43-a; 44-ç; 45-a; 46-b; 47-d; 48-b; 49-a; 50-b; 51-d.

# X BAP
# AHLAK ÇÄRELERI WE OLARY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MEHANIZMI

## 10.1. Ahlak çäreleri we olary durmuşa geçirmegiň mehanizmi bilen bagly düzgünleşdirilýän gatnaşyklar

**Ahlak çäreleriniň görnüşleri**

*Durmuşda ahlak bozulmany agyrlaşdyrýan ýa-da ýeňilleşdirýän ýagdaýlar (ahlak bozulma näme sebäp bolupdyr, ol bilkastdan edilipmi ýa-da tötänlikde ýüze çykypmy, etmişli maşgalada we iş ýerinde özüni nähili häsiýetlendirýär, öň şular ýaly hereketlere ýol berlipmi, şahsyýetiň abraýyna ýetirilen zelel nämeden görünýär? we ş.m.) nazara alnyp, şu aşakdaky ahlak çäreleri etmişliniň garşysyna aýry-aýrylykda ýa-da toplumlaýyn görnüşde ulanylyp bilner: ýazgarmak; utandyrmak, duýduryş bermek; düzelmek üçin möhlet bellemek; tertibe çagyrmak; terbiýeçilik işlerini geçirmek üçin maşgalasyny, okaýan ýa-da işleýän ýerini habarly etmek we beýlekiler.*

Hemme ahlak bozujylar babatda bir meňzeş çäräniň görülmegi dogry däldir. Kadadan görnüşi ýaly, bu ýerde hökman göz öňünde tutulmaly durmuş pursatlary bolýar: ahlak bozulma nirede we nähili ýagdaýlarda bolup geçipdir, ol näme sebäpden ýüze çykypdyr, şahsyýetiň abraýyna ýetirilen zelel nämeden görünýär, etmişliniň şahsy sypatlary nähili häsiýetlendirilýär, öň ol şular ýaly hereketlere ýol beripmi?. Bulardan-da daşgary birnäçe şuňa meňzeş wajyp ähmiýetli ýagdaýlar anyklanylmaly bolmagy ähtimaldyr.

Ahlak çäreleriniň toplumlaýyn ulanylmagynyň mysallary hökmünde şulary görkezse bolar: ýazgarmak we düzelmek üçin möhlet bellemek ýa-da utandyrmak we duýduryş bermek.

**Ahlak çäreleriniň durmuşa geçirilişi**

Ahlak çäresi ahlak bozulmanyň ýüze çykan ýerinde ulanylyp bilner.

Ahlak bozulma üçin ahlak çäresi etmişliniň işleýän, okaýan, ýaşaýan ýerinde ýygnak çagyrylyp hem ulanylyp bilner.

Ahlak kadalaryny bozýan adamlar barada maglumatlar olaryň işleýän, okaýan, ýaşaýan ýerleri boýunça degişli ahlak çärelerini görmek üçin ugradylmaly.

Ahlak çäresini ýygnak çagyryp ulanmagyň mehanizmi:

– ýygnagy ahlak etmişliniň işleýän, okaýan, ýaşaýan ýeri boýunça edara-kärhana-guramanyň ýolbaşçylygy guraýar we onuň ygtyýarly wekili alyp barýar;

– ýygnak degişli edara-kärhana-guramanyň işgärleriniň, okuwçylarynyň, ýaşaýjylarynyň ýönekeý köplügi gatnaşanda ahlak bozulma garamaga ygtyýarlydyr;

– ýygnagyň çözgüdi oňa gatnaşyjylaryň sesleriniň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär;

– ýygnagyň netijesi karar görnüşinde resmileşdirilýär;

– ýygnagyň karary bilen nägile ahlak etmişli ýokarda duran edara-kärhana-gurama, oňyn netije bolmadyk ýagdaýynda, kazyýete bellenen tertipde şikaýat bildirip biler;

– ahlak etmişli ýygnaga hökman çagyrylýar. Ol ýygnaga esasly sebäpler boýunça gelmedik halatynda (syrkawçylyk, iş sapary we ş.m.), çäre başga bir güne geçirilýär. Galan ýagdaýlarda ahlak bozulma bilen bagly meselä ahlak bozujynyň gatnaşmazlygynda hem garalyp bilner.

Märekäniň köp ýygnanýan ýerlerinde (toýda, ýasda, ýolda, awtobusda we ş.m.) şahsyýete ahlak temmisiniň berilmegi, onuň ýüze çykan ýerinde ulanylmagynyň mysaly bolup biler. Her bir ahlak bozulma boýunça ýörite ýygnak geçirmekde zerurlyk ýok. Mysal üçin, döwlet gullukçysy iş ýerinde ahlaksyz hereketlere ýol beren halatynda (kärdeşleri bilen özüni gödek alyp barýar, iş etmejek bolup bahana gözleýär ýa-da ýaltaçylyk edýär we ş.m.) edara-kärhana-guramanyň ýolbaşçysy etmişlä öz adyndan bellik etmäge doly ygtyýary bar.

Ýygnagy geçirmegiň netijeliligi köp halatda onuň guramaçylykly geçirilmegine gös-göni bagly bolup durýar. Ýurt derejesinde ýygnaklary alyp barmagyň bir bütewi tertibi üpjün edilende, ahlak temmilerini ulanmagyň terbiýeçilik ähmiýeti we netijeliligi has-da güýçlenmeli. Şoňa görä-de, ahlak meselelerini seljermeklige bagyşlanan ýygnakla-

ryň guramaçylyk taraplary anyk we aýdyň görnüşde beýan edilende maksadalaýyk bolar. Ýygnak geçirmegiň mehanizmi ýörite kabul edilen Düzgünnamada kesgitlenilip bilner.

Köpçüligiň gatnaşmagynda ýygnagyň geçirilmeginiň maksady diňe bir etmişlini ýazgarmak däl-de, eýsem ony dogry ýola salmak, ahlak bozulmanyň gaýtalanmazlygyny üpjün etmek, şeýle hem ýygnaga gatnaşýan adamlara çäräniň terbiýeçilik täsirini ýetirmek bolup durýar.

Ahlak bozulmalary barada maglumatlar we olar boýunça geçirilýän işler barada raýatlar jemgyýetçilik habar beriş serişdeleriniň üsti bilen habarly edilip durulmaly. Şeýle çemeleşmäniň raýatlara ýetirýän terbiýeçilik täsiri we ähmiýeti örän uludyr.

## 10.2. Ahlak çäreleri we olary durmuşa geçirmegiň mehanizmi bilen bagly çyzgylar




**1-nji çyzgy**

Ahlak çäresini onuň ýüze çykan ýerinde ulanmak bilen bagly esasy üns bermeli zatlarymyz

1. Ahlaksyz hereketleriň köpçülik bolup ýazgarylmagy örän wajyp

2. Ahlaksyz hereketlere ýol berýäni tanaýan adamlaryň onuň maşgalasyny, okaýan ýa-da işleýän ýerini habarly etmekleri örän wajyp

3. Ahlaksyz hereketler barada köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde jemgyýetçiligiň pikirini mälim etmeklik örän wajyp

4. Ahlaksyz herekete ýol bereniň okaýan ýa-da işleýän ýerinde onuň garşysyna görülen çäreler barada jemgyýetçiligi köpçülileýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen habarly etmeklik örän wajyp

**2-nji çyzgy**


Ahlak çäresi ýygnak geçirmek ýoly bilen ulanylanda esasy bilmeli zatlarymyz
1
Ýygnak ahlak bozujynyň okaýan, işleýän ýa-da ýaşaýan ýerinde geçirilýär
2
Ýygnak köpçüligiň gatnaşmagynda geçirilýär
3
Ýygnagyň çözgüdi oňa gatnaşyjylaryň sesleriniň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär
4
Ahlak bozujy ýygnagyň karary bilen nägile bolan halatynda, ýokarda duran edara, oňyn netije almadyk ýagdaýynda, kazyýete ýüz tutup biler
5
Esasly sebäpler bolan halatynda (syrkawlyk, iş sapary we ş.m.) ýygnagyň mejlisi başga güne geçirilip bilner
6
Ahlak bozuja görülen çäreler barada jemgyýetçilik köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen habarly edilmeli

**3-nji çyzgy**

## 10.3. Ahlak çäreleri we olary durmuşa geçirmegiň mehanizmi bilen bagly testler

**1. Ahlak çäreleri ulanylýar:**

a) bir etmiş - bir temmi;

b) bir etmiş - bir, iki we ondanda köp temmi;

ç) bir etmiş - bir ýa-da iki temmi;

d) bir etmiş - iki ýa-da birnäçe temmi.

*Hakykata has laýyk gelýän jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**2. Aşakda getirilenleriň haýsysynyň ahlak bozulma baha berlende düýpli ähmiýeti ýok?:**

a) nirede bolup geçdi;

b) kimler oňa gatnaşdy;

ç) gatnaşanlaryň ýaş tapawutlary nähili;

d) kimiň garşysyna edildi.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**3. Etmişliniň garşysyna ýygnakda çäre görlende aşakda görkezilenleriň haýsysy ýeňillik hökmünde göz öňünde tutulyp bilinmez?:**

a) ahlak bozulma birinji gezek ýol berlipdir;

b) etmişli bolan işe çyndan ökünýär;

ç) ýoldaşlary etmişlini gowy tarapdan häsiýetlendirýärler;

d) etmişli wezipede oturan adam.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**4. Awtobusda barýan ýetginjek zenan maşgala orun bermeýär. Onuň ýanynda oturan ýaşuly ýetginjegi ýazgaryp başlaýar. Gapdaldan biri ýetginje temmi diňe ýörite guralan ýygnakda berlip bilner diýip, ony saklaýar. Ýaşulynyň hereketinde ýalňyşlyk barmy?:**

a) ýok;

b) bar, temmi ýygnakda berilmäge degişli;

ç) ýok, temmi onuň bolan ýerinde-de, ýygnakda-da berlip bilner;

d) ýok, ýöne temmi haýsam bolsa bir tertipde berilmäge degişli.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**5. Ahlak bozulma ýygnakda nirede garalyp bilner, etmişliniň:**

a) etmiş eden ýerinde;

b) ýaşaýan ýerinde;

ç) okaýan ýerinde;

d) işleýän ýerinde.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**6. Etmişliniň zähmet çekýän ýerindäki işgärleriň näçe bölegi ýygnaga gatnaşanda ahlak bozulma garap bolýar?:**

a) aglaba bölegi;

b) ýönekeý köplügi;

ç) belli bir bölegi;

d) hemmesi.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**7. Ýygnagyň çözgüdini kabul etmek üçin oňa gatnaşyjylaryň näçesiniň sesleri gerek?:**

a) ýönekeý köplüginiň;

b) üçden iki böleginiň;

ç) aglabasynyň;

d) hemmesiniň.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**8. Ýygnagyň karary bilen nägile etmişli nirä şikaýat bildirip biler?:**

a) ýokarda duran edara;

b) kazyýete;

ç) ilki ýokarda duran edara, soňra kazyýete;

d) kärdeşler arkalaşygyna.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**9. Haýsy ýagdaýda ahlak bozulma boýunça geçirilýän ýygnagyň mejlisi başga bir güne geçirilip bilinmez?:**

a) etmişli iş saparynda bolsa;

b) etmişli doglan gününi belleýän bolsa;

ç) etmişli keselläp, bu ýagdaýam lukmanyň kepilnamasy bilen tassyklanan bolsa;

d) etmişli ýakynynyň ölümi sebäpli başga şähere gitmeli bolan bolsa.

*Dogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**10. Ahlak bozulma bilen bagly geçirilýän ýygnagyň maksady näme?:**

a) etmişlini dogry ýola salmak;

b) ýygnaga gatnaşýanlara onuň terbiýeçilik täsirini ýetirmek;

ç) ahlak bozulmanyň gaýtalanmagynyň öňüni almak;

d) adamlaryň wagtyny netijeli ulanmak.

*Nädogry jogaby tapyň we esaslandyryň.*

**Testleriň jogaplary:** 1-b; 2-ç; 3-d; 4-b; 5-a; 6-b; 7-a; 8-d; 9-b; 10-d.

# JEMLEME

Türkmen halkynyň ahlak kadalarynyň ulgamlaşdyrylmagynyň berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe watandaşlarymyzyň ahlagynyň has-da kämil ýagdaýa eýe bolmagyna, döwrebap özgermegine ähli babatda oňyn täsir etjekdigi hemmä düşnüklidir. Geçen ýylyň "Sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýyly" diýip yglan edilmeginde aýratyn bir many bar. Bilşimiz ýaly, ähli zadyň sakasy saglyk, şoňa görä-de, bu çagyryşda saglyk ilki gelýär. Sagdyn adamynyň bolsa, ruhy elmydama belent bolýar. Ahlagy kämilleşdirmek üçinem durmuşda ruhubelent adamlar gerek.

Durmuşda şeýle bir hakykat bar. Ynsanyň içki oý-pikirlerini, ýagny onuň ruhy dünýäsini görüp, duýup bilýän ýok. Her bir şahsyýetiň kalbyndakyny onuň diňe özi bilýär, bir-de Beýik Biribar. Şundan ugur alyp, eždatlarymyz: "Ýüpek donuň içinde ýagşy-ýaman tanatmaz" diýen bolmaly. Ynsanyň köňül-arzuwlary içinde ýerleşýän bolsa, onuň ahlagyny edebiniň üsti bilen daşyndan synlap bolýar. Ony her bir adam görüp hem-de oňa baha berip bilýär. Başgaça aýdylanda, ynsanyň ahlak ýüzüni onuň bilen gatnaşyga girip anyklap bolýar. Ýöne adam özüne ahlakly-edepli diýdirjek bolup gözboýagçylyk etmegi-de mümkindir, ýagny onuň aýdýanlary we hereketleri ýürekden gaýtman, kiçi dilden bärde-de bolup biler. Bu galplygy her kes duýmazam. Şeýle adamlar "Daşy jäjek, içi möjek" diýilýänleri bolmaly. Şu babatda K. Gurbannepesowyň juda ýerlikli aýdan şahyrana setirleri bar:

Daşyndan seretseň – durşuna edep,
Sözi-de, ýüzi-de giden bir mekdep.

Bir minut içine girip bolsady –
Tapmazdyň dünýäde şondan biedep (“Rubagylar”).

Mümkin bu syrly ýagdaýy ynsanyň diňe özi bilmegi zerur diýip, tebigatyň ýörite kebşirlän bolmagy-da ähtimal. Şu nukdaýnazardan adamyň içki we daşky dünýäsiniň sazlaşygyny gazanmak jemgyýet üçin möhüm ähmiýetli wezipe bolup durýar. Ynsan ahlaksyz amallardan daşda durmaga çalyşmaly, onuň aýdýanlary bilen iş ýüzündäki hereketleri deň gelmeli we päk kalbyndan gaýtmaly. Bu ugurda ýetilmeli baş maksadam gözel ahlagy kemala getirmek bolmaly. Bu netijäni diňe milli ahlak gymmatlyklarymyza daýanyp, göwnejaý ýola goýlan wagyz-ündew işleriniň üsti bilen gazanmak mümkindir. Diňe şeýle etmek bilen adamyň kalbyndaky “zir-zibilleri” arassalap, ony dogry, arassa-halal, abraý-mertebeli ýola gönükdirip bolar.

Ýene-de bir hakykata biziň göz ýetirmegimiz gerek. Diňe ahlagyň ýa-da diňe hukugyň kadalaryna esaslanyp jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek ýoly bilen jemgyýeti talabalaýyk dolandyrmak mümkin däl. Munuň özi adamlara “gowja bolalyň!” diýip hemmäni tertip-düzgünli edip bolmaz, edil şonuň ýaly-da bu maksada diňe mejbury çäreleri ulanyp ýetip bolmaz, ýetiläýende-de emeli döredilen tertip-düzgün uzak dowam etmez diýilmegini aňladýar. Şonuň üçin hem islendik jemgyýetiň öňünde ahlak-hukuk kadalarynyň sazlaşygyny gazanmak wajyp wezipe bolup durýar. Diňe şeýle çemeleşmäniň netijesinde jemgyýetde arzuwly erkana ýaşaýşy üpjün edip bolar hem-de ähli ugurlarda jemgyýeti özgertmek boýunça zerur şertler we mümkinçilikler döredilер.

Jemgyýetiň ahlagy ýokarlandygyça, adamlarda kanunlara hormat artmaly hem-de olar gyşarnyksyz berjaý edilmeli. Şu şertlerde şahsy gatnaşyklary düzgünleşdirmekde ahlagyň kadalaryna ynamly ýykgyn edilip bilner, ýöne munuň özi hiç kimiň hak-hukuklarynyň kemsidilmegine getirmeli däl. Islendik ýagdaýda perzendiň ata-enesini ekläp-saklamakdan ýüz öwürmäge haky ýokdur. Adamyny ýaramaz endiklerden ilkinji nobatda ahlak kadalarynyň kömegi bilen saklap hem-de ony dogry ýola ugrukdyryp bolar.

Görşümiz ýaly, häzirki zamanda jemgyýetiň kämil ahlakly bolmagyny gazanmak strategik ähmiýetli mesele bolup durýar. Jemgyýetiň syýasy durnuklylygy, ykdysady kuwwatlylygy, ygtybarly ösüşleri, asudalygy, erkanalygy, ilat arasynda tertip-düzgüniň üpjün edilmegi gönüden-göni jemgyýetiň ahlak kämilliginiň derejesine baglydyr. Şu ýerde şeýle bir hakykata anyk düşünmegimiz örän wajyp. Durmuşda ilki ahlak borçlary bozulyp, soňra hukuk borçlary bozulyp bilner. Diýmek, eger-de ahlak borçlary birkemsiz berjaý edilýän bolsa, onda hukuk borçlary hem aglaba ýagdaýda meýletin ýerine ýetiriläýmeli.

Ahlakly jemgyýet – ähli babatda nusgalyk jemgyýetdir. Kämil ahlakly jemgyýetde ähli ugurlarda ygtybarly ösüşler gazanylýar, şahsy we jemgyýetçilik bähbitleriniň sazlaşygy üpjün edilýär, asuda-bagtyýar ýaşaýyş höküm sürýär. Türkmen jemgyýetine kämil ahlak häsiýetlerini has-da netijeli ornaşdyrmak babatda Magtymguly atamyzyň şu şahyrana setirlerini ýatlap durmagymyz wajypdyr: “Ýagşy gylyk duşmanyňy dost eýlär, gylygyň bet bolsa, işiň jeň bolar” (“Gara reň bolar”).

**S.S.** Her bir ynsan ahlak kadalaryna hormat goýup ýaşanda, onuň durmuş ýolunyň her bir güni şol adamyň özi we töweregi üçin juda lezzetli hem haýyr-sogapda geçýär. Şoňa görä-de, ahlak garaýyşlarymyzy şu pikir bilen jemläsimiz gelýär: “Adam ömrüniň şatlykda geçirilen bir güni ýyla barabar, gaýgy-gamda geçirilen bir ýyly – güne”. Başgaça aýdylanda adam üçin: “Bimany ömür çalt geçýär, manyly ömür uzak dowam edýär”. Biz Siziň her biriňize uzak ömür sürmekligi arzuw edýäris...

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam üçindir – A., 2008.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Älem içre at gezer. – A., 2011.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet guşy. – A., 2013.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar. – A., 2017.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Enä tagzym – mukaddeslige tagzym. – A., 2018.

6. Paýhas çeşmesi. – A., 2016.

7. Paýhaslar çemeni. – A., 2012.

8. Türkmeniň gadymdan gelýän milli dini adatlary. – A., 2006.

9. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. Iki tomluk. – A., 2016.

10. Ajaýyplyklaryň düri. – A., 2004.

11. Ýagşyzadalaryň bahary. – A., 2004.

12. Kowusnama. – A., 2013.

13. Müň hadys. – A., 1993.

14. Huseýin Käşifi. Muhsynyň ahlagy. – A., 2012.

15. Magtymguly. Eserler ýygyndysy. Iki tomluk. – A., 2013.

16. Mollanepes. Goşgular. – A., 2010.

17. Zelili. Goşgular. – A., 2011.

18. Seýdi. Goşgular. – A., 2011.

19. *Gurbannepesow K.* Goşgular. – A., 2010.

20. *Eziziow G.* Goşgular. – A., 2010.

21. *Annasähedow G.* Türkmen milli pähimleri we olaryň terbiýeçilik ähmiýeti. – A., 2015.

22. *Gylyjow R.* Türkmenler hakda ýüz hekaýat. Edebiýat we sungat. 2012-2013 ýý.

23. *Goçyýew T.D.* Ahlak kadalarynyň jemgyýetçilik ähmiýeti. – A., 2016.

## MAZMUNY


Giriş. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

I BAP
MAŞGALA GATNAŞYKLARYNYŇ AHLAK KADALARY

1.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän
esasy gatnaşyklar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 12
1.2. Maşgala gatnaşyklarynyň ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar . . . 26
1.3. Maşgala gatnaşyklarynyň ahlak kadalary bilen bagly testler . . . . . 35

II BAP
MEKDEP DÖWRÜNIŇ AHLAK KADALARY

2.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän esasy gatnaşyklar. . .43
2.2. Mekdep döwrüniň ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar . . . . . . . . . 62
2.3. Mekdep döwrüniň ahlak kadalary bilen bagly testler . . . . . . . . . . . 77

III BAP
ZÄHMET GATNAŞYKLARYNYŇ AHLAK KADALARY

3.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän
esasy gatnaşyklar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 84
3.2. Zähmet gatnaşyklarynyň ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar . . . . 94
3.3. Zähmet gatnaşyklarynyň ahlak kadalary bilen bagly testler . . . . . 104

IV BAP
JEMGYÝETÇILIK ÝERLERINDE ÖZÜŇI ALYP BARMAGYŇ
AHLAK KADALARY

4.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän
esasy gatnaşyklar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 108
4.2. Jemgyýetçilik ýerlerinde özüňi alyp barmagyň ahlak kadalary bilen
bagly çyzgylar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .116
4.3. Jemgyýetçilik ýerlerinde özüňi alyp barmagyň ahlak
kadalary bilen bagly testler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 122

**V BAP**
**JANLY-JANSYZ TEBIGAT BILEN GATNAŞYK SAKLAMAGYŇ AHLAK KADALARY**

5.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän esasy gatnaşyklar . . . 127
5.2. Janly-jansyz tebigat bilen gatnaşyk saklamagyň ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar . . . 133
5.3. Janly-jansyz tebigat bilen gatnaşyk saklamagyň ahlak kadalary bilen bagly testler . . . 137

**VI BAP**
**DÖWLET BILEN RAÝATLARYŇ ARASYNDAKY GATNAŞYKLARY HÄSIÝETLENDIRÝÄN AHLAK KADALARY**

6.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän esasy gatnaşyklar . . . 141
6.2. Döwlet bilen raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar . . . 152
6.3. Döwlet bilen raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ahlak kadalary bilen bagly testler . . . 161

**VII BAP**
**GOŇŞY WE MYHMAN GATNAŞYKLARYNYŇ AHLAK KADALARY**

7.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän esasy gatnaşyklar . . . 166
7.2. Goňşy we myhman gatnaşyklarynyň ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar . . . 172
7.3. Goňşy we myhman gatnaşyklarynyň ahlak kadalary bilen bagly testler . . . 180

**VIII BAP**
**TOÝ-ÝAS GATNAŞYKLARYNYŇ AHLAK KADALARY**

8.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän esasy gatnaşyklar . . . 184
8.2. Toý-ýas gatnaşyklarynyň ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar . . . 189
8.3. Toý-ýas gatnaşyklarynyň ahlak kadalary bilen bagly testler . . . 197

## IX BAP
## UMUMY HÄSIÝETLI AHLAK KADALARY

9.1. Ahlak kadalary bilen şu ugurda düzgünleşdirilýän esasy gatnaşyklar . . . . . 201
9.2. Umumy häsiýetli ahlak kadalary bilen bagly çyzgylar . . . . . 223
9.3. Umumy häsiýetli ahlak kadalary bilen bagly testler . . . . . 239

## X BAP
## AHLAK ÇÄRELERI WE OLARY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MEHANIZMI

10.1. Ahlak çäreleri we olary durmuşa geçirmegiň mehanizmi bilen bagly düzgünleşdirilýän gatnaşyklar . . . . . 249
10.2. Ahlak çäreleri we olary durmuşa geçirmegiň mehanizmi bilen bagly çyzgylar . . . . . 251
10.3. Ahlak çäreleri we olary durmuşa geçirmegiň mehanizmi bilen bagly testler . . . . . 254
Jemleme . . . . . 257
Peýdalanylan edebiýatlar . . . . . 260

*Taganmyrat Goçyýew*

# TÜRKMEN HALKYNYŇ AHLAK KADALARYNYŇ ULGAMY

*Ylmy-köpçülikleýin neşir*


| | |
|---|---|
| Redaktor | *S. Ärnazarow* |
| Teh. redaktor | *T. Aslanowa* |
| Kompýuter bezegi | *S. Rahmanberdiýewa* |

Çap etmäge rugsat edildi 19.11.2018.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$. Edebi garnitura.
Çap listi 16,5. Şertli-çap listi 15,34. Hasap-neşir listi 7,09.
Neşir №63. Sargyt №160. Sany 1000.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" çaphanasy.
744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan köçesi, 15.